

Eleanor PORTER

# POLLIANNA

**(Roman)**

Size hödürlenýän «Pollianna» eseri ilkinji gezek baryp 1913-nji ýylda neşir edilipdi. Şeýle seredeniňde ýoňsuzja wagt geçipdir. Ýöne, muňa garamazdan, bu kitabyň gadyr-gymmaty ýyl-ýyldan artyp gidip otyr. Has dogrusy, belli amerikan ýazyjysy Eleanor Porteriň (1868-1920) «Polliannasy» çykan gününden diýen ýaly nusgawy çagalar edebiýatynyň dünýä genji-hazynasyna goşuldy.

«Polliannany» okanlar, megerem, oýa batsa gerek. Hakykatdanam, eser ulyny-da, kiçini-de biparh galdyrmaýar.

Eýsem, ilki çykan döwründen başlap, häzirki wagta çenli gereklenýän, arzysy gaçmaýan bu kitap näme hakdaka?

Eseriň baş gahrymany ýetim gyzjagaz. Ol ilki ejesinden, soňra kakasyndan jyda düşýär. Ýöne ruhdan düşmeýär. Iň jygba-jygly, çylşyrymly pursatlarda-da durmuşyň begenip bolaýjak tarapyny tapmagy başarýar. Ähli ýagdaýlarda-da gowy zatlary gözlemegi beýlekilere hem öwredýär. Saý-sebäp bilen bu ýetim gyzjagaz daýzasynyň howandarlygynda galýar. Ýaşaýşyň hözirini görüp bilmedik daýzasynyňam agyr häsiýetleri ýetik. Ýöne Pollianna özüniň sadalygy, ýönekeýligi, göwnaçyklygy, durmuşa, töweregindäkilere çäksiz söýgüsi bilen daýzasynyň «doňuny çözmegi» başarýar. Hatda özi ýol heläkçiligine uçrap, otura bolup galanda-da – şonda-da begenmäge ýş tapýar.

Eserde pikir uşlyby gapma-garşylykly wakalar arkaly düzülip gidilýär, gahrymanlaryň keşbi ynandyryjy suratlandyrylýar.

Birnäçe nesliň elinden düşmeýän bu kitap biziň okyjylarymyzyň-da göwnünden turar diýen tamamyz bar. Eser asyl nusgasyndan – iňlis dilinden terjime edildi.

## I bölüm

### Hanym Polli

Iýun aýynyň şol güni säher bilen, aslynda, özüne hemişe erk edip bilýän, örän äwmezek hasaplanýan hanym Polli Harriňton aşhana adatdakysyndan has howlukmaç girdi.

Nowajykda gap-gaç ýuwup duran Nensi onuň elemtas bolup gelşine geň galdy. Bu gyz hanym Polliniň aşhanasynda bary-ýogy iki aýdan bäri işleýänem bolsa, gysga wagtyň içinde hanymyň ähli gylyk-häsiýetine belet bolup ýetişipdi.

— Nensi! — diýip, hanym gyza ýüzlendi.

— Hawa, hanym — diýip, Nensi elindäki küýzäni süpürip durşuna, keýpiçag seslendi.

— Nensi! — diýip, ikilenç gaýtalan hanym Polliniň äheňi bu gezek gaharlyrak çykdy. — Seň bilen gepleşip durkam, işiňi goýup, ilki bilen, meni ünsli diňlemäni öwren!

Nensi utanjyndan gyzardy. Ol küýzäni üstündäki desmaly bilen bilelikde ýerde goýmaga çemeleşende, tasdanam ony elinden gaçyryp döwüpdi. Muňa Nensi hasam aljyrady.

— Hawa, hanym! Bolar, hanym! — diýip, Nensi sakynyp durşuna, ýykylan küýzäni dikeldip, çalasynlyk bilen yzyna öwrüldi. — Hapa gap-gaçlary irgözinden ýuwup goýmagy tabşyranyňyz üçin, işlerimi çaltrajyk dynaýaýyn diýdim.

Hanym Polli gaşlaryny çytdy:

— Bes etsene, Nensi! Şu wagt senden «Näme işleýäň?» diýip soramog-a! Diňe meni dykgat bilen diňle diýýän.

— Ýagşy, hanym — diýip, Nensi uludan demini aldy. Öz ýanyndan bolsa «Bu aýala hiç ýaranyp boljak däl-ow» diýip pikirlendi. Nensi mundan ozal hiç haçan hiç ýerde işläp görmändi. Ýöne özünden başga ýene üç sany ýaş çagasy bolan ýarawsyz ejesiniň duýdansyz dul galmagy sebäpli, ol ejesine goldaw bermek maksady bilen, işiň gözlegine çykypdy. Baýryň depesindäki äpet jaýyň aşhanasyna işe ýerleşende, begenjinden ýaňa guş bolup uçaýjak bolupdy. Bu öýden alty mil uzaklykda ýerleşýän Korner obajygynda ýaşaýan Nensi köne Harriňton mülküniň ýeke-täk hojaýyny bolan hanym Pollini şäheriň iň gurply, mylakatly ýaşaýjylarynyň biri hasaplaýardy. Dogry, ol iki aý mundan ozal şeýle pikirdedi. Häzir welin, Nensi üçin pyçak ýere gaçsa-da, gapy gatyrak ýapylsa-da hüňürdäp ugraýan, gapylar ýapyk, pyçaklar ýerli-ýerindekä-de ýüzi kokuşyp duran hanym Polliden doňýürek, yzgytsyz adam ýokdy.

— Bärdäki işleriňi dynaňsoň... — diýip, hanym Polli sözüni dowam etdi. — Üçekdäki kiçi otagy arassalada, ol ýere çaga ýatalgasyny goý. Sandykdyr gutulary çykaryşdyraňsoň, tamy gül ýaly edip syryp-süpür.

— Bolýa, hanym! Onsoň çykaran zatlarymy nirä ýerleşdireýin?

— Öň tarapky üçekde goýaý.

Soňra hanym Polli biraz sägindi-de:

— Men saňa ýene bir zat aýdaýyn, Nensi — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi. — Bize ýegençim hanym Pollianna Witýer gelýä, özem indi bizde ýaşamakçy. Ol on

**ELEANOR PORTER**



(1868 — 1920)

Amerikaly çagalar ýazyjysy Eleanor Porter Birleşen Ştatlaryň Nýu-Hempşir ştatynyň Littlton şäherinde dünýä inýär. Eleanor çagalykdan saza imrinýär, hemmeler ol aýdymçy bolup ýetişer öýdüpdirler. Ol ýerli mekdebi tamamlap, Boston konserwatoriýasynda aýdym-saz ugrundan bilim alýar hem-de kilise we dünýewi hor toparlarynda üstünlikli çykyş edýär. Ol 1892-nji ýylda işewür Jon Liman Portere durmuşa çykyp, Massaçusetse göçüp barýar hem-de aýdym-sazdan daşlaşýar. Soňra ol Nýu-Ýorka göçýär. Bu ýerde Eleanor hekaýalar ýygyndylaryny we «Garşylyklaýyn akymlar» (1907) atly ilkinji romanyny döredýär. Romanyň okyjylar köpçüliginiň söýgüsine mynasyp bolmagy ony täze-täze eserler döretmäge gylawlandyrýar. Indiki ýyl onuň «Özgerişlikler» atly romany çap edilýär. 1911-nji ýylda Porter «Hanym Billi» powestini okyjylara ýetirýär. Üstünlikler Eleanory hasam ganatlandyrýar. 1913-nji ýylda bolsa ýazyjy zenana dünýä edebiýatynda öçmejek şöhrat getiren «Pollianna» eseri çap edilýär. Bu eseriň gazanan üstünligi diýip-aýdar ýaly bolmaýar. Eser 1920-nji ýyla çenli 47 gezek gaýtadan neşir edilip, hatda onuň millionlarça nusgalygy hem okyjylaryň islegini kanagatlandyryp bilmeýär.

Porter öz döredijilikli ýyllarynyň dowamynda gysgajyk hekaýalaryň dört jildini hemem çagalar we ulular üçin on dört romany okyjylara ýetirýär. Olardan iň bellileri «Ýönekeý Dewid» (1916), «Ylalaşyga barýan ýol» (1917), «Ah, pul, pul!» (1918), «Säher» (1919), «Meri-Meraýýa» (1920) atly eserlerdir.

Eleanor Hodjman Porter 1920-nji ýylyň 21-nji maýynda aradan çykýar.

bir ýaşynda. Ýegençim şol otagda bolar.

Jigileriniň öz öýlerini alaýaz edişi ýadyna düşen Nensi:

— Kiçijik gyz... bu ýere gelýärmi, hanym Harriňton?! Gowudygyny! — diýip, birden gygyranyny duýman galdy.

— Gowudygyny diýdiňmi? Nämesi gowumyş oň? — diýip, hanym Polli bada-bat oňa garşy çykdy. — Elbetde, öňünden taýýarlananyň ýagşy. Umuman, men gowy zenan. Iň bolmanda, şeýlemikäm-ä diýýän. Onsoňam men öz borjumy gowy bilýän.

Nensi boz-ýaz boldy:

— Dogry, hanym. Men ýöne bu ýerde bir kiçijik gyz bolsa, öýüňiz görküne gelerdi diýip oýlandym.

— Sag bol! — diýip, hanym Harriňton sowuk-sala gürledi. — Ýöne özüm-ä durmuşymda üýtgeşiklik bolup duranyny isläp baramok.

Kiçijik hem hossarsyz galan gyzjagazy gowy garşylamak üçin gerekli taýýarlyklary görmegiň pikirini edip duran Nensi:

— Her näme-de bolsa... siz... siz gyzjagazyň öz ýanyňyza gelerini islediňiz ahyry?.. Şeýle dälmi? Näme diýseňizem, ol mähriban uýaňyzyň çagasy ahyryn — diýip, özüne dahylly bolmadyk meselä goşulanyny özem duýman galdy.

Hanym Polli ulumsylyk bilen başyny galdyrdy.

— Hawa, sen mamla, Nensi. Uýamyň kelesaňlyk edip durmuşa çykany sebäpli, şonsuzam çagalardan ýaňa jagyl-da-jugul bu dünýä ýene bir gyzjagazy getireni üçin, men, ynha, şeýle mejbury ýagdaýa düşdüm oturyberdim. Özüme galsa-ha, olara hiç haçan göz-gulak bolmazdym. Ýöne ýaňam aýdyşym ýaly, men öz borjuma gowy düşünýän — diýip, hanym Polli sözüni jemledim etdi. Ol aşhanadan çykyp barşyna:

— Otagyň burçlarynam arassalamagy unutmagyn, Nensi! — diýip, gödek gürledi.

— Bor, hanym! — diýip, uludan demini alan Nensi ýaňy elinden gaçyran küýzesini gaýtadan ýuwmaga durdy. Öz otagyna baransoň, hanym Polli iki gün mundan ozal uzak günbatar illerinden gelip, özüne garaşylmadyk şum habary ýetiren haty gaýtadan okap çykdy. Hat Beldiňswil salgysy boýunça Polli Harriňtonyň adyna iberilipdir. Onuň mazmuny şeýledi:

*«Gadyrly hanym!*

*Men Rew. Jon Witýeriň iki hepde mundan ozal bir çagany — on bir ýaşlyja gyzy ýalňyz goýup, dünýäsini täzelänini gynanç bilen habar berýän. Jondan birnäçe kitapdan başga hiç zady galmady. Onuň kiçeňräk bir kilisäniň ruhanysy bolanyny hem ujypsyzja aýlyga ýaşanyny özüňizem bilýänsiňiz.*

*Meniň bilşime görä, ol siziň merhum uýaňyzyň ýanýoldaşydy, ýöne ol maňa maşgalalaryňyzyň arasynyň gowy däldigini-de duýduryp ýetişdi. Onda-da ol uýaňyzyň hatyrasyna gyzjagazy ýanyňyza alarsyňyz hem ony gündogarda, öz ýakynlaryňyň arasynda terbiýelärsiňiz diýip umyt bildirdi. Men size şol sebäpli bu haty ýazýan.*

*Haty alanyňyzda gyzjagaz ýola düşmäge taýýar bolar. Eger ony kabul etmek niýetiňiz bar bolsa, bu hakda öňünden habar bermegiňizi haýyş edýäris. Sebäbi bu ýerde bahym gündogara ýola düşmekçi bolýan bir maşgala bar. Olar gyzjagazy ýanlary bilen Bostona äkiderler, şol ýerden hem Beldiňswile gidýän otla mündürerler. Elbetde, Polliannanyň haýsy otly bilen haýsy gün ol ýerde boljagy hakda size goşmaça habar bereris.*

*Gelen netijäňiz hakda ýakyn günlerde sizden hoş habar eşideris diýip umyt edýäris.*

*Hormatlamak bilen,*

*Jeremaý O. Waýt».*

Hanym Polli gaşyny çytyp, haty epledi-de, ony bukjasyna saldy. Çagany kabul etmäge taýýardygyny aýdyp, düýn bu hata jogap iberipdi. Ol öz borjuna gowy düşünýändirin öýdüp pikir edýärdi. Nähili kyn düşýänem bolsa, öz borjuny ýerine ýetirer.

Elindäki hat bilen oturgyjyň üstüne çökende, gyzjagazyň ejesi, ýagny uýasy Jenni göz öňüne geldi. Uýasy ýigrimi ýaşly gyzka, ene-atasynyň gaňryşyna gaýdyp, ýaş ruhana durmuşa çykmak isläpdi. Ýogsa şol mahal oňa bir gurply kişi öýlenjek bolup sözem aýdyp ýördi. Ene-atasy hem onuň ruhana durmuşa çykanyndan, şol adama baranyny gowy görýärdi. Jenni welin, oňa durmuşa çykmak islemeýärdi. Ruhanynyň arzuwlardandyr höweslerden doly ýaş başy, söýgüden pürepür ýüregi bardy, baý kişiniň welin, pulunyň köp bolşy ýaly, ep-eslije ýaşam bardy. Jenni ähli zatdan beter söýgini ileri tutdy. Bu, aslynda, tebigy zat... Şeýlelikde, Jenni ruhana durmuşa çykdy hem-de adamsy bilen uzak günorta gitdi.

Şondan soň Jenni bilen olaryň gatnaşygy kesildi. Maşgalanyň körpesi hanym Polli şol mahallar on bäş ýaşyndady, ähli bolup geçen zatlar onuň şu günki ýaly ýadyndady. Ata-enesiniň ruhanynyň maşgalasy bilen kän bir gatnaşyk saklap duraslary gelmedi. Jenniniň özi arany sazlajak bolup, birnäçe gezek hat iberipdi. Şol hatlarynyň birinde soňky çagasyna gyz jigileri Polliniňdir Annanyň atlaryna ýanap, Pollianna dakýandygyny ýazypdy. Onuň beýleki bäbekleriniň hiçisi-de durmandyr. Bu onuň iň soňky haty bolupdy. Birnäçe ýyldan soň, onuň dünýäden gaýdandygy hakynda habar geldi. Günbatardaky kiçiräk şäherçeleriň birinde ýaşaýan, hasratdan ýaňa bükülen ruhanynyň özi bu habary gysgajyk hatyň üsti bilen iberipdi.

Ýöne heňňam külpetleri baýryň üstündäki äpet

öýüň ýaşaýjylary üçin şunuň bilen gutaraýmandy. Hanym Polli aşakdaky giň oýluk ýere garap durşuna, şu geçen ýigrimi bäş ýylyň özüni nähili özgerdendigi hakda oýlandy.

Kyrk ýaşy arka atan hanym Polli bu dünýäde ýalňyz galypdy. Ýakynlarynyň ählisi birmahal dünýäden ötüpdi. Ol ençeme ýyl bäri kakasyndan galan malmülküň hem bu öýüň ýeke-täk mirasdarydy. Onuň ýalňyz durmuşyna aç-açan gynanç bildirip, oňa ýanýoldaş ýa-da syrdaş edinmegi maslahat berýän kişilerem bardy. Ýöne hanym Polli olaryň ne gynanjyny, ne-de maslahatyny kabul edýärdi. Gaýtam, ol özüniň ýalňyzlygy, rahatlygy halaýandygyny tekrarlardy. Ýöne indi...

Hanym Polli gaşlaryny çytyp, dodaklaryny pugta ýumup, ör-boýuna galdy. Elbetde, ol özüniň adamkärçilikli zenandygyna halys ynanýardy. Ol diňe bir öz borjuny gowy bilmän, eýsem, munuň şeýledigini subut edip biljek tutanýerli häsiýete eýedi... Pollianna!.. Nähili gülkünç at! Çaga beýle bolgusyz at dakmak nädip kellelerine gelip ýörkä?

## II bölüm

## Goja Tom we Nensi

Nensi ilki üçekdäki kiçijik otagy tutuşlygyna syryp-süpürdi, soňra onuň ähli ýerini, aýratynam, burçlaryny yhlas bilen dyrmalap çykdy. Öz işine ýüregi bilen ýapyşýan wagtlary az bolmasa-da, kir-kimirleri aýyrmaga gezek gelende, onuň onçakly ilgezikligi ýokdy... Bikesinden çekinýän, onuň sözünden çykyp bilmeýän Nensi hem birkemsiz gözel däldi.

Ol çüňkdäki çaň-tozany susguja ýygnap durşuna, gaharlanyp:

— Men... men... bu... bu burçlary seniň janyňdan sogrup alsamdym — diýýärdi-de, sözleriniň arasyny bölüp-bölüp, pyşyrdabrak gürleýärdi. — Arassalaýmaly, ýaşamaga şundan başga-da has oňaýly ýerler känkä... Aý, hawa-da, hawa-da. Onuň bar aladasy neresse çagany aýaga çolaşyp ýörmez ýaly, bu yssy otaga gabap goýmak... Bu ýerde gyşyna ýakar ýaly diwar pejem-ä ýok. Beýle äpet öýüň içinden şundan başga ýer tapylan däldir-ow! Hakykatdanam, çaga bu öýde artykmaç ýük hasaplanylýar. U-uf! — diýip, Nensi desmally elini bat bilen ýere urdy welin, barmaklary syzlap gitdi.

— Eger şu öýde artykmaç bir zat bar bolsa, ol çaga däl-de...

Nensi birsalym sessiz-üýnsüz işledi. Işini bitirdim edensoň, kiçijik boş otaga ýigrenç bilen nazar aýlady.

— Hawa... her niçik bolsa-da, özüme tabşyrylan işi-hä ýerine ýetirdim — diýip, ol uludan demini aldy. — Otagy gül pürkülen ýaly etdim. Kirşen galan däldir... Wah, petigara gyzjagaz!.. Öýüni küýseýän, ýalňyz çaga üçin gowy ýer bolaýşyny!

Ol otagdan çykyp barşyna gapyny şarkyldadyp, bat bilen ýapyp goýberdi. Başda Nensi gapyny batly ýapanyna dodagyny dişläp:

— Wah-eý! — diýip gynandy. Soňra:

— Aslynda, bikäme geregem şü. Eşidip, goý, biraz içi tütesin — diýip ýylgyrdy.

Şol gün Nensi bagda haşal otlary goparyşdyryp, üstünden sansyz ýyllar geçen topragy agdaryşdyryp, ýodajyk çekip ýören goja Tom bilen birsalym gümürýamyr etdi:

— Jenap Tom! — diýen Nensi özüniň diňlenýändigine göz ýetirjek bolup, çalasynlyk bilen oňa egnaşyr göz aýlady. — Hanym Pollilere ýaşamak üçin kiçijik gyzjagazyň gelýändiginden habaryňyz barmy?

Goja kynlyk bilen bilini ýazdy.

— Näme diýdiň?

— Kiçijik gyzjagaz gelýä diýdim... ol hanym Pollilerde ýaşamaga gelýä.

Oňa ynanmazçylyk eden goja Tom:

— Degişmäň yzynam aýdaweri — diýip ýylgyrdy. — Munça bolanyna görä, ertir Gün günortada ýaşýarmyşam diý.

— Men oýun edemok. Gara çynym. Muny maňa bikämiň özi elinjek aýtdy. Şol geljek gyzjagaz ýegençisimiş. Özem on bir ýaşyndamyş.

Goja Tom agzyny açyp, aňkarylyp galdy.

— Hany, dur-dur... Indi ýadyma düşdi... Pikir edýän welin... — diýip pyşyrdap durşuna, onuň solgun ýüzi birdenkä ýagtylyp gitdi. — Ol... ol bolup bilse, hanym Jenniň gyzy bolmaly. Gyzlaryň şondan başga hiç haýsysy durmuşa çykmandy. Gitjek ýeri ýok, ol hanym Jenniň gyzydyr. Görsene muny! Bu çöňňelişen gözleriň beýle zady görüp biljegine ynanar ýaly däl.

— Hanym Jenni diýýäniňiz kim?

— Ol behiştden inen bir perişde ýalydy — diýip, goja mähir bilen gürledi. — Ýöne öňki hojaýyndyr hanym ony diňe gyzlarynyň ulusy hökmünde tanaýardy. Jenni durmuşa çykanda ýigrimi ýaşyndady. Onuň bu ýerden gidenine ençeme ýyl boldy. Jenniň bäbekleriniň hiç haýsysy durmandy. Eşidişime görä, soňky çagasy dirimiş. Bu ýere gelýänem şol çagajyk bolmaly.

— Ol on bir ýaşyndamyş.

— Ahmal.

— Gyzjagaz üçekde ýaşamaly boljak...

Nensi egnaşyr öýe tarap garap:

— Bikämiň beýle doňýürekdigine haýran galýan! — diýip käýinjiredi.

Gojanyň gaşlary birbada çytylan ýaly bolsa-da, sä-

hel salymdan onuň ýüzünde ýylgyryş alamatlary peýda boldy.

— Hanym Polli beýle äpet öýde o çaga bilen nädip oňşarka?

— H-m-m! Çaga bu öýde hanym Polli bilen nädip oňşarka?

Goja Tom loh-loh güldi.

— Görýän welin, seniň hanym Pollini o diýen sulhuň alyp baranok öýdýän.

— Hamala, kimdir baryňyň ony sulhy alyp barýan ýaly?!

Goja Tom birgeňsi ýylgyryp, bilini epdi-de, ýene işine gümra boldy.

— Ýogsa-da sen hanym Polliniň aşyk bolşuny eşiden däl bolsaň gerek?!

— «Aşyk bolşuny» diýdiňizmi?! Hanym Pollimi?! Bolup bilmez! Muny diňe men däl, hiç kimem eşiden däldir.

Goja Tom:

— Şony senden başga bilmeýän ýok — diýip baş atdy. — Onuň aşyk bolan ýigidi häzirem aýatda diri, şu şäherde ýaşap ýör.

— Kimkä ol?

— Muny welin aýdyp biljek däl. Beýle zatlary aýdyp ýörmegi gelşiksiz hasaplaýan...

Goja bilini ýazdy. Onuň jaýa gönügen göm-gök göreçlerinde wepadar hyzmatçynyň uzak ýyllar ýürekden söýüp hyzmat eden maşgalasyna bolan guwanç alamatlary bardy.

Nensi:

— Ýöne bu bolmajak zat... Hanym Polli, onuň söýgülisi... — diýip ynanmazçylyk etdi.

Goja Tom başyny ýaýkap:

— Sen hanym Pollini meniň tanaýşym ýaly tanaňog-a — diýdi. — Birmahal ol gaty owadan gyzdy. Häzirem edil öňküsi ýaly gelşikli bolup bilerdi... eger özi islese.

— Gelşikli bolup biler diýdiňizmi?! Hanym Pollimi?! Nädip?

— Hawa. Eger ýokaryk ýygnan saçlaryny öňküleri ýaly ýaýradyp goýberse, owadan güljagazly şlýapajykdyr tor nagyşly, her dürli akja reňkli şekiljiklerden doly köýnek geýse... onuň nähili owadan bolýandygyny görerdiň. Hanym Polli seň pikir edişiň ýaly garram däl, Nensi.

— Dogrudanam, şeýlemi? Ýöne ol garrysyramagyha başarýa... Hawa... şon-a oňarýa.

— Hawa, başarýa. Bilýän. Bu ýagdaý şonda başlapdy... halaşýan ýigidi bilen arasyna tow düşende başlapdy. Şondan bäri onuň bolup ýörşi, göýä, ýandak iýýäniňki ýaly. Hemişe gaharly, doňýürek.

— Oň doňýürek kemi ýok — diýip, Nensi gaharly makullady. — Bütinleý mähir-muhabbet ýok. Näçe jan edäý... Eger-de berýän haky gowy bolmadyk bolsady, öýümizde-de pula mätäçlik bolmasady, onda bu ýerde bir pursadam durmazdym. Ýöne bir gün... haçanam bolsa bir gün... bärden goşumy alyp giderin... Şeýden günümem... hawa... şeýtsem gowy bolar... Meň üçin gowy bolar... Dogry bolar.

Goja Tom başyny ýaýkady.

— Bilýän. Men bilýän. Bu bir bolmajak zat... çagany bärik getirmek... gowy pikir-ä däl. Maňa «hä» diýäýgin. Munuň soňy gowulyk bilen gutarmaz.

Ol şeýle diýip, çal başyny aşak egdi-de, gaýtadan işine gydyrdandy. Birdenem öý tarapdan:

— Nensi! — diýen gödek ses eşidildi.

— Barýan, hanym — diýip, ýöwsellik bilen jogap gaýtaran Nensi öýe tarap ýüwürdi.

## III bölüm

### Polliannanyň gelmegi

Polliannanyň Beldiňswile 25-nji iýunda, ir sagat $4^{00}$-da geljekdigini habar berýän tizhabar öz wagtynda gowuşdy. Haty okap çykan hanym Polli gaşlaryny gerdi-de, üçege galdy. Basgançaklar bilen ýokaryk münüp barýarka-da onuň çytyk ýüzi açylmady.

Otagda tertipli düşelen kiçiräk düşekçe, dim-dik arkaly iki sany oturgyç, el-ýüz ýuwulýan gap, aýnasyz pessejik ýşgap we kiçiräk stol bardy. Üçegiň penjireleri perdesiz, diwar bolsa suratsyzdy. Üçekden uzakly gün içerik Gün şöhlesi düşüp duransoň, kiçijik otag gyzaryp duran peje çalym edýärdi. Siňek geçmez ýaly edilen örtük bolmansoň, penjireleriň hem hiç biri açylmandy. Häzir penjiräniň aýnasynda ullakan siňek aldygyna wyzzyldap, bir aşak, bir ýokaryk urunýardy.

Hanym Polli siňegi öldürip, ony penjireden daşaryk zyňyp goýberdi. Ol siňegi zyňmak üçin çalaja galdyran penjiresini ýapdy, soňra oturgyjy ýerinde goýdy-da, gaşlaryny çytyp, otagdan çykdy.

Sähelçe salymdan aşhananyň işiginde peýda bolan hanym Polli:

— Nensi! — diýip gygyrdy. — Men ýokarda, Polliannanyň otagynda siňek gördüm. Diýmek, penjire açylypdyr. Örtük sarypdym, şolar gelýänçä, penjireler açylmasyn. Ýegençim ertir irden sagat dörtde gelýä. Sen ony demir ýol menzilinde garşy alarsyň. Timoti seni üsti açyk paýtunda äkider. Maňa iberilen tizhabarda onuň sary saçlydygy, özüniňem gyzyl gözenek çyzmykly, gyzyl köýnekli, sypal şlýapaly boljakdygy ýazylypdyr. Bar bilýän zadym şular. Ýöne ony tanamak üçin şularam ýeterlik bolarmyka diýýän. Sen ony şonsuzam tanarsyň-la.

— Bor, hanym! Ýöne... siz...

Hanym Polli onuň näme diýmek isleýändigini aňanbolarly, bada-bat gaşlaryny çytdy.

— Ýok, men oňjak. Meň garşylap durmagym hökman dälmikä diýýän. Bar aýtjak zadym şular. Gowuja düşündiň gerek maňa? — diýip, yzyna öwrülen hanym Polli borjuny aňryýany bilen ýerine ýetirdim edip, ýeňillik bilen dem aldy. Onuň pikiriçe, ýegençisi Polliannanyň rahatlygy üçin ähli taýýarlyklar görlüpdi.

Bikesi aşhanadan çykan badyna, Nensi kömür bilen gyzdyrylýan ütügi gap-gaç süpürmek üçin ulanylýan süpürgijiň üstüne gahar bilen basdy-da:

— Sary saçly, gözenek çyzmykly, gyzyl köýnekli, sypal şlýapalymyş... — diýip, öý bikesiniň agzyna öýkündi. — Bu bar bilýän zadymyş... Özüm-ä oň ýerine bolsam, utanardym... Ýeriň beýleki ujundan ýeke-täk ýegençim gelýän bolsa, özümem o hakynda hiç zat bilmeýän bolsam, üstesine, öňünden çykmagam islemeýän bolsam, nähili masgaraçylyk! Masgaraçylyk diý-de, goýaý ýöne!

Ertesi irden sagat, takmynan, dörde ýigrimi minut galanda Timotidir Nensi üsti açyk paýtunda gadyrly myhmany garşy almak üçin ýola düşdüler. Timoti goja Tomuň ogludy. Kämahal şäherde «Goja Tom hanym Polliniň sag goly bolsa, Timoti onuň çep goludyr» diýip gürrüň edilerdi.

Timoti hoşgylawdy, hoşgylaw bolşy ýaly, görmegeý ýigitdi. Nensiniň bu öýe gelenine onçakly köp wagt geçmedik hem bolsa, olar gowy dostlaşyp ýetişipdiler. Nensi özüne ynanylan işiň aladasynda çuňňur oýa batansoň, bu gün hemişekisi ýaly, Timoti bilen gepleşjek bolup durmady, demir ýol menziline ýetýänçäler, ýeke agyz sözem aýtmady, ol paýtundan hem sessiz-üýnsüz düşdi.

Ol «Sary saç, gözenek çyzmykly gyzyl köýnek, sypal şlýapa» diýip, öz ýanyndan yzyny üzmän gaýtalap durşuna, Polliannanyň nähiliräk çaga bolup biljekdigini göz öňüne getirmäge dyrjaşýardy.

Nensi paýtuny bir gyra aýryp, ýanyna gelen Timotä:

— Hernä ol pyçaklary ýere gaçyrmaýan, gapyny bat bilen ýapmaýan ýuwaş, akylly çaga bolawersin — diýdi-de, uludan demini aldy.

— Eger ol seň aýdyşyň ýaly düşbi çaga bolmasa, biziň dat günümize — diýip, Timoti ýylgyrdy. — Göz öňüne getirip gör, hanym Polli hem-de ýakymsyz çaga! Baý-bow! Äh-hä! Zoguldyny eşidýäňmi? Otly ýakynlaşyp gelýä.

Kiçiräk demir ýol menzilinde otludan düşýän ýolagçylary arkaýyn synlap boljak ýere tarap howlugyp barýarka, duýdansyz ýerden ýüregine wehim düşen Nensi:

— Näme diýsene, Timoti! Hanym meni bärik iberip oňarmady öýdýän — diýip, dilinden sypdyrdy.

Uzak wagt geçmänkä-de Nensiniň oňa gözi düşdi... gözenek çyzmykly, gyzyl köýnekli, arkasyndan sallanyp duran ýogyn iki örüm sary saçly, kiçijik, çepiksije gyz. Ol sypal şlýapanyň aşagyndaky şadyýan hem-de menekli ýüzüni bir saga, bir çepe öwürdi. Gyzjagazyň kimdir birini gözleýändigi bildirip durdy.

Nensi ony bada-bat tanady, ýöne aýaklary saňňyldap duransoň, ep-esli wagtlap gyzjagaza tarap ýöremäge ýagdaýy bolmady. Nensi ahyrsoňy onuň ýanyna gadam uranda, gyzjagazyň o ýerde ýalňyz özi galypdy.

Nensi:

— Sen... sen hanym Polliannamy? — diýip, peltekläp sorady.

Şol pursat Nensi özüni gysyp, demikdirip barýan gözenek çyzmykly gollaryň içinde gördi.

— Sizi görenime şeýlebir şat... şeýlebir şat welin... — diýip, begenjini saklap bilmän gygyran gyzjagaz Nensiniň gulagyny deşere getirdi. — Hawa, men Pollianna. Özümi garşylamaga geleniňiz üçin diýseň şat. Men bu pursada şeýlebir garaşdym.

Polliannanyň özüni nädip tanandygy hem näme üçin bu pursada garaşandygy hakda oýlanan Nensi:

— Hä-ä... garaşdyňmy?! — diýip sakawlady.

Gyzjagaz gyşaran şlýapasyny düzedişdirip:

— Hä-ä... garaşdyňmy?! — diýip, gaýtalap sorady.

— Hawa-a! Men ýolboýy siziň nähiliräk keşpdedigiňizi göz öňüne getirip geldim — diýip, keýpi göterilen gyzjagaz uýaljyrap duran Nensini boýdan-başa synlap çykdy. — Siz edil meň göz öňüne getirişim ýaly görünýäňiz.

Timoti ýanlaryna gelende, Nensi ýeňillik bilen dem aldy. Polliannanyň sözleri ony halys aljyradypdy.

— Bu Timoti. Ýogsa-da çemedanyň barmy? — diýip, Nensi sorady.

— Dagy näme — diýip, Pollianna gopbamsyrap jogap berdi. — Onda-da iň täzesi hem-de hanymlaryň göterýäni bar! Ony maňa Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkiler alyp berdiler... Olaryň çemedana derek kilise üçin näler haly alaslary geldi. Elbetde, men çemedana derek näçeräk gyzyl haly düşek alyp boljagyny bilemok, ýöne eslije bardyr... Iň bolmanda kilisäniň gündogar törüniň ýarysyna-ha ýeter. Meň torbamda kiçijik bir zat bar. Jenap Greý onuň çekdigini hem-de goşumy almazymdan ozal ony size bermelidigimi aýtdy. Jenap Greý hanym Greýiň adamsy. Olar dýakon[1] Karryň aýalynyň çykanlary. Men gündogara olar bilen bile geldim. Diýseň mähirli adamlar eken. Onsoň... ynha... ynha — diýip, ol egnindäki torbany ep-esli dörüp, çeki çykaransoň, sözüni jemledim etdi.

Nensi uludan demini aldy. Şol pursat bu gürrüňler-

[1] Dýakon – iň kiçi ruhanylyk ady, ruhanynyň kömekçisi.

den soň kimdir biriniň bir zatlar aýtmalydygyna düşündi. Ol haraý gözläp, assyrynlyk bilen Timotä bakdy. Ýöne Timoti bilgeşleýin ondan nazaryny sowdy.

Polliannanyň çemedanyny paýtunda ýerleşdirip, ahyrsoňy ýola düşdüler. Gyzjagaz Nensi bilen Timotiniň arasynda jaýlaşykly ornaşdy. Paýtunyň ýöräp ugraryna mähetdel, Pollianna nämedir bir zatlar gürrüň berip, üznüksiz sowal ýagdyryp başlady. Haýran galan Nensi soňabaka onuň hemme sowallaryna jogap gaýtaryp ýetişmeýärdi.

Pollianna tekerler tigirlenip başlan badyna:

— Wa-aý! Hezildigini! Uzaga gitmelimi? Uzak bolawersin hernä! Men gezelenç etmegi gowy görýän — diýip, aldygyna jedirdäp başlady. — Gaty uzak däl bolsa gerek? Ýöne uzak bolmasa-da, zyýany ýok. Sebäbi näçe bahym barsam, şonça-da gowy. Nähili owadan köçe! Men bu ýerleriň owadandygyny ozalam bilýärdim. Kakam aýdypdy...

Şu ýerde ol demi ýetmeýän ýaly sojamaga başlady. Ýaýdanyp, ýüzüne bakan Nensi onuň naşyja alkymynyň titir-titir edýändigini, gözleriniň bolsa balkyldap durandygyny saýgardy. Salym geçmänkä-de, Pollianna başyny dik tutup, ýene dogumly gürläp başlady:

— Kakam maňa siziň şäheriňiz barada ähli zady aýdyp beripdi. Ol barysyny ýatlapdy. Wiý, ýogsa-da men... men... muny size başda düşündirmelidim. Hanym Greý maňa öňünden duýdurypdy... Men bu gözenek çyzmykly köýnegiň gürrüňini edýän... Bilýäňizmi... ol meň näme üçin gara geýim geýmeli däldigimi düşündirdi. Ol gara geýinsem, siziň geň galmagyňyzyň mümkindigini aýtdy. Hanymlaryň geýýän mahmal köýnegi diýäýmeseň, haýyr-sahawat sandygynda hiç hili gara köýnek ýok eken. Aslynda, dýakon Karryň aýaly şo mahmal köýnegiň maňa düýbünden laýyk däldigini aýtdy... üstesine, onda agymtyl teg-millerem bardy... geýlip-geýlip şylhasy çykansoň, tirseklerem, başga ýerlerem agaryp gidipdir. Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň bir bölegi maňa gara köýnek bilen gara şlýapa satyn aljak boldy, galan bölegem ybadathana gyrmyzy haly gerek, pul şoňa harçlansa ýerine düşer diýip hasap etdi. Hanym Waýt bu pikir bilen ylalaşdy... sebäbi ol gara geýimli çagalary halamaýarmyş... aslynda... çagalary halaýarmyş-da... gara geýimi halamaýarmyş.

Pollianna demini dürsemek üçin sägindi. Nensi şonda zordan gürläp ýetişdi:

— Hmmm... meň pikirimçe... bar gep köýnegiň reňkinde däl-de, onuň gelşip-gelişmeýänliginde.

— Ikimiz asyl pikirdeş ekenik. Menem şoňa goşulyşýan — diýip, Pollianna ýene-de sojady. — Elbetde, gara geýimde begenjiňi daşyňa çykarmak gaty kyn düşerdi...

Onuň sözlerine haýran galan Nensi:

— Begenjiňi daşyňa çykarmak diýdiňmi?! — diýip, gözlerini petretdi.

— Hawa... kakamyň ejemdir beýleki çagalarynyň ýanyna jennete gidenine... Kakamyň özi muňa begenmelidigimi aýtdy. Ýöne beýtmek maňa gaty kyn düşdi... hatda gyzyl gözenek çyzmykly köýnekde-de gaty kyn düşdi... sebäbi kakam maňa juda gerekdi. Ejemdir doganlarymyň ýanynda Taňry hem-de perişdeler bar, meň ýanymda bolsa hiç kim galmady... diňe Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkiler galdy. Ýöne ähli zat gowy bolar, sebäbi indi ýanymda siz bar, Polli daýza. Muňa men şeýlebir begenýän!

Nensi häliden bäri biçäre çaganyň düşen halyna duýgudaşlyk edip gelýärdi, indi-hä oňa hasam nebsi agyrdy:

— Wah... wah... Onyň dogry, ýöne sen gaty ýalňyşýaň, mähribanym — diýip, Nensi zordan seslendi. — Men bary-ýogy Nensi. Seň daýzaň däl!

Gyzjagaz:

— Siz... siz meň daýzam dälmi näme?! — diýip, aljyraňňy halda pyşyrdady.

— Ýok... men bary-ýogy Nensi. Otursam-tursam meni seň daýzaň bilen garjaşdyryp bor öýdüp hiç haçan oýuma-da getirmändim. Ikimiziň aramyzda hiç hili meňzeşlik ýok.

Timoti elini agzyna tutup, pyňkyryp goýberdi. Muňa Nensiniň keýpi bozuldy, häzir onuň oýun ýadyna düşenokdy.

Pollianna:

— Onda sen kim? — diýip sorady. — Siz Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň hiç birine-de meňzäňzok.

Bu gezek Timoti saklanyp bilmän, hezil edip güldi.

— Adym Nensi. Men hanym Polliň hyzmatkäri. Öýüň ähli işini özüm edýän. Diňe geýimleri ýuwup-ütüklämok. Ol işleri hanym Darjin edýä.

Gyzjagaz:

— Aslynda, Polli daýzaň özi barmy beri?! — diýip, aladaly sorady.

— Bu babatda böwrüňi bükgüldedip oturma. Oň barlygyna şek-şübhe ýok! — diýip, Timoti gyzjagazyň göwnünde güman goýmady.

Şundan soň Pollianna ynjaldy.

— Beýle bolsa bolýa-la — diýende, gyzjagazyň ýüregi ýerine gelen ýaly boldy.

Ara birsalym dymyşlyk düşdi. Soňra Pollianna keýpli gürläp başlady:

— Aslynda-ha, onuň meni garşy almanyna begenmänem duramok. Sebäbi häzir maňa daýzam garaşyp dur. Onsoňam indi gapdalymda siz bar.

Nensi çym gyzyl boldy. Timoti şobada yzyna gaňryldy-da:

— Bolsa-da, kiçijik hanym tarypyňy-ha ýetirip bildi. Seň ýeriňe özüm bolan bolsam, oňa minnetdarlyk bildirerdim. Nensi, näme agzyňa suw alan ýaly bolup otyrsyň? — diýdi.

— Men... men ýöne hanym Polli hakda pikire bataýypdyryn-da — diýip, aljyraňňyllyga düşen Nensi ahyry jogap gaýtardy.

Pollianna ýeňillik bilen dem aldy.

— Menem daýzamyň pikirini etdim. Ony şeýlebir göresim gelýä. Çünki ol meň ýeke-täk daýzam. Aslynda, häzire çenli daýzamyň bardygyndan habarymam ýokdy. Ony kakam gürrüň bermedik bolsa, henizem bilmezdim. Ol daýzamyň baýryň üstündäki äpet, kaşaň bir öýde ýaşaýandygyny aýtdy.

Nensi:

— Hawa. Sen ony häzirem görüp bilersiň — diýdi. — Seret! Ho-ol, aňyrdaky äpişge gabsalary ýaşyl reňkli ak jaýy görýäňmi?

— Bä, owadandygyny!.. O agaçlardyr ýap-ýaşyl otlara bir seretseňizläň! Men hiç mahal beýle gür otlugy görmändim. Ýogsa-da, Nensi, Polli daýzam baýmy?

— Hawa, hanym.

— Bolaýypdyr şol-a! Puluň köp bolsa gowudyr-la! Biziň hiç haçan pulumyz köp bolmandy. Pully-pully tanyşlammyzam ýokdy. Diňe Waýtlary bilýän... olaram onçakly baý däl. Olaň otaglarynyň ählisine haly düşelen, her dynç günem buzgaýmak iýýäler. Polli daýzam dynç günleri buzgaýmak iýýämi?

Nensi başyny ýaýkap, dodagyny müňküldetdide, Timotä ýylgyryp bakdy.

—Ýok, hanym. Daýzaň buzgaýmak iýmegi halanok öýdýän. Elinde buzgaýmak görenim ýadyma düşenok.

Pollianna ýüzüni aşak saldy.

— Şeýlemi?! Gynanaýdym! Ol buzgaýmagy nädip halaman bilýärkä?! Ýöne... aslynda, men muňa-da begenmän durmadym, sebäbi buzgaýmak iýmeseň, hanym Waýtyňky ýaly içiň agyrmaýar. Şonuň üçinem onuň buzgaýmaklaryny köplenç özüm iýerdim, şoň üçinem ýygy-ýygydan içim agyrardy. Ýogsa-da Polli daýzamyň halylary barmy?

— Hawa, bar.

— Otaglaryň ählisinde-de barmy?

— Ähli otagda diýen ýaly bar — diýip jogap beren Nensi üçekdäki halysyz otagy ýatlap, gaşyny çytdy.

Pollianna:

— Gaty gowy-da! — diýip, heşelle kakdy. — Men halylary ýaman gowy görýän. Biziň öýümizde wagyz-nesihat çäresinden düşen iki sany kiçiräk keçeden başga hiç hili düşek ýokdy. Keçeleriň biriniň ýüzi syýa tegmillidi. Hanym Waýtyň öýünde welin, hatda diwarlaryna çenli her dürli owadan suratlar asylgy. Bägülleriň, emedekläp ýören gyzjagazlaryň, pişikleriň, guzularyňdyr ýolbarsyň suratlary bardy. Elbetde, olaryň barysy bir suratda jemlenmändi, aýratynlykda, özbaşyna çekilendi. Dogry, Injilde ýolbars bilen guzujyklaryň birwagt bir ýerde äbede-jüýje boljakdygy aýdylýar. Ýöne hanym Waýtyň öýünde asylan suratlarda olar häzirlikçe aýry-aýrylykda şekillendirilen. Meň pikirimçe, owadan suratlary halamaýan ýok bolsa gerek? Şeýle dälmi näme?

— Men... men-ä bilmedim — diýip, Nensi zordan jogap gaýtardy.

— Men-ä halaýan. Ýöne öýümizde hiç hili surat ýokdy. Wagyz-nesihat çäresinde-de kän bir surat düşüp durmazdy. Bir gezek iki sanysy düşdi. Olaryň biri gaty owadan bolansoň, maňa köwüş almak üçin kakam ony satmaly boldy, beýlekisiniň bolsa çarçuwasy gaty gowşak bolansoň, diwardan asan badymyza ýere gaçyp, bölek-bölek boldy. Düşünseňiz, aýnasy döwüldi. Onsoň menem agladym. Häzir welin, özümizde şeýle gelşiklije zatlaryň bolmanyna begenýän. Sebäbi özümde şeýle zatlaryň ýokdugy üçin, men Polli daýzamyňkylary örän gowy görerin. Çünki men olara heniz öwrenişip ýetişemok. Wagyz-nesihat çäresine reňki solgun birtopar saçbagylardan soň olaryň owadanjalarynyň gelen wagty begenişim ýaly begenerin...

Araba giň köçä öwrülen badyna Pollianna:

— Eý, Hudaý! Bu jaýyň beýle owadandygyny! — diýip, gürrüňi başga ýana sowdy.

Timoti goşlary düşürip durka, Nensi ýuwaşlyk bilen onuň gulagyna pyşyrdady:

— Indi bärden gitjek diýip ýeke saparam mydyrt edäýmegin, Timoti Darjin. Menem başga ýerde, hatda iki esse hak tölejek diýip wada berselerem, indi bu ýerden asla gitmen.

Ýaş ýigit:

— Gitmekmi?! Asla bolmaz! — diýip ýylgyrdy. — Hiç kim meni bu ýerden gitmäge mejbur edip bilmez. Gyzjagaz gelensoň, bu ýeri kinoteatryň içindenem şowhunly bolar. Her gün şeýle bolar! Gyzykly bolar!

— Gaty gyzykly bolar! — diýip, Nensi alyp göterdi.

— Ýöne gyzjagaza daýzasy bilen, bäri bilen mazaly öwrenişýänçä ýeňil-ä düşmez. Şeýle ýagdaýda öňa hökman hossar gerek bor.

Ol Polliannany giň basgançaklaryň üsti bilen alyp barşyna, ýeňsesine öwrülip:

— Meň hut özüm şonda oňa hossar çykaryn, Timoti. Hawa, men bu gyzjagaza hossarlyk ederin — diýip, pert-pert gürledi.

## IV bölüm

## Üçekdäki otag

Hanym Polli Harriňton ýegençisini garşylamak üçin ýerinden turaýynam diýmedi. Hernäçe geň görünse-de, munuň özi hakykatdy. Nensi bilen gyzjagaz myhman otagynyň işiginden ätlände, ol okap oturan kitabyndan gözüni aýyrdy-da, mähir bilen Pollianna tarap elini uzatdy.

— Horlanmanjyk geldiňmi, Pollianna? Men...

Pollianna oňa geplemäge maý bermedi.

Gyzjagaz otagyň bir ujundan beýleki ujuna uçup diýen ýaly baryp, özüni aljyraňňy halda galan daýzasynyň gujagyna oklady-da:

— Wah, Polli daýza, Polli daýza! Öýüňizde ýaşamaga rugsat bereniňize begenip, aňyrsyna çykyp bilemok — diýip hamsykdy. — Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetinden soň, indi ýanymda siz bilen Nensiniň bolmagy nähili gowy!

— Dogrusy, Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň hiç birini tanap baramok. Bolsa-da, hossar-a çykypdyrlar — diýip jogap beren hanym Polli işikde garaşyp duran Nensä sowuk nazaryny gönükdirdi-de, köýneginden berk gysymlap duran barmaklary aýyrmaga synanyşdy. — Nensi, sen onda häzirlikçe gidiber. Pollianna, hany, senem akyllyja bol, haýyş edýän, indem gönüje dur! Men entek seni daşyňdan ine-gana synlabam göremog-a?

Pollianna ýuwaşja güldi-de, yza çekildi.

— Hawa, siz meni hiç haçan görmändiňiz ahyry! — diýip, ol jedir-jedir etdi. — Ýöne synlar ýaly beýle bir üýtgeşik keşbim ýok-la... Ýüzüm-ä durşy bilen menek. Hä, onsoňam men entek näme sebäpden gyzyl gözenek çyzmykly, gara mahmal gülli ýakaly, tirsekleri ak menekli köýnek geýenimi düşündirmedimem. Men kakamyň gürrüň beren zatlaryny Nensä-hä aýdyp ýetişipdim...

— Bolýa, bolýa, keýigim... häzir kakaň näme aýdany o diýen wajyp däl — diýip, hanym Polli onuň sözüni böldi. – Seň çemedanyň bardyr-la?!

— Dagy näme, Polli daýza. Mende Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetinden berlen owadan çemedan bar. Ýöne goşum köp däl... Aýtjak bolýanym, o diýen köp zadym ýok. Ybadathanaň haýyr-sahawat gutusyna soňky wagtlarda gyzjagazlar üçin hiç hili köýnek düşmedi, kakama welin köpsanly kitap geldi, hanym Waýt olaň ählisi maňa berlen bolsa gowy bolardy diýdi. Sebäbi kakam...

— Pollianna — diýip, daýzasy oňa ýene-de geplemäge maý bermedi. — Sen şuny bek belle, meň ýanymda hiç haçan kakaň gürrüňini etme!

Gyzjagaz uludan demini alyp, galpyldap gitdi.

— Näme üçin, Polli daýza? Siz... siz... näme...

Polliannanyň bokurdagy doldy. Ara düşen dymyşlygy daýzasy bozdy:

— Hany, ýokaryk galaly, otagyňa gideli. Çemedanyňam getiren bolsalar gerek. Timotä ony ýokaryk äkitmegi tabşyrypdym... eger goşuň bar bolsa. Ýör, yzyma düş, Pollianna.

Şundan soň ol ýeke agyz hem geplemän, otagdan çykyp barýan daýzasynyň yzyna eýerdi. Gözleri ýaşaryp duran hem bolsa, başyny dim-dik tutan Pollianna öz ýanyndan: «Aslynda... oň kakam hakda gepleme diýmegi, bir tarapdan, gowumyka öýdýän. Ony... ony ýatlamasam, özüm üçinem gowy bolar. Belki, daýzamam şoň üçin şeý diýendir» diýip oýlandy.

Ol daýzasy öz aladasyny edýär diýip düşündi. Gözüni açalak-ýumalak edip, gözýaşlaryny saklady-da, daş-töweregini gyzyklanma bilen synlamaga başlady. Häzir ikinji gata galyp barýardylar. Öňden barýan daýzasynyň gara ýüpek köýnegi adaja ses bilen şybyrdaýardy. Yzda galan otagyň açyk gapysyndan Pollianna owadan nagyşly ýumşak halyny, atlaz örtükli oturgyçlary görüp ýetişdi. Aýagynyň astyndaky haly şeýlebir üýtgeşikdi welin, ýap-ýaşyl otlaryň üstünden ýöräp barýan ýaly duýgy döredýärdi. Surat çarçuwalarynyň ýalpyldysydyr ýukajyk penjire perdelerinden geçýän Günüň şöhlesi häzir her tarapdan gyzjagazyň gözüne düşüp durdy.

— Polli daýza, tüweleme, Polli daýza! — diýip, gyzjagaz begenjini daşyna çykardy. — Nähili owadan... nähili üýtgeşik öýüňiz bar? Beýle baýlyga gaty begenýänsiňiz!

Basgançaklaryň ýokary başyna ýeten daýzasy birden aýak çekip, ýeňsesine öwrüldi-de:

— Pollianna! — diýip, gaharly gygyrdy. — Bolşuň nähili? Beýle zatlary aýtmaga nädip diliň barýar?!

Pollianna:

— Polli daýza, üýtgeşik zat aýdamog-a men! Siziň özüňiz muňa begeneňzokmy näme?! — diýip, geň galyp sorady.

— Näme üçin begenmeli, Pollianna? Hudaý maňa şeýle baýlygy rowa görüpdir. Ony mazamlap ýörsem, günä bolmazmy? Hergiz bilip goý, baýlygyňa gomparmak iň pes işdir! — diýip, hanym Polli geçelgäniň ugry bilen üçege äkidýän basgançakly gapa tarap ýöredi.

Onuň başky niýeti-de şoldy. Ýegençisini özünden näçe daşrakda saklasa, şonça-da gowudy. Çaga-çaga bolýar. Geleňsizlik ýa-da ýakymsyzlyk edip, öýüň gymmat-gymmat goş-golamlaryny haraplamagy-da mümkindi. Daş-töweregine ýaltaklap ýörşi-de şeýtjege meňzeýärdi. Hanym Polli: «Diýmek, ýegençimi üçekdäki otagda ýerleşdirip oňarandyryn» diýip oýlandy.

Pollianna daýzasynyň yzragyndan ýöräp barýardy hem-de bu ajaýyp öýdäki her bir owadan ýa-da üýtgeşik zady sypdyrmazlyk üçin ullakan göm-gök gözlerini bir eýläk öwürýärdi, bir beýläk öwürýärdi. Ähli zatdan beter hem onuň bar pikiri esasy meselä gönügipdi... Ol bu maýyl ediji gapylaryň haýsy biriniň öz otagyna açylýandygy barada, halylardan, tutulardan, suratlardan doly owadan otag barada, diňe özüne degişli boljak aýratyn otag hakda oýlanýardy. Birdenem daýzasy gapylaryň birini açyp, başga bir basgançakdan ýokaryk galyp başlady.

Bu ýerde welin, synlar ýaly üýtgeşik zat ýokdy. Iki tarapdan ýokarlygyna ýalaňaç diwar uzalyp gidýärdi. Giňişlikdi, alagaraňkydy, köpsanly gapyrjaklardan doludy. Üstesine, diýseň yssydy, dymykdy. Pollianna biygtyýar halda başyny ýokaryk galdyrdy... Dem almak üçin howa ýetmeýän ýalydy. Birdenem daýzasy sag tarapdaky gapyny açdy.

— Ynha, Pollianna, bu seň otagyň bolar. Görşüň ýaly, goşuňam getirilipdir. Açaryň beri barmy?

Pollianna sesini çykarman, baş atdy. Onuň hanasyndan çykaýarly görünýän gözlerinde gorky alamaty bardy.

Daýzasynyň gaşlary çytyldy.

— Senden bir zat soralanda, başyňy atyp däl-de, sesli jogap ber.

— Hawa, Polli daýza.

— Ýagşy! Ynha, munyň bolýa. Bu ýerde saňa gerekli zat bar bolmaly — diýip, ol asawaja hem-de suwly küýzä göz aýlady. — Goşlaryňy ýerleşdirmäge ýardam eder ýaly ýanyňa Nensini ýollaryn. Agşam nahary sagat altydadyr.

Ol sözüni tamamladym edip, otagdan çykyp gitdide, basgançaklardan aşak düşdi.

Daýzasy çykyp gidensoň, Pollianna onuň yzyndan garap, birsalym sessiz durdy. Soňra ol ilki ýalaňaç diwara, agaç düşemä, soňra penjirä dykgat bilen nazaryny aýlady. Birdenem onuň goýun gözleri ýap-ýaňy-da günbatarda, alysdaky öýünde, öz çaklaňja otagynda duran, häzir bolsa öňünde ýatan kiçijik çemedanynda eglendi.

Ol öňüne-de garaman, çemedanyna tarap ýöredi, birdenem eli bilen ýüzüni tutup, onuň gapdalynda dyza çökdi.

Birsalymdan içerik giren Nensi ony beýle gamgyn ýagdaýda görüp:

— Wah, meň görgüsi ýaman köşejigim! — diýip, özüni aşak goýberdi-de, çepiksije gyzjagazy bagryna basdy. — Şeýle boljagyny öňündenem bilýädim-le...

Pollianna keýpsiz halda başyny ýaýkady.

— Barysy özümden, men gaty ýakymsyz, tertipsiz, Nensi... men gaty tertipsiz — diýip, ol horkuldady. — Kakamyň Taňra, perişdelere menden has beter gerek bolandygyna hiç ynanyp bilemok.

Nensi:

— Olar seň kakaňy näme etsin — diýip, morta jogap berdi.

— Wa-aý, Nensi! Beý diýmesene...

Ýerliksiz jogaba Polliannanyň gözýaşy kepäp gitdi.

Nensi müýnli ýylgyryp, gözüni owkalady.

— Göwnüňe zat getirme, mähribanym! Elbetde, men edil beýle diýjegem bolmandym — diýip, Nensi gürrüňi başga ýana sowdy. — Hany, açaryňy ber, şu çemedandaky zatlary derrew aýyl-saýyl edeli.

Entegem çalaja horkuldap duran Polli oňa açary uzatdy.

— Içinde üýtgeşik bir zadam ýokdur-la — diýip, ol hüňürdedi.

— Diýmek, çemedany has bahym boşadarys.

Pollianna myssa ýylgyrdy.

— Seňki dogry! Onda men zatlammyň azdygyna begenmeli-dä?!

Nensi muňa ör-gökden gelip:

— Hä... elbetde — diýip, göwünli-göwünsiz jogap berdi.

Nensi işe gaýym gollary bilen kitaplary, ýamalardan ýaňa abat ýeri galmadyk içki geýimleri, halys sary giden köýnekleri çalasynlyk bilen çemedandan çykaryşdyrdy. Pollianna bolsa ýylgyryp, dogumly hereket edip, köýneklerini geýmasarda asyşdyryp, kitaplary stoluň üstünde goýuşdyryp, içki eşiklerini bolsa sandygyň çekerlerine ýerleşdirip, başagaý bolup, otagyň içinde iki ýana elewreýärdi.

Birsalymdan Pollianna:

— Büý-ä diýseň gelşiklije otag ekeni, şeýle dälmi? — diýip, sakynyp sorady.

Ýöne bu sowalynyň jogabyny eşitmedi. Nensi çemedany boşatmak bilen başagaý bolara çemeli. Pollianna sandygyň ýanynda duran ýerinden maňlaýyndaky ýalaňaç diwara gussaly bakdy.

— Men bu ýerde hiç hili ýüz görülýän aýnanyň ýokdugyna-da begenýän. Şoň üçinem özümiň meneklerimi görüp, gynanyp durman.

Birden Nensiden üýtgeşik ses çykdy... Ýöne Pollianna oňa tarap ýüzüni öwrende, ol ýene edil öňküsi ýaly çemedanyň üstüne egildi. Pollianna bolsa penjireleriň biriniň öňüne baryp, begenjine çapak çaldy.

— O-ho, Nensi! Muny öň görmeýşimi diýsene! — diýip, ol uludan demini aldy. — Seretsene... muňa bir seretsene, bu agaçlara, öýlere, kilisäň üçegine, kümüş ýaly ýaldyraýan deňze bir seretsene! Beýle gözellik barka suraty näme edeýin?! Daýzamyň özüme hut şu otagy berenine müň-de bir razy!

Birdenem Nensi Polliannanyň zähresini ýarara getirip, duýdansyz ýerden ulili bilen aglamaga durdy. Pollianna bada-bat onuň gapdalynda peýda boldy.

— Nensi, Nensi... saňa näme boldy? – diýip, ol howatyrly pyşyrdady. — Ýa...ýa... bu ozal seň otagyňmydy?

Ör-gökden gelen Nensi:

— Nirden otagym bolýamyş?! — diýip, gözýaşyny saklajak boldy. — Eger sen gökden inen perişdejik bolmadyk bolsadyň, adamlaram beýle ynsapsyz bolmadyk bolsady... Eý, Hudaý! Sen duranja bir perişde-le!

Tüýs ýürekden çykan beýle tolgundyryjy sözlerden soň, Nensi tarsa ýerinden galyp, otagdan atylyp çykdy-da, güpürdäp, basgançaklardan aşak düşdi.

Ýeke galansoň, Pollianna penjireden ajaýyp görnüşi synlap, öz «suratyna» dolanyp geldi. Birsalymdanam dymyk howa çydamajak boldy. Pollianna bada-bat penjiräni giňden açyp, göwresiniň ýarysyny daşaryk çykardy-da, ýakymly, tämiz howadan öýkenini doldurdy.

Soňra ol beýleki penjirä tarap ylgady. Ony hem çalasynlyk bilen şakyrdadyp açdy. Äpet siňek burnunyň duşundan geçip, içerik girişine, otagyň içinde eýläk-beýläk wyzzyldap uçup başlady. Ýene bir siňegem onuň yzy bilen otaga girdi. Pollianna bulara ünsem bermedi. Sebäbi penjiräniň gabat garşysynda äpet agaç özüniň ullakan şahalaryny ýaýradyp otyrdy. Pollianna olary gerlen gollara meňzetdi, bu äpet agaç ony öz ýanyna çagyrýan ýaly göründi. Birdenem ol jykyr-jykyr güldi.

— Öz-ä hötdesinden geläýsem gerek! — diýip, göhi gelen Pollianna çalasynlyk bilen penjiräniň germewajyna mündi. Bärden golaýdaky şahalaryň birine bökmek gaty aňsatdy. Ol maýmyn mysaly tä iň soňky şaha ýetýänçä, şahadan-şaha aslyşyp, aşak indi. Hemişe agaçlara dyrmaşyp ýörse-de, ýere bökmek welin, Pollianna üçin diýseň gorkunç göründi. Sebäbi ýere çenli aralyk ýoňsuzja bardy. Barybir, ol demini saklap, kiçijik, ýöne güýçli gollary bilen şahadan aslyşdy-da, özüni aşak oklap, ýumşak otuň üstüne iki aýagynadyr iki eline düşdi. Soňra dikelip, dykgat bilen daş-töweregine göz aýlady.

Ol jaýyň arka tarapyndady. Öňündäki bag-bakjalygyň içinde bili bükülen bir goja hysyrdanyp ýördi. Bagyň arka tarapynda inçejik ýoda açyk meýdanyň içi bilen beýik baýra çenli uzalyp gidýärdi. Bu baýryň depesinde, äpet gaýanyň gapdalynda ýalňyz çam agajy hellewläp görünýärdi.

Pollianna çalasyn hereket edip hem-de ýolda ökdelik bilen sap atyp, goja bagbanyň deňinden görünmän geçmegi başardy. Ol göm-gök baglaryň tertipli hatarynyň aralygy bilen ylgady-da, demi-demine ýetmän, açyk meýdanyň içi bilen uzalyp gidýän ýodajyga ýetdi. Soňra erjellik bilen baýra dyrmaşmaga başlady. Şol pursatda ol penjireden seredeniňde ýakynda ýaly görünýän äpet daşyň bäri-bärde däldigine düşündi. Ýöne şonda-da şo taýyk ýetesi gelýärdi.

On minut soňra Harriňton mülküniň myhman jaýynda dikelip duran äpet sagat altynyň zaňyny urdy. Soňky zaň sesinden soň, Nensi agşamlyk naharynyň taýýardygyny habar berip, jaňjagazy kakdy.

Bir minut, iki-üç minut geçdi. Ahyrsoňy hanym Polli mundan artyk çydaman, gaşlaryny çytyp, aýakgabyny ýere patladyp, siltenjiräp, ýerinden galdy-da, myhman jaýyna baryp, basgançagyň deňinden sabyrsyzlyk bilen ýokaryk garady. Bir minuta golaý diňşirgenip durdy, soňra yzyna öwrülip, nahar iýilýän otaga dolandy.

Hyzmatkär gyz peýda bolan badyna, hanym Polli:

— Nensi! — diýip, kesgin gürledi. — Ýegençim nahara gijä galýar-la?!

Nensi myhman jaýyna tarap ýöneljek boldy welin:

— Ýok, çagyryp oturma — diýip, hanym Polli yzgytsyzlyk bilen sözüniň üstüni ýetirdi. — Men oňa agşamlyk naharynyň näçededigini aýdypdym. Diýmek, ol bu etmişiniň temmisini almaly bolar. Şeýlelikde, tertip-düzgüne öwrenişer. Aşak düşende oňa süýt bilen çörekden başga hiç zat berme.

— Bolýa, hanym!

Şol pursat Nensiniň hanym Polliniň ýüzüni görmäni hem gowy bolupdy.

Agşam naharyndan soň, Nensi çemini tapyp, basgançaklardan ýokaryk galyp, üçekdäki otaga ýöneldi.

— Çörek bilen süýtden başga hiç zat bermeli dälmiş! Görgüli gyzjagaz aglap-aglap, uklap galandyr — diýip, gaharly pyşyrdap barşyna, ol ýuwaşlyk bilen gapyny açdy. Şol pursat hem «hiýh!» edip içini çekenini-de duýman galdy.

— Sen nirede? Nirede diýýän saňa! — diýip, ol geýmasara, düşekçäniň aşagyna, hatda çemedanyň içinedir küýzäniň aşagyna çenli seredip çykdy. Soňra ol otagdan atylyp çykyşyna, basgançaklardan güpürdäp aşak düşdi-de, entegem bagyň içinde işläp ýören goja Tomuň ýanyna bardy.

— Jenap Tom, jenap Tom! Gyzjagaz ýitirim bolupdyr! — diýip, Nensi howsalaly dillendi. — Megerem, gelen ýerine dolanandyr, göni jennete gaýyp bolandyr. Görgüsi ýaman gyzjagaz!.. Daýzasy bolsa maňa: «Oňa çörek bilen süýtden başga hiç zat berme» diýip tabşyrdy... ol şu mahal perişdeleriň saçagynyň başynda oturandyr. Şeýledir. Hut şeýledir.

Bilini ýazan goja bagban:

— Näme? Ýitirim boldy! Jennetemi? — diýip, akylyndan azaşan ýaly, şol bir sözüni gaýtalady durdy. Onuň bolup durşy ýaşyp barýan Günüň ýiti şöhlesini otly nazary bilen kowmaga çalyşýana meňzeýärdi. Ol dymdy, bir pursat ýere dykgatly seredip durdy, soňra ýylgyryp, Nensä bakdy.

— Dogry aýdýaň, Nensi. Onuň, hakykatdanam, göni jennete düşesi gelipdir. Hana, ho taýyk seret! Bu-da jedelsiz hakykat — diýip, ol gyzaryp duran şapakly asmana tarap egri barmagyny çommaltdy.

Inçejik, çepiksije göwräniň baýryň üstünde dimdik bolup durandygyna Nensiniňem gözi düşdi.

Ol:

— Ýok, gyzjagaz beýdib-ä jennete düşäýmez. Munsy geçmez — diýip, pert-pert gürledi. — Birden hanym meni soraýsa, gap-gaçlary ýuwmagy unutmandygymy, häzirem gezelenje gidendigimi aýdaweri — diýip, Nensi açyk meýdanyň içi bilen uzalyp gidýän ýodajykdan haýdap barşyna, ýeňsesine garap gygyrdy.

## V bölüm

## Oýun

Nensi baýyrlyga tarap haýdap gelşine:

— Eý, Hudaý! Hanym Pollianna, meni ýaman gorkuzdyň! — diýip, demi-demine ýetmän sakyrdady.

— Wiý, gorkuzaýdymmy? Onda bagyşlaweriň! Gorkuzmak niýetim-ä ýokdy. Dogry, şular ýaly hokga çykaramda, kakamam, Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkilerem, ilki-ilkiler, gorkupdylar. Ýöne dura-bara öwrenişip gitdiler. Olar maňa üýtgeşik bir zadyň bolmajagyna göz ýetirip arkaýynlaşdylar.

— Ýöne men seň gideniňi duýmandyryn — diýip, Nensi gyzjagazyň elinden berk tutup, howlukmaçlyk bilen baýyrdan aşak düşüp başlady. — Seň gideniňi görmändirin, asyl, hiç kim görmändir. Üçekden uçup çykan bolaýma?!

Pollianna:

— Hawa, hawa! — diýip, şadyýan bökjekledi. — Hawa, uçup gitdim... ýöne ýokarlygyna däl-de, aşaklygyna gitdim. Men agaçdan aşak düşdüm.

Nensi doňňaradaşa öwrüldi.

— Näme etdim diýdiň?

— Otagymdaky penjireden çykdym, soňam agaçdan syrylyp, aşak düşdüm.

— Baý-bow! — diýip, Nensi ýene-de ädimlerini gataltdy. — Muňa daýzaň näme diýerkä?!

Gyzjagaz şähdaçyk halda:

— Beýle bilesiň gelýän bolsa, men oňa ähli zady bolşy-bolşy ýaly aýdaýaryn — diýip, çyny bilen gürledi.

— Ýok-ýok! Aýdyp oturma! Gerek däl!

— Meň beýdip ýörşümi daýzam halamaz öýdýänmi?! — diýende, Polliannanyň ýüzi çytyldy.

Nensi:

— Ýok... wiý... hawa... gowusy, sen muň pikirini etme. Aslynda, oň igençlerini eşidesim gelip baranok — diýip, başly-barat gürledi. Onuň bar aladasy Polliannany awuly dillerden, oňarsa, ondan beterräk zatlardan hem gorap saklamakdy. — Hany, gyssanaly. Men gap-gaçlaram ýuwmaly.

— Menem kömekleşerin!

— Goýaweri, hanym Pollianna!

Ara birsalym dymyşlyk düşdi. Asmanyň ýüzi barha garalýardy. Pollianna Nensiniň elinden hasam berk ýapyşdy.

— Bolsa-da, meň aladamy edipsiň. Ýogsa yzymdan gelmezdiň ahyry.

— Wah, kepderijigim, ajygansyňam... Gynansagam, aşhanada süýt bilen çörekden başga zat iýip bilmezmikäň diýýän. Daýzaň gaty gahary geldi... sebäbi sen agşamlyk naharyna gelmediň.

— Nädip geleýin?! Men baýyrda, ýokardadym ahyryn.

— Dogry, ýöne ol seň şol ýerdedigiňi bilenokdyda... düşünýäňmi?! — diýip, Nensi ýylgyrmakdan zordan saklandy. — Süýt bilen çörek iýjegiňe welin gynanýan, ýüregim bilen gynanýan.

— Ýok, men-ä gynanamok. Gaýtam begenýän.

— Begenýän diýýäňmi? Nämä begenýäň?

— Sebäbi men çörek bilen süýdi gowy görýän. Onsoňam seň bilen ümmüldeşip iýip-içesim gelýä. Muňa begenmän, dagy näme edeýin?

— Ýöne sen ähli zada begenip ýörsüň-dä! — diýip, Nensi hüňürdedi hem-de Polliannanyň üçekdäki darajyk ýalaňaç otagyna-da begenjek bolşuny ýadyna salyp ýylgyrdy.

Pollianna:

— Aslynda, muň özi oýun — diýip gülümjiredi.

— Oýun diýýäňmi?

— Hawa, «Hemişe begenmek, şat bolmak» oýnyda.

— Men-ä seň näme diýjek bolýanyňa düşünýän däldirin.

— Düşünmez ýaly näme bar bärde?! Bu-da bir oýun-da. Muny maňa kakam öwredipdi. Özem gaty gyzykly. Biz bu oýny hemişe oýnardyk. Gaty kiçijikligimden bäri oýnaýas. Men bu oýny Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkilere-de öwretdim. Olaram oýnady... hemmesi bolmasa-da, käbiri oýnady.

— Maňa-da öwret-dä. Dogrusy, oýun bilen kän bir ugrumam ýok welin...

Pollianna güldi. Soňundanam uludan demini aldy. Şonda horja ýüzüne tukatlyk çaýyldy.

— Aslynda, biz bu oýny ybadathana gutusyna pişek düşende oýnap başlapdyk.

— Pişek diýdiňmi?

— Hawa. Bir gezek meň gurjakly bolasym geldi. Kakamam bu hakda gerekli ýere hat ýazyp iberdi, ýöne guty gelende hanymlaryň biri hiç hili gurjagyň

ýokdugyny, ýöne kiçiräk pişegiň bardygyny ýazypdyr. Şonuň üçinem ol birden çagalaryň birine gerek bolaýmagynyň mümkindigini göz öňünde tutup, pişekleri iberipdir. Ynha, şonda-da biz şu oýny oýnap başladyk.

Nensi:

— Men-ä bärde oýun oýnar ýaly zat göremok — diýip, ör-gökden geldi. — Bu bir oýun däl-de, bolgusyz zat-la.

— Sen düşünmediň-dä... Biziň oýnumyzyň manysy begenmäge zat ýok ýerinden begenmegi başarmak — diýip, Pollianna bada-bat garşy çykdy. — ...Biz bu oýny şonda... pişekler gelen badyna oýnap başladyk.

— Eý, Hudaý! Gurjaga garaşyp durkaň, ýerine bir jübüt pişek geler-de, şoň nämesine begenjek.

Pollianna elini çarpdy.

— Ynha... ynha, gördüňmi?! — diýip, ol gürrüňiniň üstüni ýetirdi. — Başda menem muň begenip boljak tarapyny tapyp bilmedim. Ony maňa kakam düşündirdi.

Nensi:

— Beýle bolsa, belki, senem maňa düşündirsiň? — diýip hüňürdedi.

— Wiý! Şonam bileňokmy? Sen olary ulanyp bilmejegiňe begenmeli — diýip, Pollianna dabaraly gepledi. — Görýäňmi, nähili aňsat... diňe usulyny bilseň bolany.

— Her hili oýun gördüm welin, beýle geň oýny görmändim — diýen Nensi Polliannanyň ýüzüne howatyrly bakdy.

— Ýok, bu geň däl-de, gyzykly oýun — diýip, Pollianna öz diýenini tutdy. — Biz bu oýny şondan bäri kakam bilen oýnap gelýädik. Ýöne kämahal... kämahal bu oýny oýnamak gaty kyn düşýä... kakaň jennete gidip, ýanyňda Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkilerden başga hiç kim galmasa nätmeli?!.

— Hawa, ýa-da sen jaýyň üçegindäki darajyk ýalaňaç otaga ýerleşdirilen bolsaň — diýip, Nensi onuň sözüniň üstüni ýetirdi.

Pollianna uludan demini aldy.

— Başda muňa gaty gynandym — diýip, ol gönüsinden geldi. — Sebäbi men diýseň ýalňyzdym. Mende oýun oýnamaga hiç hili meýil ýokdy. Onsoňam men owadanja zatlaryň arasynda ýaşamaga höwes edipdim. Birdenem aýnada menekli ýüzümi synlamagy halamaýanym ýadyma düşdi, soňra-da penjireden ajaýyp görnüşi synladym. Şeýlelikde, men begenmek üçin sebäpleriň tapylandygyna düşündim. Şonda ýüregim ýerine gelen ýaly boldy. Düşünýäňmi... begençli zatlary tapmaga çalyşdygyňça, başga zatlary unudýaň... Meselem, tüýs ýürekden islän gurjagyňam unudýaň.

Bokurdagy dolan Nensi:

— Dogry! — diýip, kynlyk bilen dillendi.

— Aslynda, bu oýun uzaga çekenok — diýip, Pollianna uludan demini aldy. — Şeýlebir öwrenişipdirin. Oýnadygymsaýy gyzygyp gidýän. K-kakam ikimiz bu oýny diýseň halaýardyk.

Şu ýerde ol sözüne dyngy berdi.

— Ýöne... ýöne... indi bu oýny oýnamak biraz kynrak düşer. Sebäbi ýeke özüň oýnasaň gyzygy ýok. Belki, Polli daýzam ýoldaş bolar.

Pollianna birsalym dymdy-da:

— Aslynda-ha... — diýip, sözüni dowam etjek boldy. Ýöne Nensi:

— Eý, Hudaý! Şolmy oýun oýnajak? — diýip, onuň sözüni böldi. Soňra ol sesini gataldyp gepledi. — Diňläň, hanym Pollianna! Bu oýny gowy oýnaryn diýib-ä biljek däl. Şonda-da bileje oýnamaga söz berýän. Başardygyma görä oýnaryn... Hoşmy?

— Şeýlemi, Nensi! — diýip, Pollianna begenjine ony gujaklady. — Gowudygyny! Gyzykly bolar, dogry dälmi?!

Nensi:

— Mümkin — diýip, göwünli-göwünsiz gürledi. — Ýöne maňa kän bir bil baglamagyn. Hiç mahal oýun bilen mazam bolmandy. Onda-da ýüregim bilen synanyşyp görerin. Oňarmasam, başga birini taparsyň.

Aşhana girenlerinde, Nensi sözüni tamamladym etdi.

Pollianna işdämenlik bilen çörek iýdi, süýt içdi. Soňra Nensiniň maslahaty bilen myhman jaýyna, kitap okap oturan daýzasynyň ýanyna bardy. Hanym Polli ony sowuk nazary bilen boýdan-başa synlady.

— Agşamlyk naharyňy edindiňmi, Pollianna?

— Hawa, Polli daýza.

— Gelip-gelmänkäň, seni süýt bilen çörek iýmäge mejbur edenime diýseň gynanýan, Pollianna.

— Men-ä gynanamok, gaýtam begenýän, Polli daýza. Men çörek bilen süýdi gowy görýän. Nensem maňa ýaraýa.

Polli daýza oturan ýerinde çala dikeldi.

— Pollianna ýatar wagtyňam bolupdyr. Bu gün seň üçin gaty agyr gün boldy. Ertir seň üçin gündelik düzeli, saňa nämeleriň gerek boljagyny biler ýaly, egin-eşikleriňi gözden geçireli. Nensi saňa şem berer. Tutaňda seresap bolgun. Ertirlik nahary sagat sekiziň ýaryndadyr. Nahara wagtynda geljek bol. Gijäň rahat bolsun!

Pollianna özüne erk edip bilmän, daýzasynyň ýakynjagyna bardy-da, ony mähir bilen gujaklady.

— Siziň öýüňiz hezil eken — diýip, ol begenjini daşyna çykardy. — Bärde ýaşamagyň gowy boljagyny bilýän, aslynda, men muny bu ýere gelmänkämem bilýädim.

Ol bökjekläp barşyna:

— Gijäňiz rahat bolsun! — diýip, şadyýan seslendi.

Hanym Polli öz ýanyndan:

— Eý, Hudaý! — diýip oýa batdy. — Nähili üýtgeşik çaga!

Birdenem ol gaşlaryny çytdy.

— Men-ä oňa temmi berýän, olam muňa gaýtam begenýä. Üstesine, men muňa sähelçe-de gynanmaly dälmişim. Meň öýümde ýaşamagam ýaraýamyşyn. Eý, Hudaý! — diýip, ol elindäki kitabyny ýapdy.

Şundan on bäş minut soň, üçekdäki otagda ýalňyz galan gyzjagaz ýorganyna ýüzüni berip, aglap otyrdy.

— Bilýän, kakam perişdeleriň ýanyndadyr. Häzir men bu oýny düýbünden oýnamagy başaramok, sähelçe-de oýnap bilemok, ýöne, kaka jan, senem üçekde, şunuň ýaly garaňky ýerde ýeke ýatmagyň begenip bolaýjak gowy tarapyny tapyp bilmezdiň. Wah, şu mahal Nensiniň ýa-da Polli daýzamyň ýanynda bolsamdym. Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň ýanynda bolsamam bolardy. Şonda özümi azajygam bolsa gowy duýardym.

Şol wagt aşakda, aşhanada Nensi gündiz ýetişmedik işlerini bahymrak dynmak üçin başagaý bolup durdy. Ol gap-gaç ýuwulýan esgisini süýt guýulýan küýzä sokup, öwran-öwran heçjikleýärdi:

— Gurjak isleýärkäň pişek alanyňa begenmeli bolsa... Beýle manysyz oýny oýnamaly bolsa... Zyýany ýok, oýnaryn... Oňa hossar bolaryn... Direg bolaryn...

## VI bölüm

## Borç

Pollianna täze öýünde oýananda sagat ýedi töweregi boluberipdi. Penjireler günortadyr günbatar tarapda bolansoň, Gün görnenokdy. Ýöne oňa derek ol säheriň ümürli mawy asmanyny gördi. Bu gün howanyň ajaýyp boljagy bildirip durdy. Darajyk otagyň içi düýnküden salkyndy, howa ýakymlydy, arassady. Daşardan guşlaryň şadyýan owazy eşidilýärdi. Pollianna saýraýan guşlary görjek bolup, bada-bat ýerinden galdy. Şonda ol daýzasynyň aşakda, bagda, bägülleriň arasynda gezmeläp ýörenini gördi. Daýzasynyň ýanyna tizräk barmak üçin ol üst-başyna howul-hara serenjam berdi.

Pollianna iki gapyny hem açyk goýup, üçekdäki basgançaklardan ylgap düşdi. Dälizden geçip, beýleki basgançaklardan uçup diýen ýaly geçdi. Siňek geçmezligi üçin edilen gözenek örtükli gapydan çykyp, ony şarkyldadyp ýapdy-da, özüni bagyň içine atdy.

Polli daýza bili bükülen garry adam bilen bägülleriň üstüne eglip durka, begençden ýaňa kellesi göçen Pollianna özüni daýzasynyň üstüne oklady.

— Wah, Polli daýza, Polli daýza. Özümiň ýaşap ýörenime şeýlebir begenýän.

— Pollianna — diýip, ör-gökden gelen hanym Polli boýnundan aslyşyp duran ep-esli agramly gyzjagaz bilen bilelikde dikelmäge çalyşdy.

— Bu seň «ertiriňiz haýyrly bolsun!» diýşiňmi?

Gyzjagaz özüni ýere goýberip, şadyýan halda bökjeklemäge durdy.

— Ýok, ýöne men birini çynym bilen gowy göremde, özüme erk edip bilemok! Men sizi penjirämden gördüm. Şonda öz ýanymdan siziň Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň biri däl-de, meniň hakyky daýzamdygyňyz hakda oýlandym. Onsoňam gözüme şeýlebir owadan göründiňiz welin, tizräk aşak düşüp, sizi gujaklasym geldi.

Bili bükülen goja birden beýlesine bakdy. Hanym Polli gaşlaryny çytjak boldy, ýöne başarmady.

— Pollianna, sen... men... Tomas, bu günlükçe boldy edeli. Bägüller hakda aýdanyma düşünensiň-le — diýip, ol aljyraňňy gürledi, soňra yzyna öwrülip, öýe tarap alňasady.

Pollianna:

— Jenap, siz hemişe bagda işleýäňizmi? — diýip, gyzyklanyp sorady.

Goja bärsine bakdy. Onuň dodaklary müňküldeýärdi, gözleri bolsa ýaşaryp durdy.

— Hawa, hanym. Men goja Tom. Özümem bagban — diýip, ol, göýä, çäksiz bir güýjüň täsirine düşen dek sandyrap duran elini çekinjeňlik bilen öňe uzatdy-da, gyzjagazyň saryja saçyny sypalady.

— Kiçijik hanym, sen ejeňe şeýlebir meňzeş! Men ony sendenem kiçijikkä bilýädim. Men bu bagda... şo mahallaram işleýädim.

Pollianna «hiýh» edip içini çekdi.

— Şeýlemi?! Siz, hakykatdanam, ejemi tanaýadyňyzmy... asmanda däl-de, ýerdäki kiçijik melekkä-de tanaýadyňyzmy? Maňa ol hakda aýdyp beräýiň, haýyş edýän! — diýip, Pollianna gojanyň gapdalynda, gumly ýodajygyň üstünde çöke düşüp oturyberdi.

Şol pursat öýden jaň sesi geldi. Jaň sesi ýatmanka yzky gapydan Nensi atylyp çykdy.

— Hanym Pollianna, bilip goý, bu jaň sesi ertirlik naharynyň wagtynyň bolandygyny habar berýä... Düşündiňmi? — diýip, ol haş-haşlap, gyzjagazy çekeläp diýen ýaly ýerden galdyrdy-da, gyssanmaçlyk bilen ony gapa tarap alyp gaýtdy.

— Bek belle! Beýleki jaň sesleri günorta nahar wagtynyň bolanyny ýa-da agşam şamynyň bolanyny habar berýändir. Jaň seslerini eşiden badyňa sen ähli işiňi goýup, şobada naharhana ylgamalysyň. Eger meň aýdyşym ýaly etmeseň... onda muňa begenmäge sebäp tapmak ikimize-de başartmazmyka diýýän.

Ol Pollianany idenekledip diýen ýaly öýe saldy.

Ertirlik nahary birbada sessiz-üýnsüz dowam etdi. Stoluň üstünde ondan-oňa gonýan siňekleri görüp, jyny atlanan hanym Polli birden ajysyny pürkdi.

— Nensi, bu siňekler nireden düşüp ýör?

— Bilmedim, hanym. Aşhanada-ha ýekesem ýokdy.

Nensi halys başagaý bolansoň, düýn giçlik Polliannanyň penjireleri açyşdyryp, üçege çykanyndan habarsyzdy.

— Polli daýza, siňekler bärik meň otagymdan gelen bolaýmasyn? — diýip, Pollianna mylakatlylyk bilen düşündirmäge durdy. — Irden ýokarda siňekler hyň berýärdi.

Nensi otagdan gyssanmaç çykyp gitdi. Aslynda, ol ýaňyja peje goýlan gyzgynjak byzmyklary daşyna çykarmaga gidipdi.

— Meň otagymdan gelen bolaýmasyn diýdiňmi? — diýip, hanym Polli içini çekdi. — Sen näme diýjek bolýaň? Siňekler öýe nireden girip ýör?

— Wiý, Polli daýzamy, elbetde, gapydan ýa-da penjirelerden girendir. Olaryň içerik girenini özümem gördüm.

— Gördüňmi?! Diýmek, sen örtüksiz penjireleri açypsyň-da?!

— Wiý, hawa açdym. Polli daýza, olaryň hiç haýsysynda örtük ýokdy.

Şol pursat Nensi otaga eli byzmykly dolanyp geldi. Onuň gamaşyp duran ýüzi çym gyzyldy.

— Nensi! — diýip, öý bikesi ýiti sesi bilen oňa görkezme bermäge durdy. — Eliňdäki byzmyklary goý-da, häziriň özünde hanym Polliannanyň otagyna baryp, penjireleri ýapyşdyr. Gapylaram ýapmagy unutma. Irdenki işleňden dynaňsoňam, eliňe siňek öldürýäni al-da, ähli otaglara aýlanyp çyk. Ýekeje-de siňek galmasyn.

Soňra ol ýegençisine bakdy.

— Pollianna, men şol penjireler üçin örtük sarypdym. Elbetde, şeýtmek meň borjumdy. Ýöne, ynha, sen welin, öz borjuňy unudaýan ýaly.

— Men... borjumy unudypdyrynmy? — diýip, Pollianna gözlerini elek-çelek edip sorady.

— Elbetde. Men otagyň dymykdygyny bilýän, ýöne şol örtükler gelýänçä penjireleri açmazlygyňy isleýän. Pollianna, siňekler diňe bir hapa hem ýüregedüşgünç bolman, eýsem, saglygyň üçinem gaty zyýanly. Ertirlik naharyndan soň, men saňa siňekleň zyýany hakdaky kitapçany okamaga bererin.

— Okamak üçinmi? Hä-ä, sag boluň, Polli daýza! Büý-ä bolaýdy. Men okamagy juda halaýan.

Hanym Polli uludan demini aldy-da, dodaklaryny gysdy. Onuň gamaşyk ýüzüne nazary düşen Pollianna ýagdaýa düşünýän halda çala gaşyny çytdy.

— Polli daýza, öz borjumy unudandygym üçin bagyşlaň! — diýip, ol çekinjeňlik bilen ötünç sorady. — Dagy-duwara penjireleri açman.

Daýzasy jogap bermedi. Tä nahar iýlip bolunýança ondan ses-üýn çykmady. Soňra ol ýerinden turup, myhman jaýyndaky kitap tekjesine tarap ýöneldi, kiçijik kitapçany alansoň, yzyna dolandy hem-de ýegençisiniň gapdalyna geldi.

— Bu ýaňky aýdan kitapçam, Pollianna. Häziriň özünde otagyňa bar-da, şuny okap başla. Ýarym sagatdan menem ýokaryk galyp, eşikleriňi gözden geçirerin.

Pollianna kitabyň ýüzündäki siňegiň kellesiniň epesli ulaldylan şekilinden gözüni aýryp bilmän durşuna, yzly-yzyna başyny egdi-de:

— Polli daýza, köp sag boluň! — diýip, şadyýan seslendi.

Soňra ol bökjekläp, gapyny bat bilen ýapdy-da, otagdan çykyp gitdi.

Hanym Polli gaşlaryny gerdi, az-owlak ýaýdanjak ýaly etse-de, derrew otagy kesip geçip, gapyny açdy, ýöne üçege gidýän basgançaklary tarkyldadyp barýan Pollianna eýýäm gözden gaýyp bolupdy.

Ýarym sagatdan soň ýüzünde borjuny gyşarnyksyz ýerine ýetirýän kişiniň keşbinden başga alamat görünmeýän hanym Polli basgançaklardan ýokaryk galyp, Polliannanyň otagyna girdi. Gyzjagaz ony heşelle kakyp garşy aldy.

— Wah, Polli daýza, men ömrümde beýle täsin, gyzykly zat okap görmändim. Bu kitaby okamaga bereniňize minnetdar! Siňekleriň aýaklary bilen munça hapany göterip ýörüşlerinden habarymam ýokdy...

— Boldy! — diýip, Polli daýza badyhowalyk bilen onuň sözüni böldi. — Pollianna, hany, köýnekleriňi çykar, men olary gözden geçireýin. Saňa laýyk bolmajaklaryny Salliwanlara iberjek.

Pollianna elindäki kitaby göwünli-göwünsiz bir gapdalda goýdy-da, geýmasara tarap öwrüldi.

— Size geýimlem Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň pikir edişinden hem erbet görnermikä diýip howatyrlanýan — diýip, ol uludan demini aldy. — Ýöne soňky iki-üç aýyň dowamynda haýyr-sahawat gutusynda, esasan, oglanjyklardyr uly adamlaryň eşikleri bardy... Siz haçanam bolsa bir wagt haýyr-sahawat alyp görüpmidiňiz, gutyňyz bolupmydy, Polli daýza?

Daýzasy gaharly gözlerini mölertdi. Pollianna bada-bat gepiniň ugruny üýtgetmäge mejbur boldy.

— Elbetde, alyp gören dälsiňiz, Polli daýza! — diýip, Pollianna ters geplänini aňyp, çym gyzyl boldy. — Men ýadymdan çykaraýypdyryn, baý adamlar oň ýaly zatlar alanok ahyryn. Men kämahal siziň baýdygyňyzy unudaýýan... üçekde, şunuň ýaly otagda galamsoň...

Hanym Polli nägile halda dodaklaryny müňküldetdi. Sebäbi näme jogap berjegini bilmedi. Özüniň aýtma-

syz zatlary aýdyp oturanyndan bihabar Pollianna bolsa sözüne salym bermän gürleýärdi.

— Aslynda, bu haýyr-sahawat gutulary hakda gürrüň edip oturanyňa-da degenok... ondan islän zadyňy tapjak gümanyň ýok. Dogrusy, tapmaryn öýden zadyňam tapylanok. Haýyr-sahawat gutulary bilen bagly oýun oýnamak has agyr düşerdi. Kakamdyr meň üçin...

Bolsa-da, Pollianna daýzasynyň ýanynda kakasy hakda geplemeli däldigini wagtynda ýadyna saldy. Şonuň üçinem ol howlukmaçlyk bilen geýmasaryny dörüşdirdi hem-de köne-küşül eşijekleriniň barysyny daşyna çykardy.

Hanym göz-gülban köýneklere barmaklaryny çalaja degrip, gözden geçirişdirdi. Soňra çekmelerdäki ýamalan içki geýimlere nägile nazaryny aýlady.

— Iň gowularyny geýdim — diýip, Pollianna naýynjar seslendi. — Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýeti ony maňa bärik gaýtjak bolup durkam alyp berdi. Hanym Jownz... ol bu guramanyň ýolbaşçysy... beýlekiler eger galan ömürlerini ýeriň üstünde ýalaňaç geçirmeli bolsalaram, maňa bir içki geýimiň hökmandygyny aýtdy. Ýöne olar beýtmezler. Sebäbi jenap Waýt basgançaklardan gelýän aýak seslerini halamaýa. Onuň degnalary gowşakmyş... aýaly şeýle diýýär, ýöne onuň puly köp. Şonuň üçinem olar jenap Waýt haly üçin pul berer diýip pikir edýärler... gany gyzma bolany üçin. Jenap Waýtyň saglygynyň ugry ýok. Ýöne puly welin köp. Muňa ol begenmelimikä diýýän, şeýle dälmi?!

Hanym Polli ony diňlemeýän ýalydy. Ol içki geýimleri gözden geçirensoň, Pollianna bakdy-da, garaşylmadyk sowal berdi.

— Ýogsa-da sen mekdebe gatnansyň-la, Pollianna?!

— Dagy näme, Polli daýza. Onsoňam kakam... meni öýde-de okatdylar.

Hanym Polli gaşlaryny çytdy.

— Örän gowy. Güýzde sen bärdäki mekdebe gatnap başlarsyň. Jenap Hol seni haýsy synpa goşmalydygyny anyklar. Okuw başlaýança-da sen her gün azyndan ýarym sagat kitaplary daşyňdan, sesli okap berersiň.

— Men okamagy juda halaýan, ýöne eger siz meni diňlemek islemeseňiz, onda höwes bilen içimden okardym... çynymy aýdýan, Polli daýza. Sebäbi içimden okamagy has-da halaýan... uzyn sözleri daşyňdan okamak kyn.

Hanym Polli:

— Dogrudyr! — diýip, sowuk-sala jogap berdi. — Saz çalyp bilýäňmi?

— Beýle bir gowy çalyb-a bilemok. Men öz saz çalşyma göwnüm ýetenok... men illeň saz çalşyny halaýan. Biraz pianinony öwrenipdim. Hanym Greý... ybadathanada saz çalýar... ol maňa-da öwretdi. Ýöne, dogrymy aýtsam, Polli daýza, saz çalmany öwrenesim gelenok.

Hanym Polli gaşlaryny çalarak çytyp:

— Bolup biler — diýdi. — Onda-da, sazyň esasy düzgünlerini öwrenmegiň gerek. Muny öwretmek meň borjum. Tikin-çatyndan başyň çykýandyr-la?!

— Hawa, hanym — diýip, ol uludan demini aldy. — Ony maňa Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkiler öwretdi. Ýöne bu maňa diýseň agyr düşdi. Hanym Jownz meniň iňňe tutuşymy halamady, ilik dakmaly bolanda iňňäni olaryňky ýaly tutmaýandygymy düşündirerdi, hanym Waýt goşa tikiniň gaýmadan öň öwredilmelidigini, hanym Harriman bolsa meň tikin işine asla ýakynlaşmaly däldigimi aýdardylar.

— Indiden beýläk beýle bolgusyz gürrüňlere gulak gabardyp ýörmersiň, Pollianna. Tikin-çatyny saňa özüm elinjek öwrederin. Çakym çak bolsa, seň bişdüşdenem başyň çykmaýan ýaly.

Pollianna birden gülüp goýberdi.

— Ony maňa şu tomus öwredip başlapdylar, ýöne o-da uzaga çekmedi. Olar tikin işini öwredenlerindenem beter jedele girdiler. Çörek bişirmegi öwretmekden başlajak bolanlarynda, muňa iki kişi garşy çykdy. Halys jedele ýatdylar. Ahyrsoňy gezekli-gezegine hepdede bir gün, säher wagty öz aşhanasynda bir zat bişirmegi öwetmeli diýen netijä geldiler. Men şokolad kempudy bilen injirli şirinnanyň bişirilişini ýaňy bir öwrenipdim welin... biş-düş işini bes etmeli boldum.

Polliannanyň bokurdagy doldy.

Hanym Polli:

— Şokolad kempudy bilen injirli şirinnanymy?! — diýip, ýaňsyly gepledi. — Zyýany ýok. Biz bu ýagdaýy bahym düzederis.

Ol biraz pikirlenip durdy-da, sözüni dowam etdi.

— Her gün irden, sagat dokuzda maňa ýarym sagat sesli kitap okap berersiň. Ondan öňinçä otagyňy tertibe salarsyň. Çarşenbedir şenbe günleri irden sagat onuň ýarynda, aşhanada Nensi bilen bilelikde nahar bişirmegi öwrenersiň. Galan günleri irden meň bilen tikin-çatyn öwrenersiň. Öýleden soňky wagtyňy saz çalmaga sarp edersiň. Elbetde, muň üçin saňa häziriň özünde saz mugallymyny tapmagyň ugruna çykmak gerek — diýip, hanym Polli sözüni tamamladym etdi-de, ýerinden turdy.

Pollianna ör-gökden gelip gygyrdy.

— Wah, Polli daýza, Polli daýza, siz bar wagtymy aldyňyz-a... Men nädip ýaşamaly?

— Nädip ýaşamaly? Bu näme diýdigiň bolýa? Hamala, sen häzire çenli ýaşamaýan ýaly-la!

— Dogry, Polli daýza! Elbetde, men bu işler bilen meşgul bolýarkam demimem sogrulmaz, here-

ketsizem galman. Polli daýza, ýöne, muň özi, meň ýaşadygym däl-ä? Ýatyrkagam dem alýas, ýöne ýaşamzok. Men «ýaşamak» diýip... daşarda oýnamak, içimden kitap okamak, baýyrlara dyrmaşmak, bagdaky jenap Tom bilen, Nensi bilen gepleşmek, öýi, adamlary tanamak, ähli zatlary, ähli ýeri, düýn gören ajaýyp köçelerimi öwrenmek ýaly tüýs ýürekden etmek isleýän zatlarymy göz öňünde tutýan. Men şuňa ýaşamak diýýän, Polli daýza. Diňe dem alanyň ýaşamagy aňlatmaýa.

Hanym Polli ganygyzgynlyk bilen başyny galdyrdy.

— Pollianna, sen gaty üýtgeşik çaga! Elbetde, oýnamaga-da wagtyň bolar. Ýöne menem seň özüňe laýyk sowat almagyň, ýeterlik alada bilen gurşalmagyň üçin elimden gelenini etmeli, borjumy birkemsiz ýerine ýetirmeli. Seniňem gadyrbilmezlik etmän, sowat öwrenjek bolmagyňy, meň aladalammyň biderek ýele sowrulmazlygy üçin eliňden gelenini etmegiňi isleýän.

Pollianna oňa geň galyp bakdy.

— Wah, Polli daýza, heýem, men gadyrbilmezlik ederinmi?! Men sizi gowy görýän ahyryn... Onsoňam siz hol, Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkiler däl-de, meň hakyky daýzam-a!

— Gaty gowy. Şony bilýänem bolsaň bolýa — diýdi-de, hanym Polli gapa tarap ýöneldi.

Ol basgançaklaryň ýaňy bir orta gürpüne ýetipdi welin, onuň arkasyndan inçejik sandyrawuk ses geldi:

— Polli daýza, ýöne siz köýneklemmi nätmelidigini aýtmadyňyz ahyryn.

Polli daýza nämedir bir zatdan halys iren ýaly, şeýlebir uludan demini aldy welin, onuň hyşşyldysy Polliannanyň gulagyna eşidilip gitdi.

— Wah, men düýbünden unudypdyryn, Pollianna. Şu gün sagat ikiň ýarynda Timoti bizi şähere äkider. Geýimleň hiç haýsysy hem saňa laýyk däl. Bu köýnekleri geýip, saňa daşaryk çykmaga rugsat berip bilmen. Şeýtsem, öz borjumy bolmalysy ýaly ýerine ýetirmedigim bolar.

Bu gezek Pollianna uludan demini aldy. «Borç»... ol indi bu sözden halys bez bolupdy.

— Polli daýza — diýip, ol ýalbaryjy äheňde gürledi. — Borçda begener ýaly näme bar?

Hanym Polli:

— Näm-e? — diýip, süýkdürip gürledi, gahardan ýaňa hum ýaly çişibem, basgançakdan aşak düşdi.

— Beýle edepsiz bolmazlar, Pollianna!

Üçekdäki darajyk dymyk otagda Pollianna dim-dik arkasöýegli oturgyçlaryň birine özüni goýberdi. Göwnüne täze durmuş depesinden saýa salýan borjuň tükeniksiz aýlawyna çalym edýän ýalydy.

— Edepsiz bolup-bolmaz ýaly, men näme diýenmişim? — diýip, ol hiç zada düşünmeýän terzde pyşyrdady. — Men bary-ýogy borç diýilýän zatda begener ýaly nämäň bolup biljekdigi ýa-da bolup bilmejekdigi hakda soradym-a.

Pollianna düşeginiň üstünde ýaýraşyp ýatan köýneklerine nazaryny dikip, birsalym sessiz oturdy. Soňra haýallyk bilen ýerinden galyp, eşiklerini ýygnamaga başlady.

Pollianna:

— Görýän welin, bärde begener ýaly zat ýok öýdýän — diýip, çasly gürledi. — Borç ýerine ýetirilensoň begenäýmesem?!

Şeýle diýibem hahahaýlap gülüp goýberdi.

## VII bölüm

### Hanym Polli ýegençisine temmi berýär

Sagat ikiniň ýarynda Timoti paýtunly hanym Polli bilen ýegençisini öýden ýarym mil uzaklykda ýerleşýän dükanlaryň dört-bäş sanysyna aýlady.

Polliannanyň geýimlerini täzelemek işi olaryň barysy üçin ýatdan çykmajak tomaşa öwrüldi. Hanym Polli dükanlara aýlanyp çykansoň, ýanardagyň ýukajyk hatarly gatlagynyň üstünden geçip, gury ýere aýak basan ýaly özüni rahat duýdy. Olara hyzmat eden işgärleriň bolsa gülmekden ýaňa gözleri ýaşaryp gidipdi. Sebäbi olar Polliannanyň bir hepdeläp dostlarynyň içini gyrmaga ýetjek gyzykly hekaýatlaryny diňläpdiler. Polliannanyň özi hem dükanlardan ýylgyryp, hoşal bolup çykdy. Ol dükandaky işgärleriň birine:

— Öň diňe haýyr-sahawat gutusyndan çykan geýimler bilen çäklenýärkäm, onsoňam Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň geýindirişleri bilen oňmaly bolýarkam, maňa häzir dükanlara aýlanmak, täzeje eşikleri satyn almak diýseň hoş ýakýa, geýimleri özüme deňäp, laýygyny alýanym üçin, soň olary daraltmagam, giňeltmegem gerek däl — diýip içini dökdi.

Geýim-gejim satyn almak işi olaryň uzakly gününi alypdy. Agşamlyk naharyndan soň, Pollianna bagda goja Tom bilen gürrüňdeş boldy. Polli daýzanyň goňşularyňka myhmançylyga gideninden peýdalanyp, arka tarapdaky eýwanda gap-gaçlary ýuwup bolan Nensi bilenem birsellem gepleşip oturdy.

Goja Tom oňa ejesi hakda ýakymly zatlar aýdyp berdi. Bu gürrüňlerden soň, Pollianna özüni diýseň bagtly duýdy. Nensi hem oňa alty mil uzaklykda ýerleşýän Konersdäki kiçijik fermada ýaşaýan mähriban ejesidir jigileri hakda gürrüň berdi. Nensi eger hanym Polli garşy bolup durmasa, ferma giden mahaly Polliannanam ýany bilen alyp gitmäge oňa söz berdi.

— Olaň gelşikli, owadan atlary nämä degenok. Seň halajagyňy bilýän — diýip, Nensi süýjüdip gürledi.

— Eljinon, Florabel hem Estel. Özüm-ä Nensi adyny ýaman ýigrenýän!

Pollianna oňa mölerilip bakdy.

— Wiý, Nensiň aýdyp oturan zadyny?! Näme üçin ýigrenýäň? O seň adyň ahyryn. Heý, öz adyňam halaman bolarmy?!

— Barybir, Nensi ady jigilemmiňki ýaly owadan däl. Men maşgalada ilkinji çaga, ejem şol mahallar kitap okamaýar eken. Soň ol gyzykly eserleri okap başlapdyr, jigilemmiň owadan adyna-da şol eserlerde gabat gelipdir.

— Özüm-ä Nensi adyny gowy görýän, hasam seň adyň şo bolany üçin.

— Hm-m! Eger-de maňa Klarissa Mabel adyny goýan bolsalar, meni häzirkiňden kem görmezdiň. Şonda menem başga kişileň adyna höwes edip, heläk bolup ýörmezdim. Klarissa Mabel! Nähili ajaýyp at!

— Aslynda... — diýip, Pollianna güldi. — Sen öz adyňyň Gipziba däldigine begen.

— Gipziba diýdiňmi?!

— Hawa. Bu hanym Waýtyň ady. Adamsy oňa «Gip» diýip ýüzlenýä, ýöne hanym Waýt şeý diýlenini halanok. Ol adamsy «Gip! Gip!» diýende, yz ýanyndan «Urra!» diýäýjek ýalymyş. Özüne «Gip! Gip! Urra!» diýilse, gyr kakynymyş.

Nensiniň çytyk ýüzi birden açylyp gitdi.

— Sen-ä muny oňaraýdyň. Indi biri «Nensi» diýip adymy tutup gygyrsa, «Gip! Gibi!» ýatlamanam, oňa gülmänem durup bilmen. Aslynda, men muňa begenmänem duramok...

Ol sözüni soňlaman, gyzjagazyň ýüzüne çiňerilip bakdy.

— Ýogsa-da, hanym Pollianna, siz häzirem şojagaz oýnuňyzy oýnap dursuňyz öýdýän. Meni begendirjek bolduňyzmy? Şoň üçin Gipziba adyny ýatladyňyzmy?

Pollianna ilki çynlakaý keşbe girdi, soňam jak-jaklap güldi.

— Hawa, Nensi! Men şol oýny oýnap durdum öýdýän... ýöne bu gezek oýun oýnaýanymy özümem bilmän galypdyryn. Düşünýäňmi, kän oýnaberseň, şeýlebir öwrenişýäň welin... begenmek üçin hemme zat diliňe gelip dur. Eger çynyň bilen gözleseň, islendik ýagdaýdan begenmäge zat tapyp bolýa. Ýürekden tapmak isleýän bolsaň, ähli zadyň begenip boljak tarapy bar.

Nensi:

— B-bolup biler — diýip, göwünli-göwünsiz dillendi.

Sagat dokuzyň ýarynda Pollianna öz otagyna ýatmaga gitdi. Örtükler entegem gelmänsoň, kiçijik otag howurly pejiň içini ýadyňa salýardy. Pollianna ýapyk duran iki sany penjirä maýyl gözler bilen bakdy... ýöne olary açmady. Ol köýnegini çykaryp, tertiplije epläp goýdy, soňam çokunyp, şemi üfledi-de, düşegine geçdi.

Gyzgyn düşeginde ukusyzlykdan kösenip, bir eýlesine-bir beýlesine öwrülip, näçe wagtlap ýatanyny bilenok, ýöne düşeginden galanda ýagdaýy esli wagt ezýet çekeniňki ýalydy. Ol sermeneкläp, gapyny açdy.

Aýyň gündogar penjireden düşýän kümüşsöw ýagtysy diýäýmeseň, üçekde ähli zat gap-garaňky bolup görünýärdi. Içeriniň hopukdyryjy garaňkylygyna ähmiýet bermän, Pollianna uludan demini aldy-da, kümüşsöw ýagtylygy nazarlap, göni penjirä tarap ýöredi.

Pikirleri garjaşyk Pollianna iň bolmanda şu penjiräniň beri örtükli bolmagyny isledi, ýöne ol hem örtüksizdi. Daşarda ertekilerdäki ýaly owadan giň dünýä ýaýlyp durdy hem gyzan ýaňaklarynadyr ellerine hoş ýakjak ýakymly salkynjak howa bardy.

Ol penjirä ýakynlaşyp, nebsewürlik bilen daşaryny synlamaga durdy, birdenem Polliannanyň gözleri hanym Polliniň açyk eýwanynyň penjireden çala aşakda ýerleşýän tekiz tagtadan edilen üçeginde eglendi. Bu görnüş ony özüne maýyl etdi. Wah, şu mahal ol daşarda, şol üçegiň üstünde bolsady.

Ol ýaýdanyp, ýeňsesine bakdy. Yzda onuň kiçijik yssy otagydyr howurly düşegi bardy, beterinden-beteri hem ikisiniň aralygynda iniňi tikenekledýän garaňky boşluk ýatyrdy. Öňünde, daşarda, üçegiň üstünde Aýyň ýagtysy, ýakymly, salkynjak agşam howasy barka, ol gorkusyndan titir-titir edip, sermenekläp, bu garaňkylyga dolanmak islemedi.

Wah, şu mahal düşegi daşarda bolsady! Aslynda, daşarda ýatýan bagtly adamlaram bar ahyryn. Uzak günbatarda ýaşaýarka, Joel Hartliý atly bir adam bardy. Ol inçekeselli bolansoň, daşarda ýatanyny kem görenokdy.

Birdenem şu penjirä ýakyn bir ýerde çüýden asylyp goýlan birnäçe ak haltanyň bardygy Polliannanyň ýadyna düşdi. Nensi olara tomusda ýygnalyp goýlan gyş geýimleriniň salnandygyny aýdypdy. Pollianna garaňkyda çala galpyldap, şol haltalaryň iň ulusyny açyp, dörüşdirmäge durdy. Onuň içinde hanym Polliniň deňiz pişiginiň derisinden tikilen possuny bardy. Ony düşekçe üçin ulanyp boljakdy. Gaty dykylmadyk haltany iki epläp ýassyk etmek üçin, has boş görünýän ýene bir haltany bolsa üstüni örtmek üçin aldy. Ýüki ýeten Pollianna şähdaçyk halda Aýyň ýagtysy düşüp duran penjirä tarap ýöneldi. Penjiräni açyp, ähli goşuny aşak oklady, yzyndanam özi düşdi-de, seresaplylyk bilen penjiräni ýapdy... Çünki hapa baryny daşaýan siňekleriň öýe girjekdigi ýadyna düşüp durdy.

Howa nähili tämiz! Öýkenini salkynjak howadan dolduran Pollianna begenjine duran ýerinde bökjekläberdi. Şonda aýagynyň astyndaky agaç üçek çala şatyrdap gitdi. Üýtgeşik şatyrdy sesi Polliannanyň göwnüne ýaraman durmady.

Ol üçegiň o çetinden bu çetine iki-üç gezek keýpihon ýöredi... darajyk, dymyk otagdan çykansoň, bu ýerde ol özüni howada ýüzüp ýören ýaly ýeňil duýdy. Üçek gaty giň hem tekizdi, aşak ýykyljak gümanyň ýokdy. Ol özüni dürsäp, demini alansoň, deňiz pişiginiň derisinden tikilen possunyň üstünde gyşardy, bir haltany ýassyk, beýlekisini bolsa ýorgan edinip, oňaýlyja ýerleşdi.

Pollianna ýyldyzlary synlap ýatyşyna:

— Men şu mahal penjireleriň örtüginiň ýokdugyna şeýlebir begenýän — diýip pyşyrdady. — Ýogsa men beýle gözelligi synlap bilmezdim.

Şol pursat aşakda eýwanyň gapdalyndaky otagda, hanym Polli başagaý halda ýeňil köýneginidir şypbygyny geýdi. Onuň gorkudan ýaňa ýüzi duw akdy. Ol sesini endiredip, Timotä jaň etdi.

— Häziriň özünde ýokaryk gal!.. Kakaňam alyp gel. Ýanyňda elçyraňam bolsun. Eýwanyň üçeginde bir-ä bar. Dalbardan ýa-da başga bir ýerden ýokaryk çykan bolmagy ähtimal. Ol üçegiň günorta tarapdaky penjiresinden içerik girip biler. Men üçegiň gapysyny kiltledimem welin... şonda-da bahymrak boluň!

Birsalymdan ýaňy süýji uka giden Pollianna çyranyň ýagtysynadyr üç kişiniň birden: «hiýh!» edip içini çeken sesine zähresi ýarylara gelip oýandy. Ol gözlerini açan mahaly ýakynynda, basgançagyň üstünde Timotini, penjireden zordan ätläp duran goja Tomy, onuň arkasynda-da daýzasynyň ýüzüni gördi.

Polli daýza:

— Bu näme boldugy? — diýip haýkyrdy.

Pollianna ukuly gözüni açalak-ýumalak edip, düşeginde dikeldi.

— Tom daýy... Polli daýza — diýip, ol sakawlady. — Menden gorkmaweriň! Daşarda Joel Hartliý ýaly inçekeselli bolanym üçin ýatmadym. Men ýaman...

Timoti göz açyp-ýumasy salymda basgançakdan sumat boldy. Goja Tomam elindäki elçyrajygy hanym Pollä uzatdy-da, oglunyň yzyndan haýdady. Hanym Polli erkekler tä gözden ýitýänçä dilini dişledi, soňam azmly gürledi:

— Pollianna, o haltalary maňa uzat-da, häziriň özünde içerik gir.

Biraz soňra eli elçyraly hanym Polli ýegençisi bilen bilelikde üçege garşy öwrülende:

— Her hili çaga gördüm welin, seň ýalysyny görmändim! — diýip, başyny ýaýkady.

Daşarda salkynjak howadan dem alan Pollianna üçin içeriniň howasy öňküdenem dymyk hem yssy göründi. Ol kükregini dolduryp dem aldy, ýöne nägiledigini bildirmedi.

Basgançak bilen ýöräp ugran hanym Polli garaşylmadyk ýerden:

— Pollianna, bu gije ýanymda, meň düşegimde ýatarsyň. Örtükleri ertir getirerler, ýöne şoňa çenli seni gözümiň görüp duran ýerinde saklamak meň borjum — diýip, heçjikläp-heçjikläp aýtdy.

— Siziň bilenmi? Siziň düşegiňizdemi? — diýip, Pollianna içini çekdi. — Wah, Polli daýza, Polli daýza, muňa şeýlebir begenýän! Ýatjak mahalyň ýanyňda ýakyn hossarlaryň bolsa nähili gowy! Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkiler däl-de, öz hakyky garyndaşlaryň ýanyňda bolsa gowy. Eý, Hudaý! Men şol örtükleriň ýokdugyna şeýlebir begenýän! Ýogsada siz begeneňzokmy?!

Hanym Polliden hiç hili jogap bolmady. Ol öňden ýöräp barýardy. Hakykatda, hanym Polli şu mahal özüni çäresiz duýýardy. Polliannanyň bu ýere geleli bäri gyzjagazyň berlen temmileriň baryny ýagşylyk hem sylag hökmünde kabul etmegine ol eýýäm üçünji gezek gabat gelýärdi. Şonuň üçin hanym Polliniň häzir gyzjagazyň öňünde özüni alaçsyz duýmagy geň zat däldi.

## VIII bölüm

## Pollianna myhmançylykda

Harriňton mülkünde durmuşyň düzgünleşip başlamagy uzaga çekmedi... Aslynda, bu düzgün hanym Polliniň başda ýola goýmak isleýşi ýaly bolmady. Pollianna tikin tikdi, sesli kitap okady, aşhanada nahar bişirmegi öwrendi. Hawa, bu hakykat. Ýöne ol bu zatlaryň hiç haýsysyna başda göz öňünde tutulyşy ýaly köp wagt sarp etmedi. Ýöne Polliannanyň aýdyşy ýaly, «ýaşamak» üçin welin, onuň has köp wagty boldy. Günüň sagat iki bilen alty aralygy onuň özüne degişlidi. Polli daýzasy tarapyndan çürt-kesik gadagançylyk girizilen käbir zatlary edip bilmese-de, Pollianna üçin göwün solpusyndan çykar ýaly eslije wagt galýardy.

Bu boş wagtlar Polliannanyň ähli derslerden soň dynç almagy üçin gerekmi ýa-da Polli daýzanyň Polliannadan dynç almagy üçin gerekmi, belli däldi. Ýöne iýul aýynyň barha ahyrlamagy bilen hanym Polli: «Beýle-de bir üýtgeşik çaga bor oguşýa!» diýip gaty köp gaýtalamaly boldy. Hanym Polli ýegençisi bilen her gün sapak geçip gutaranyndan soň, halys tapdan düşüp, ysgyn-mejalsyz galýardy.

Nensi welin, aşhanada hiç hili kynçylyksyz öz işiniň hötdesinden gelýärdi. Onuň armasy-da ýokdy, irmesi-de ýokdy. Her çarşenbedir şenbe bolsa onuň

üçin baýramçylyk günleri ýalydy.

Harriňton mülküne ýakyn ýerde Pollianna bilen bile oýnar ýaly hiç hili çaga ýokdy. Mülküň özi obanyň çetinde ýerleşýärdi. Golaýda başga hojalyklaram bardy, ýöne olarda Pollianna bilen deň-duş oglanjyklar, gyzjagazlar ýokdy, ýöne bu ýagdaý Polliannany sähelçe-de darykdyrmaýardy.

Ol Nensä:

— Zyýany ýok – diýip düşündirýärdi. — Töwerekde ýöne gezelenç etmegem, köçeleri, öýleri, adamlary synlamagam maňa çäksiz lezzet berýä. Men adamlary gowy görýän. Senem olary gowy görýäňmi, Nensi?

— Hä... olaryň ählisin-ä... gowy görýän diýip biljek däl.

Pollianna Hudaýyň beren her gününi gezelençsiz oňup bilenokdy. Ol bir gün bir tarapa, ertesi gün bolsa başga bir tarapa ýola düşerdi. Ýumuş bilen şähere dagy iberiläýse guş bolup uçaýsam diýerdi. Şeýle gezelençleriň birinde ol bir adama gabat gelipdi. Gezelenç wagtlary başga adamlara-da gabat gelýändigine garamazdan, Pollianna ala-böle ony öz ýanyndan «Meň nätanyş kişim» diýip atlandyryp başlapdy.

Onuň nätanyş diýýäni köplenç uzyn gara possun hem zömmek başgap geýerdi... Bu jelegaýda başga şeýle geýinýän ýokdy. Onuň sakgal-murty ýylmanak, tekiz edilip syrylandy, ýüzi solgundy, başgabynyň aşagyndan görnüp duran saçlary çalarypdy. Özem dikgerilip, çalasyn ýöreýärdi. Pollianna ony hiç mahal ýany ýoldaşly görmändi. Ol hemişe ýeke gezerdi. Muňa Polliannanyň nebsi agyrdy. Günlerde bir günem oňa habar gatdy:

— Ýagdaýlaryňyz nähili, jenap? Bu gün nähili ajaýyp gün, şeýle dälmi?!

Nätanyş oňa perwaýsyz seredip, aýak çekdi-de, özüne ýüzlenilenine ynanmaýan ýaly:

— Sen... sen muny maňa diýýäňmi? — diýip, kesgin gepledi.

Pollianna:

— Hawa, jenap — diýip, şähdaçyk jogap berdi. — Men: «Bu gün nähili ajaýyp gün, şeýle dälmi?» diýip soradym.

Ol:

— Hä? Ä-ä! Hm-m! — diýip hüňürdedi-de, ýene ýoluny dowam etdirdi.

Pollianna jykyrdap güldi. Onuň pikiriçe, nätanyş gülkünç adamdy.

Ertesi gün gyzjagaz ýene oňa gabat geldi.

— Bu gün düýnki ýaly beýle ajaýyb-a däl welin, ýöne gaty erbedem däl — diýip, Pollianna onuň yzyndan gülüp gygyrdy.

Ol edil öňküsi ýaly:

— Hä? Ä-ä! Hm-m! — diýip hüňürdedi. Pollianna bu gezegem jykyrdap galdy.

Pollianna oňa üçünji gezegem şol birmeňzeş äheňde ýüzlenende, nätanyş birden aýak çekdi-de:

— Hawa, gyzjagaz, sen kim borsuň, näme üçin her gün maňa habar gatýaň? — diýip sorady.

— Meň adym Pollianna Witýer. Siz mydama ýeke gezip ýörsüňiz. Ýalňyzlykdan içiňizem gysýandyr. Aýak çekeniňize diýseň şat. Ynha, indi biz tanyş... ýöne men siziň adyňyzy bilemog-a.

— Her hili çaga gördüm welin, beýle... — diýip, nätanyş kişi sözüni tamamlaman, ädimini batlandyrdy.

Polliannanyň ýylgyryp duran ýüzi gamaşyp gitdi. Gyzjagaz onuň yzyndan lapykeçlik bilen seredip galdy.

— Belki, ol maňa düşünen däldir... biz ýarym tanyş bolup galdyk. Biri bilen tanşyp durkaň, özüňi beýle alyp barmak edepsizlik ahyryn. Ýeri, adyňy aýdanyň bilen näme bolýamyşyn? — diýip, Pollianna hüňürdedi-de, ýoluny dowam etdirdi.

Pollianna bu gün hanym Snowa göle aýagynyň çorbasyny äkitmelidi. Hanym Polli hanym Snowa hepdede bir gün nämedir bir zatlar ibererdi. Onuň aýdyşyna görä, şeýtmek onuň borjudy, sebäbi hanym Snow pukarady, ýarawsyzdy. Onsoňam hanym Polli ikisi bir ybadathana gatnaýardy. Hanym Snowa göz-gulak bolmak şol ybadathana dahylly kişileriň ählisiniň borjudy. Hanym Polli her penşenbe güni hanym Snowlara tagam ibererdi. Ol bu işi Nensiniň üstüne ýükläpdi. Bu gün Pollianna bu hormatly işi höwes bilen öz üstüne alarman boldy. Nensi hanym Polliniň razylygy bilen ony bada-bat Pollianna ynandy.

Nensi Pollianna bilen ikiçäk galanda:

— Aslynda, men bu işden dynanyma begenmänem duramok — diýip, gönüsinden geldi. — Muny seň boýnuňa atmak gelşiksizem welin... Hanym Polli beýtmeli däldi. Hawa, beýtmeli däldi! Oňarmady! Saňa nebsim agyrýa.

— Ýöne men-ä muňa höwes edýän, Nensi.

— Ynha, ýekeje gezek gidip geleniňden soň, gaýdyp şoň ýanyna barasyň gelmez — diýip, Nensi aýlawly gürledi.

— Näme üçin?

— Sebäbi ony hiç kimiň jyny alanok. Entegem adamlaň oňa ýüregi awaýa. Ýogsa şoň ýanyna ýeke kişem ýakynlaşmazdy. Ol durşy bilen iňirdä ýugrulan. Ähli zatdan beterem oňa göz-gulak bolýan gyzyna haýpym gelýä.

— Näme üçin? — diýip, Pollianna geň galdy.

Nensi egnini gysdy.

— Muny nähili düşündirsemkäm? Oňa gulak gabartsaň, dünýäde bolup geçýän zatlaň barysy ters. Ol hatda hepdäniň aýlanyşynam halanok. Duşenbede ol şol günüň ýekşenbe bolmagyny isleýä... eger çorba



 

eltip berseň, gowrulan jüýje iýesiniň gelýändigini aýdar... jüýje eltäýseňem... guzy çorbasyna garaşypdym diýer.

Pollianna:

— Bäý-bä, gaty üýtgeşik, gülkünç aýal ekeni! — diýip jykyrdady. — Ony eýýämden göresim gelýä. Ol gaty täsin hem... hiç kime meňzänok. Men üýtgeşik adamlary gowy görýän.

— Hm-m! Hawa, hanym Snowuň üýtgeşik kemi ýok. Ikimiziň şoňa meňzemeýänimize-de şükür... — diýip, Nensi nebsagyryjylykly gürledi.

Bu gün Pollianna kiçijik, çagşan külbäniň gapysyndan baranda, Nensiniň aýdanlary ýadyna düşdi. «Üýtgeşik» hanym Snow bilen görüşjegine ýüregi gürsüldäp, gözleri uçganaklaýardy.

Gapyny ýadaw görünýän, solgun ýüzli gyz açdy.

Pollianna:

— Salam hanym! — diýip, hoşamaý salamlaşdy. — Meni hanym Polli Harriňton iberdi. Hanym Snowy göräýjekdim.

— Göräýjekdim diýýäňmi?! Ony göresi gelýän ilkinji kişi sen bolmaly — diýip, gyz ýuwaşja hüňürdedi, şonuň üçinem Pollianna ony eşitmän galdy. Gyz yzyna öwrülip, ony däliziň aýagujunda ýerleşýän gapa tarap alyp gitdi.

Gyz ony içerik salyp, gapyny ýapansoň, Pollianna alagaraňky otaga öwrenişjek bolup, gözüni açalakýumalak etdi. Soňra ol törde düşeginde çala gysarylyp oturan bir aýalyň öçügsi suduryny gördi. Pollianna bada-bat onuň ýanyna golaýlaşdy.

— Hanym Snow, ýagdaýlaryňyz nähili? Polli daýza köp salam aýdýa. Ol size bu gün göle aýagynyň çorbasyny iberdi.

Hanym Snow:

— Şeýlemi! Göle çorbasy diýsene! — diýip, göwünli-göwünsiz seslendi. — Elbetde, men muňa diýseň minnetdar, ýöne men bu gün guzy çorbasyna garaşypdym.

Pollianna aljyrajak ýaly etdi:

— Wiý! Men-ä siz göle aýagynyň çorbasy getirilende, gowrulan jüýje sorarmykaňyz öýdüpdim.

— Näme? — diýip, ýarawsyz aýal birden başyny galdyrdy.

— Üýtgeşik diýjek bolýan zadym ýok – diýip, Pollianna şol bir hörpde dowam etdi. — Aslynda, biderek zat-la. Ýöne Nensi size göle aýagynyň çorbasy getirilende, gowrulan jüýje iýesiňiziň gelýänini, jüýje getirilende bolsa, guzy çorbasyny iýesiňiziň gelýänini aýdypdy... belki, hakykatda tersinedir... Mümkin, Nensi ýalňyş aýdandyr.

Ýarawsyz aýal düşeginde dikeldi... Adatça, onuň beýdip oturmak gylygy ýokdy. Pollianna mundan bihabardy.

— Hawa, hanym Gödeklik, aslynda, sen kim borsuň?

Pollianna enaýy ýylgyrdy.

— Meň adym başgaça, hanym Snow... Adymyň başgadygyna-da begenýän... Siziň ýaňky diýeniňiz Gipziba adyndanam beter bolardy, şeýle dälmi?! Men Witýer, hanym Polli Harriňtonyň ýegençisi, men indi daýzam bilen bile ýaşaýan. Size çorbanam daýzam menden iberdi.

Ol başda Polliannany dim-dik bolup, üns berip diňlän hem bolsa, gürrüň çorba syryganda biperwaý halda ýassygyna gyşardy.

— Gaty gowy! Sag bol! Berekella, daýzaň meni sylap bilýä, ýöne bu gün işdämiň ugry ýok. Onsoňam meň guzy çorbasyny iýesim gelýä.

Şu ýerde ol sägindi, soňra gürrüňi başga ýana sowdy.

— Men uzak gije uklap bilmedim... sähelçe-de gözümiň awysyny alyp bilmedim!

Elindäki çorbany kiçiräk stoluň üstünde goýup, ýakyndaky oturgyçlaryň birine oňaýlyja ýerleşen Pollianna:

— Wah, hanym Snow, size gözüm gidýä. Menem siz ýaly uklap bilmesemdim — diýip, uludan demini aldy. — Adam ýatyp-ýatyp, bar wagtyny bihuda geçirýä. Dogry dälmi?!

Ýarawsyz aýal:

— Bar wagtyny bihuda geçirýä diýýäňmi?! — diýip, ör-gökden geldi.

— Hawa, uklanyňa derek ýöne ýaşanyň gowy dälmi?! Haýp, gijämiz boş geçýä.

Ýarawsyz aýal ýene-de düşeginde dikeldi.

— Sen nähili üýtgeşik gyzjagaz! Hany, maňa seret! Penjiräň öňüne bar-da, tutyny galdyr! — diýip, ol barmagyny çommaltdy. — Meň seni ýagşy synlasym gelýä.

Pollianna ýerinden galdy-da, birhili, gussaly ýylgyrdy. Penjirä tarap ýöräp barşyna:

— Beýtsem, meň meneklerimem görersiňiz-dä! — diýip, uludan demini aldy. — Men otagyň garaňkydygyna, ýüzümdäki meneklerimiňem görünmeýänine begenip otyrdym-da. Ynha, açdym.

Pollianna ýarawsyz zenana tarap öwrüldi. Birdenem:

— Indi siz... wiý! — diýip, şadyýan seslendi. — Meni synlasyňyz geleni bir gowy zat. Sebäbi indi menem sizi görüp bilýän. Öýdäkiler maňa siziň beýle görmegeýdigiňizi aýtmandylar!

— Men... görmegeými?! — diýip, ýarawsyz aýal gussa bilen ýaňsyly güldi.

— Dagy näme! Özüňiz muny duýaňzokmydyňyz?

— Şoňa ünsem bermändirin — diýip, hanym Snow sowuk-sala jogap berdi.

Hanym Snow kyrk ýaşlaryndady. Ol ömrüniň on bäş ýylyny ähli zatlaryň başgaça bolmagyny arzuw edip geçiripdi hem-de hakyky durmuşdan lezzet alara wagt tapmandy.

Pollianna:

— Siziň garadan ullakan gözleriňiz bar, saçlaryňyzam gap-gara, buýra-buýra — diýip, ýarawsyz zenandan gözüni aýyrman gepledi. — Men gara, buýra saçlary gowy görýän. Jennete düşemde-de edil siziňki ýaly saçym bolaýsady. Ýaňaklaňňyzam gyzaryp dur. Ýüzüňizde-de iki sanyjak gyzyl menek bar. Siz, hakykatdanam, owadan! Aýna baksaňyz, özüňizem muňa göz ýetirersiňiz.

— Wah, seň aýna ýadyňa düşýä! — diýip, ýarawsyz aýal ýassygyna gyşardy. — Men köpden bäri aýnaň öňünde özüme timar bermesem näme?.. Aslynda, meň ýaly düşege örklenip ýatan bolsaň, seňem aýna ýadyňa düşmezdi.

Pollianna:

— Ol-a dogry — diýip, duýgudaşlyk bildirdi. — Ýöne garaşyň... eger rugsat etseňiz — diýip, ol çalasynlyk bilen sandygyň ýanyna bardy-da, el aýnajygyny aldy.

Ýarawsyz aýala tarap barýarka-da, Pollianna birden aýak çekip, ony içgin-içgin synlady.

— Eger garşy bolmasaňyz, saçyňyzy biraz timarlaýsam diýýän. Ana, onsoň özüňizi aýnada arkaýyn synlap bilersiňiz.

— Hä, men... men... özüň döwtalap bolsaň, garşy däl — diýip, hanym Snow göwünli-göwünsiz gürledi. — Ýöne, barybir, saçym ýene bulaşar, aýtmady-ha diýme.

— Sag boluň! Men illeň saçyny timarlamagy gowy görýän — diýip, Pollianna aýnany seresaplylyk bilen ýerde goýdy-da, daraga elini ýetirdi.

Ol ýarawsyz aýalyň maňlaýyna düşüp duran buýra-buýra saçyny naşyja barmaklary bilen oňaryp durşuna:

— Bu gün onçakly gowy bolmaz, elbetde... Sebäbi men siziň nähili owadandygyňyzy bahymrak özüňize görkezesim gelýä. Ýöne indiki sapar men hökman saçyňyzy doly çözerin-de, olary has gelşigine getirerin — diýip, şadyýan dillendi.

Pollianna bäş minutlap buýra saçy tä timarlanýança daraklap, hanym Snowuň sallanyp duran ýakasyny düzedişdirip, özüne oňaýly boljak ýagdaýda oturtmak üçin ýassygy çişýänçä kakyşdyryp, çalasyn hem çeýe hereket etdi. Birsalymdan onuň bu hereketleri häliden bäri gaşlaryny çytyp, ýaňsyly ýylgyryp oturan ýarawsyz aýalyň hem göwnünden turdy.

Ýakynrakda duran güldandan gülgün reňkli myhagy ýolup, ony howlukmaçlyk bilen gara saçyň has owadan görünjek ýerine gysdyran Pollianna:

— Bolaýdy öýdýän! — diýip, demini dürsedi. — Indi aýna seretseňizem bolar — diýip, ol buýsanç bilen aýnany ýokaryk galdyrdy.

Ýarawsyz aýal aýnada özüni synlap durşuna:

— Hm-m! — diýip seslendi. — Men myhagyň gülgün reňklisinden gyzyl reňklisini has gowy görýän, ýöne ol, barybir, agşam düşmänkä solar, şoň üçinem maňa ol boldam-bolmadam bir.

Pollianna:

— Ýöne siz olaň solýanyna begenmeli ahyry — diýip, çasly gürledi. — Sebäbi olar her gün täzelenip dursa, gowy dälmi näme? Saçyňyzyň şeýdip çişip durşy maňa-ha ýaraýa — diýip, ol öz ýanyndan hoşal boldy. — Özüňiz haladyňyzmy?

— Hm-m, mümkin... ýöne onuň beýdip durşy uzaga çekmez... meň bir gyşaryp, bir dikelip durşum bilen saçym bahym bozular.

— Dogry, saçyň gelşikliligi uzaga çekmez... Şeýle bolany gowy-da. Men muňa gaýtam begenýän — diýen Pollianna jedirdedi. — Sebäbi men ony täzeden oňaryp bererin. Onsoňam saçyňyzyň garadygyna-da begenmelimikäňiz diýýän... gara saç ýassygyň ýüzünde sary saçdan has owadan görünýä.

Hanym Snow:

— Mümkin, ýöne men-ä hiç mahalam gara saçy halamandym... Saçyň çala agardygy derrew bildirýä — diýip, ynjyklyk etse-de, aýnadan welin gözüni aýyrmady.

— Men-ä gara saçy diýseň gowy görýän! Wah, meňem saçym gara bolsady, nähili oňat bolardy — diýip, Pollianna uludan demini aldy.

Aýna hanym Snowuň elinden syrylyp, düşege gaçdy. Ol gyzjagaza gyňralyp bakdy.

— Häý, näbileýin begenäýseň? Meň ýerime bolan bolsaň begenmänjik geçerdiň. Sen gara saçyňam tapawudyny bilmezdiň, başga bir zadyňam... Meň ýaly uzakly gün düşekden galyp bilmän ýatsaň, asyl hiç zada begenesiň gelmez.

Pollianna pikire gidip, gaşlaryny çytdy.

— Onda beýle ýagdaýda gaty kyn düşer... ýeňil bolmaz, şeýle dälmi?

— Näme kyn düşer?

— Ähli zada begenmek!

— Ähli zada begenmekmi... galan ömrüňi ýarawsyz halda düşekde geçirmeli bolanyň nämesine begenmelidigini aýt? Hawa, saňa-ha bu aňsat düşmezdi — diýip, hanym Snow ganyny gaçyryp gepledi. — Eger meň bilen razylaşmasaňam, onda maňa begenip bolaýjak bir zat aýt.

Birdenem hanym Snow çakdanaşa haýran galdy. Pollianna tarsa ýerinden turdy-da, ellerini çarpdy.

— Kynrag-a düşer. Ýöne kyn bolany gowy-da? Häzir öýe ýetýänçäm oýlanaryn, indiki gezek gelemde,

belki, men size jogabynam aýdyp bilerin. Sag boluň onda. Siziň bilen wagtym gyzykly geçdi.

Ol gapydan çykyp barýarka-da ýene bir gezek:

— Sag boluň! — diýip gaýtalady.

Gyzjagazyň yzyndan aňkarylyp galan hanym Snow:

— Men hiç mahal beýle çagany görmändim. Näme diýjek bolanyna düşünen däldirin — diýip hüňürdedi. Ol ençeme gezek başyny eýläk-beýläk öwrüp, aýnany öňüne tutup, nägile halda özüni synlady.

— Näme diýseňem, gyzjagazyň saç oňarmakdan başy çykýa — diýip, ol pyşyrdap gepledi. — Beýle owadan görnerin öýdüp kelläme-de getirip bilmeýärdim. Ýogsa-da muň peýdasy näme?! — diýip, ol uludan demini aldy-da, kiçijik aýnany düşegine oklap, gahar bilen başyny ýaýkady.

Birsalymdan hanym Snowuň gyzy Milli içerik girende onuň el aýnasy entek hem düşegiň üstünde ýatyrdy... Ýöne ol görer gözden daşdady.

— Eje, tutyny açypsyňyz-la? — diýen Milli penjirädir ejesiniň saçyndaky güle haýran galyp bakdy.

— Açylanda näme?! — diýip, ýarawsyz aýal kineli dillendi. — Men ýarawsyz diýip, tutuş ömrümi garaňkyda oturyp geçirmeli däldirin-ä?!

Dermanly çüýşejige elini ýetiren Milli:

— Ýok-la, eje — diýip, onuň ugrundan gopdy. — Ýöne men... özüň bilýäň-ä, men indi haçandan bäri seň otagyňy ýagtyldaýyn diýýän welin, rugsat bereňok-da...

Ejesi ýagşydan-ýamandan hiç zat pyşgyrmady. Hanym Snow egnindäki gije geýilýän geýiminiň tor nagşyny barmaklary bilen owkalaşdyryp durdy. Ahyrsoňy ol:

— Belki, kimdir biri maňa guzy çorbasyna derek çalşyrynmaga täze eşik getirip berer... — diýip, teýeneliräk gürledi.

— Ýöne... eje?! — diýip, Milli haýran galmakdan ýaňa doňňaradaşa öwrüldi.

Onuň beýle hala düşmegi ýöne ýere däldi. Ýeňsedäki yşgabyň çekmesinde näçe aý bäri ejesine ýalbaryp-ýalbaryp geýdirip bilmedik iki sany täzeje köýnegi bardy.

## IX bölüm

### Täsin nätanyş

Pollianna nätanşy soňky gezek gören mahaly ýagyş ýagýardy. Şonda-da Pollianna ony güler ýüz bilen garşy aldy.

— Bu gün howaň onçakly ugry ýok — diýip, ol şelaýyn gepledi. — Ýöne men ýagşyň hemişe ýagyp durmaýanyna begenýän.

Bu gezek onuň nätanyş kişisi ne hümledi, ne-de onuň ýüzüne seretdi. Deňinden arkaýyn ýöräp geçip gidiberdi. Pollianna ol özüni eşiden däldir diýip pikir etdi. Indiki gezek, ýagny şol günüň ertesi ol has gatyrak gepledi. Şeýtmese boljagam däldi. Sebäbi Günüň şeýle lowurdap duran wagty, säheriň ýagmyr bilen ýuwlan tämiz howasynda onuň ellerini arkasyna tutup, başyny aşak salyp barmagy diýseň ýerliksiz göründi. Pollianna hemişeki endigine eýerip, säher gezelenjine çykypdy.

Pollianna:

— Ýagdaýlaryňyz niçik? — diýip jedirdedi. — Bu gün howa düýnki ýaly däl. Men-ä muňa ýaman begenýän. Ýogsa-da siz nähili pikir edýäňiz?

Nätanyş birden aýak çekdi. Onuň ýüzi gaharlydy.

— Näme diýsene, gyzjagaz... — diýip, ol sowuksala gürledi. — Şuny hergiz bek belle: men şu gün Günüň lowurdap duranynam bilemok, lowurdap durmaýanynam bilemok. Howa ýadyma düşenok. Şonsuzam işim gyt däl.

Pollianna mähirli ýylgyrdy:

— Menem şony diýýän-dä, jenap. Siz howaň nähilidigini duýaňzok. Şoň üçinem aýdyp durşum-da...

— Hä... Hm... Näme? — diýip, ol gümmi-sümmi edip, tapba sesini kesdi.

— Men hut siziň şuny görmeýäniňiz üçinem aýtdym-da... Düşünýäňizmi? Günüň lowurdap duranyny görmegiňizi isledim. Bar bolany şo. Daş-töwerek, gör, nähili ajap. Şuny gördügiňiz siziň bada-bat şähdiňiziň açyljagyny, ýüz-gözüňizdenem nur ýagjagyny bilip durun.

— Bäý-bä, her jüre çaga görüpdim welin... — diýip, nätanyş kişi elini silkeledi. Soňam öňe gadam urdy. Birdenem sakga durup, yzyna gaňryldy-da, yzgytsyzlyk bilen gürledi:

— Halys içiň byjyklap duran bolsa, öz deň-duşuňy tapmaly ekeniň...

— Wah, jenap, höwes bilen şeýderdim. Ýöne Nensi töweregimizde çaga ýok diýýä-dä... Muňa beýle bir gynanybam baramok. Men-ä, dogrusy, özümden ulular bilen halys öwrenişibem gidipdirin. Aslynda, men uly adamlary gowy görýän. Ynha, Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkiler bilenem öwrenişip gidipdirin.

— Hm-m! Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkiler diýsene! Men şolara şeýle meňzeşmi?

Nätanyş ýylgyrjak ýaly etdi. Ýöne agyr ýüzi şeýtmäge päsgel berdi.

Pollianna jakyrdap güldi.

— Ýok-la, jenap. Siz Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkilere sähelçe-de meňzäňzok... ýöne siz olardan birjigem pes däl... Belkem, has gowusyňyzam

— diýip, ol hoşamaýlyk bilen sözüniň üstüni ýetirdi.

Nätanyş kişi geň ses çykaryp, bogazyny arçady.

— Her hili çaga gördüm welin... — diýip, ol yzyna öwrüldi-de, hemişekisi ýaly öz ugruna gidiberdi.

Pollianna indiki gezek oňa gabat gelende, nätanyş gyzjagazyň ýüzüne ýylgyryp seretdi. Şeýtmegi, Pollianna nyň pikiriçe, ony diýseň gelşikli görkezýärdi.

— Ertiriňiz haýyrly bolsun! — diýip, nätanyş öňürti salam berse-de, sesinde sowuklyk duýuldy. — Size bada-bat duýdurasym gelýä. Şu gün Günüň lowurdaýanyny bilýänimi aýtmalydyryn.

Pollianna:

— Aýtmasaňyzam bilip durun — diýip ýylgyrdy. — Men muny bilýäniňizi sizi gören badyma aňdym.

— Aňaýdyňmy? Nädip?

— Aňdym-da, jenap... Men muny siziň gözleriňizden hem ýüzüňizden duýdum.

Nätanyş:

— Hm-m! — edip, ýoluny dowam etdirdi.

Şol günden başlap, ol Pollianna bilen her gezek gabat gelende salamlaşdy. Her gezek habar gatýan özi bolsa-da, «Ertiriňiz haýyrly bolsundan!» aňryk geçenokdy. Ýöne şojagaz ujypsyzja sözler hem, günleriň birinde Nensi üçin garaşylmadyk ahwalat boldy.

— Düýşümmikä ýa huşummyka? — diýip, Nensi ör-gökden geldi. — Pollianna, ol, hakykatdanam, seň bilen gepleşýämi?!

Pollianna:

— Hä, hawa, ol indi meň bilen hemişe-de gepleşýä — diýip ýylgyrdy.

— Hemişe gepleşýärmi?! Bäý-bä, ýogsa-da sen onuň... kimdigini... bir bilýäňmi?

Pollianna başyny ýaýkady.

— Ol maňa adyny aýtmady-da... Men oňa öz adymy aýtsamam, ol tanyşlyk bermedi.

Nensiniň gözleri hanasyndan çykaýarly göründi.

— Ýöne ol hiç kim bilen gepleşmese näme. Özem indi ençeme ýyl bäri şeýle. Halys mejbur bolaýmasa, agzyndan gep aljak gümanyň ýok... Onuň ady Jon Pendltan. Ol Pendltan baýryndaky ullakan öýde ýeke öýliň horazy ýaly bolup ýaşaýa. Öýünde oňa biş-düş edip berjek adamam ýokmuş. Şonuň üçinem ol naharlanmak üçin günde üç wagtyna myhmanhana barýarmyş. Şo taýda oňa hemişe Selli Maýner atly bir tanşym hyzmat edýä. Ol: «Näme iýjegini buýrandada zordan agzyny gymyldadýa» diýýä. Näme iýjegini özi-de bilmeýämiş. Esasy zat, arzan nahar bolsa bolýamyş! Selli muny ol adam aýtmasa-da bilip durmuş.

Pollianna duýgudaşlyk bilen başyny atdy.

— Oň ýagdaýyna düşünýän. Garyp bolsaň hemişe arzan zatlary gözlemeli bolýa. Kakam ikimiz köplenç daşarda garbanardyk. Biz mydama diýen ýaly nohut bilen balyk çorbasyny iýerdik. Her gezegem nohut bilen balygy halaýanymyza begenerdik. Gowrulan hindi towugynyň bahasyna seretmegem gorkulydy. Onuň bahasy altmyş sentdi. Ýogsa-da jenap Pendltan nohudy halaýamyka?!

— Halaýamyka diýýäňmi? Ýeri, ol halady näme, halamady näme... Hanym Pollianna, oňa garypdyr diýip pikir etme. Onuň ummasyz puly bar. Jon Pendltana bu baýlyk... kakasyndan miras galypdyr. Bu şäherde ondan gurply adam ýok. Ol günde üç wagtyna pul iýäýende-de, baýlygy gutarmaz.

Pollianna jykyr-jykyr edip güldi.

— Sen-ä bejerdiň, Nensi?! Çeýnejek bolanda ýüregi bulanmazmy?

— Wah, men onuň pul iýip biljek derejede baýdygyny aýtjak bolýan. Şonda-da ol hiç hili pul sowanok. Küýi-köçesi pul ýygnamak.

Pollianna:

— Hä-ä, ol puluny köphudaýlylyga uýýanlar üçin ýygnaýandyr. Biziň dinimizi olara düşündirmek üçin şeýdýändir — diýip çaklady. — Nähili zor adam! Muňa bähbidiňden geçip, özüňi sogap işlere bagyş etmek diýilýä. Hawa, men bilýän. Muny maňa kakam aýdypdy.

Nensi aňyrdan dyňzap gelen gaharyna bäs gelip bilmän, awuly söz oklamakçy bolup, ýaňy bir agzyny açypdam welin, Polliannanyň ýylgyryp duran sada keşbini görüp, dilini dişläp oňaýdy.

Nensi:

— Hm-m! — diýip, gürrüňi başga ýana sowdy. — Ýöne onuň seň bilen gepleşmegi diýseň geň, hanym Pollianna, hakykatdan hem, geň. Onuň biri bilen gürleşip duranyny aňsat-aňsat gören ýokdur. Aýtmaklaryna görä, ol her dürli haşamly zatlardan doly, ullakan, kaşaň jaýynda ýeke özi ýaşaýarmyş. Käbirleri onuň akylyndan azaşan hem rehimsiz adamdygyny aýtsa, başga biri onuň öýünde adam süňklerini saklaýandygyny aýdýa.

Polliannanyň ini tikenekläp gitdi.

— Waý, Nensi! Ol öýünde nädip beýle aýylganç zatlary saklap bilýäkä?! Özüm-ä şoň ýerine bolsam adam süňklerini bireýýäm ýok ederdim.

Nensi hezil edip güldi. Ol Polliannanyň süňk sözüni göçme manyda däl-de, göni manyda kabul edenine düşündi, ýöne Nensi onuň manysyny düşündirjegem bolmady.

— ...Ähli kişi onuň syrly adamdygyny aýdýa — diýip, ol sözüni dowam etdi. — Ol ýygy-ýygydan syýahata gidýä. Bir hepde ýurduň içinde, bir hepde-de ýurduň daşynda gezýämiş, özem Müsür, Aziýa we Sahara çöli ýaly diňe köphudaýlylyga uýýanlaň ýaşaýan ýerlerine gidýämiş.

Pollianna:

— Diýmek, wagyz-nesihat edýä-dä — diýip baş atdy.

Nensi ýylgyrdy.

— Beýle däl bolaýmasa, hanym Pollianna. Ol her syýahatyndan soň kitap ýazýa... geň, täsin kitaplary ýazýamyş... beýleki ýurtlarda gören-eşiden zatlary hakda ýazýamyş. Öz ýurdunda welin, pul sowanok. Hatda öz zeruryýetine-de harçlanok.

— Näme üçin sowmaýandygy düşnükli. Kömege mätäçler üçin ýygnaýandyr. Ýöne ol gaty gülkünç, özi hem täsin... hanym Snow ýaly... ýöne ol hanym Snowdanam täsin, üýtgeşik.

Nensi:

— Hawa, täsin adam diý-de goýaý! — diýip ýylgyrdy.

— Indi men şeýle adam bilen gepleşýänime juda begenýän — diýen Pollianna hoşal bolup, lezzet bilen dem aldy.

## X bölüm

### Hanym Snow üçin garaşylmadyk sowgat

Pollianna hanym Snowuň ýanyna ikinji gezek gelende, Milli ony şol öňki otaga alyp bardy. Penjireleriň öňi ýene-de perdelidi. Şonuň üçinem Pollianna-nyň gözleri ýarymgaraňky otaga öwrenişýänçä, az-owlak wagt gerek boldy.

— Hanym Polliň ýegençisi gelipdir, eje — diýdi-de, Milli myhmany hassa bilen ýeke goýup çykyp gitdi.

Düşekçeden:

— Hä, bu senmi?! — diýen ynjyk ses eşidildi. — Sen gowy ýadymda galypsyň. Aslynda, seni bir gören adam gaýdyp unutmasa gerek. Men düýn gelermikäň öýtdüm. Seni gaty göresim geldi.

Pollianna:

— Şeýlemi?! Beýle bolsa, men ýene üç günden däl-de, hut şu gün gelenime begenýän — diýip jykyrdady-da, düşekçä ýakynlaşyp, elindäki sebedi seresaplylyk bilen oturgyjyň üstünde goýdy. — Eý, Hudaý! Bu ýeriň garaňkydygyny! Siz maňa görünmeseňiz näme? — diýip, ol penjirä tarap ýöneldi-de, tutyny syrdy. — Saçyňyzy meň daraýşym ýaly oňaryp-oňarmanyňyzy göresim gelýär... wah-eý, saçyňyzy nädäýipsiňiz? Zyýany ýok, gaýtam men muňa begenýän. Ýogsa-da maňa saçyňyzy daramaga rugsat berersiňiz ahyry... Ýöne men biraz soňrak daraýyn. Öňürti size nämeler getirenimi görüň.

Hassa aýal biynjalyk bolup, eýlesine-beýlesine öwrüldi.

— Näme, nahara seredenim bilen onuň tagamy süýjäýer öýdýäňmi? — diýip, ol içýakgyç gürlese-de, sebede welin, seretmän oňup bilmedi. — Ýeri, näme getirdiň?

— Hany, biljek boluň! Özüňiz näme isleýäňiz?

Pollianna sebedi arkasyna geçirdi. Onuň ýüzi gülüp durdy. Hassa aýal gaşyny çytdy.

— Şol bir naharlardyr-da. Hiç haýsysynam halap baramok. Barybir, ählisiniň tagamy birmeňzeş.

Pollianna syrly ýylgyrdy:

— Ýok, bu günki tagam üýtgeşik. Biljek boluň! Eger tüýs ýürekden nähilidir bir tagam arzuw etmeli bolsa, näme islärdiňiz.

Hassa ýaýdandy. Gaty köpden bäri özüne getirilýän zatlardan düýpgöter tapawutly zadyň arzuwyny edip ýörensoň, oslagsyz sowala näme diýjegini bilmän, birbada aljyrady. Şeýle ýagdaýa düşeninden özüniň hem habary ýokdy. Onda-da ol häzir bir zat diýmelidi. Bu üýtgeşik çaga onuň jogabyna garaşyp durdy.

— Belki... — diýip, ol sakawlap gepledi. — Guzy çorbasydyr...

Pollianna:

— Edil özi! — diýip, buýsanç bilen onuň sözüni böldi.

— Ýöne şu gün şony işdäm alyp baranokdy — diýip, hassa aýal birden başga hörpden gopdy. Ilkinji gezek bir zatdan boýun gaçyran dessine birmahalky dogumlylygy gaýdyp geldi we ýarawsyz ýüreginiň näme küýseýänine doly göz ýetirdi.

— Meň jüýje iýesim gelýä — diýip, ol ysgynsyz gürledi.

Pollianna:

— Mende jüýje-de bar — diýdi.

Hassa aýal başyny öwrüp, gyzjagaza üşerilip bakdy.

— Ikisem barmy?!

Pollianna:

— Üçüsem bar. Göle çorbasynam getirdim — diýip, dabara bilen gürledi. — Men iň bolmanda siz bir gezegem bolsa ýüregiňiziň küýsän zadyny iýmeli diýen netijä geldim. Muny Nensi ikimiz oýlap tapdyk. Her nahardan az-owlak taýýarladyk. Ýöne olaň ählisine sebedimde ýer tapyldy. Siziň jüýje iýesiňiziň gelenine şeýlebir begenýän! — diýip, ol sebedinden üç sany kiçijik okarany çykaryp durşuna, hoşallyk bilen dillendi. — Bärik gelýäkäm gaty alada galdym... birden garyn ýa buglanan sogan, ýa-da ýanymdaky ýok zady iýesiňiz gelse, näderkäm diýip gara janym galmady. Hudaýa şükür, bolsa-da, Nensi ikimiziň azabymyz ýerine gowuşdy — diýip, ol jykyr-jykyr etdi.

Hassadan hiç hili jogap eşidilmedi. Ol şu mahal halys aljyrapdy. Hiç pikirini bir ýere çugdamlap bilenokdy.

— Ynha, men bulary şu ýerde goýaýjak — diýip, Pollianna okarajyklaryň üçüsini hem stoluň üstünde ýerleşdirdi. — Belki, ertir guzy çorbasyny, birigün

bolsa göle çorbasyny iýesiňiz geler. Ýogsa-da ýagdaýyňyz niçik? — diýip, ol hoşamaýlyk bilen sorady.

Hal-ýagdaýynyň soralmagy bilen şol öňki biperwaý hem gyzma halyna dolanan hanym Snow:

— Sag bol, ýöne hiç wejim ýok — diýip hüňürdedi. — Şu gün irden ukym gaçdy. Gapdalky goňşymyň gyzy Nelli Higgins saz çalyp, ýüregime düşdi. Onuň saz öwrenjek bolşy janymy alyp gelýä. Ol günortana çenli roýalyny çaldy... Özem üznüksiz çaldy! Çynymy aýtsam, men-ä indi näme etjegimem bilýän däldirin.

Polli duýgudaşlyk bilen baş atdy.

— Düşünýän. Çydar ýaly däldir! Hanym Waýt hem bir gezek siziňkä meňzeş ýagdaýa düşüpdi... Hol, Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkilerden biri-le. Ol maňa-da köp kömek edipdi. Şo mahal onuň erbet bilagyrysy tutupdy. Ýerinden gozganyp bilmese nädersiň. Ol soňra: «Çala gymyldap bilen bolsamam, beýle ejir çekmezdim» diýipdi. Ýöne siz muny başarýansyňyz-a?

— Nämäni?

— Hereket etmäge ýagdaýyňyz bardyr-a? Ýagny sazyň sesine çydar ýaly bolmadyk mahaly, eýläk-beýläk agdarylyp bilýänsiňiz-ä?!

Hanym Snow birsalym oňa aňkarylyp bakdy-da:

— Hä, hawa, elbetde, men gymyldap bilýän... düşegimde... — diýip, biraz ganyny gaçyryp gürledi.

— Diýmek, siz muňa eýýäm begenip bilersiňiz, şeýle dälmi?! Ýöne hanym Waýt bolsa asla gymyldabam bilenokdy. Bilagyryň tutan mahaly ýeriňden gozganyp bolmasa nätjek. Hanym Waýt welin, soňra öler ýaly gymyldasynyň gelenini aýdypdy. Bir gezegem ol maňa eger jenap Waýtyň gyz jigisiniň gulaklary ker bolmadyk bolsa akylyndan azaşjakdygyny gürrüň beripdi.

— Gyz jigisiniň gulaklary diýdiňmi?! Men-ä näme diýjek bolýanyňa düşünýän däldirin...

Pollianna güldi.

— Hä, men size aýdyp bermedim ahyryn. Siz hanym Waýty tanaňzog-a. Düşünýäňizmi, hanym Waýtyň baldyzynyň gulagy bütinleý kerdi. Bir günem ol hanym Waýta hem-de öý işlerine kömek etmek üçin doganynyňka myhmançylyga geldi. Şonda hanym Waýt oňa hiç gep düşündirip bilmändir. Onsoň her gezek pianino sesi gelende, hanym Waýt ony eşidip bilýänine şeýlebir begenerdi welin, saz onuň ýüregine-de düşmezdi. Sebäbi ol, eger baldyzy ýaly hiç zat eşidip bilmese, nähili aýylganç bolardy diýip oýlanardy. Ol meň oýnumy oýnaýardy. Oňa bu oýny men öwredipdim.

— Nämäň oýny?

Pollianna elini çarpdy.

— Wiý, size esasy zady aýtmagy unudypdyryn-a. Men jogabyny tapdym, hanym Snow... Siziň nämä begenip biljegiňiziň jogabyny tapdym.

— Begenmäge diýdiňmi? Sen gyz, näme diýjek bolýaň?

— Men geçen gezek gelemde size taparyn diýip söz beripdim. Ýadyňyzdan çykaýdymy? Siz menden begenip boljak bir zady tapmagymy haýyş edipdiňiz... begenip boljak... uzakly gün düşegiň üstünde galman ýatyşyňa, nämä begenip boljagyny tapmagymy sorapdyňyz...

Hanym Snow:

— Hä! Hawa! Omy? — diýip, perwaýsyz gürledi. — Ýadyma düşdi, sen çyndanam şoň pikirini etdiňmi?

— Dagy näme — diýip, Pollianna makullaýjylyk bilen baş atdy. — Jogabynam tapdym, ýöne ýeňil düşmedi. Aslynda, näçe kyn bolsa, şonça-da gyzykly bolýa. Gönimden gelsem, kelläme wagty bilen hiç idili pikir gelmedi. Şonda-da jogabyny tapdym.

— Be? Çynyňmy? Nähili zat ol?

Hanym Snow kinaýasyny oklady.

Pollianna bolsa çynlakaý keşbe girip, uludan demini aldy-da:

— Men... men beýleki adamlaryň hem siziň ýaly däldigine... begenip bilersiňiz diýip oýlandym... Siziň ýaly ýarawsyz hem-de düşekde däldigine... — diýdi.

Hanym Snow aňkarylyp galdy. Onuň gözlerinde gahar uçgunjyklary alawlaýardy.

Birsalymdanam ol:

— Bäý-bä! — diýdi.

Hanym Snowuň äheňinden onuň Polliannanyň jogabyndan kanagatlanmaýandygyny aňsa boljakdy.

Pollianna:

— Indi bolsa men size şol oýny düşündirip bereýin — diýip, sözüni dowam etdi. — Size bu oýun ýarasa gerek... Birbada kyn düşer. Ýöne näçe kyn düşdügiçe, oýun şonça-da gyzykly bolýa. Aslynda, bu oýnuň size hasam kyn düşmegi mümkin. Ýöne muň nähili gyzyklydygyny özüňizem görersiňiz.

Şeýle diýip, Pollianna hanyma haýyr-sahawat gutusy, pişeklerdir hernäçe garaşsa-da, hiç mahal gelmedik gurjak hakda gürrüň bermäge başlady.

Ol hekaýatyny soňlap gelýärkä, işikde Milli peýda boldy.

— Sizi daýzaňyz soraýa, hanym Pollianna — diýip, ol biperwaý äheňde gepledi. — Ol garşydaky goňşymyz Harlowlara jaň edipdir. Size bahymrak gelsin diýip tabşyrýa... Howa garalmanka okamaly dersleriňiz barmyşyn.

Pollianna ýerinden göwünsiz galdy-da:

— Bolýa — diýip, uludan demini aldy. — Gyssagym özüm bilen bolar.

Şeýle diýdi-de, yzyndanam gülüp goýberdi.

— Men gyssanmaç ýöräp bilýänime begenmeli, şeýle dälmi, hanym Snow?!

Onuň bu sowaly jogapsyz galypdy. Hanym Snowuň gözleri ýumukdy. Milliniň haýran galmakdan gözleri hanasyndan çykara geldi. Milli ejesiniň içine çöken ýaňaklaryndan iki sany gözýaş damjasynyň togarlanyp gaýdanyny görüp ýetişdi.

Gapa ýeten Pollianna ýeňsesine öwrülip:

— Sag boluň! — diýip gygyrdy. — Şu gün saçyňyzy timarlap bilmänime gaty gynanýan... Ýörite höwes edipdim. Indiki gezek gelemde darap beräýerin.

Iýul günleri hatar gurap geçip durdy. Pollianna üçin olar iň bagtly günler boldy. Ol begenjine kämahal daýzasyna bu ýerde günleriň nähili gyzykly geçýänini aýdardy. Şonda daýzasy şol bir äheňde jogap bererdi:

— Gaty gowy, Pollianna. Özüňi bagtly duýýan bolsaň bolýa, ýöne wagtyňy peýdaly geçirýänsiň diýibem umyt edýän, ýogsam men öz borjumy göwnejaý ýerine ýetirmeýändigimi boýun almaly bolaryn.

Adatça, Pollianna şeýle ýagdaýda daýzasyny gujaklardy ýa-da öperdi... onuň şeýle hereketi hanym Pollini hemişe aljyraňňylyga salardy, ýöne bir gün tikin-çatyn öwredip duran mahaly, daýzasy hemişeki endigine eýerip, wagtyňy bisarpa geçirmeli däldigini aýdanda, Pollianna durup bilmän:

— Günüňi diňe bagtly geçireniň özi ýeterlik däl diýmekçi bolýaňyzmy, Polli daýza? — diýip sorady.

— Hawa, şeý diýjek bolýan, Pollianna.

— Diýmek, geçýän günler hökman peýdaly bolmaly-da?!

— Elbetde.

— «Peýdaly» diýmegiň özi näme diýmek?

— «Peýdaly» diýmek, ýöne peýdaly diýmek-dä... peýdasyny görmek... wagtyňy biderek sarp etmezlik diýmek bolýa, Pollianna. Sen nähili üýtgeşik, geň çaga?!

— Ýöne begenip ýaşamagyň özi peýdaly dälmi näme?! — diýip, Pollianna aladalanyp sorady.

— Ýok, peýdaly däl.

— Haýp! Beýle bolsa siz meň oýnumy hiç haçanam halamarsyňyz. Hiç haçan bu oýnam oýnamarsyňyz, Polli daýza.

— Oýun diýdiňmi? O nämäň oýny?

— Ho-ol kakam bilen...

Pollianna çalasynlyk bilen elini agzyna ýetirdi-de:

— Hiç zat — diýip hüňürdedi.

Ýüzi gamaşyp giden hanym Polliniň:

— Bu günlükçe bessir, Pollianna — diýmegi bilen tikin-çatyn öwrenmek tamam boldy.

Şol gün agşamara Pollianna üçekdäki otagyndan aşak düşüp gelýärkä, basgançakda daýzasyna ýüzbe-ýüz gabat geldi.

Ony gören badyna Pollianna:

— Polli daýza, nähili gowy! — diýip gygyrdy. — Siz meň ýanyma gelýädiňizmi? Ýörüň, onda içerik gireliň! Men myhman gelse gowy görýän.

Ol hyrra yzyna öwrülip, ylgap basgançaklardan ýokaryk galdy-da, otagynyň gapysyny giňden açdy.

Aslynda, hanym Polli ýegençisini göreýin diýibem gelmändi. Ol gündogar penjiräniň aşagynda duran sandykdan ak ýüň ýaglygyny almaga barýardy.

Şonuň üçinem ol häzir özüniň sandygyň ýanynda däl-de, Polliannanyň kiçijik otagynda arkasy keýik oturgyjyň üstünde ornaşandygyna özem haýran galdy. Polliannanyň bärik gelmegi bilen hanym Polli ýüregine düwen pişesine derek, gör, näçenji gezek özüniň diýseň garaşylmadyk, täsin hereketleri edýändigine göz ýetirdi.

— Men myhmanlary gowy görýän — diýip gaýtalan Pollianna, hamala, ýaşaýan otagyny köşkdür öýtmän aldygyna iki ýana byzbydyklaýardy. — Aýratynam, öz otagym bolaly bäri... Hawa, meň ozalam otagym bardy, ýöne ol kireýne alnan otagdy. Kireýne alnan otaglar bolsa, özüňki ýaly gowy bolmaýa. Bu otag welin meňki, şeýle dälmi?!

Hanym Polli:

— Dagy näme, seňki, Pollianna! — diýip, göwünli-göwünsiz hüňürdedi hem-de öz ýanyndan näme üçin häziriň özünde ýerinden turagada, ýaglygyny gözlemäge gidip bilmeýänine haýran galdy.

— Indi bu otag maňa hasam ýarap başlady. Hatda onda meň tüýs ýürekden isleýän tutularymdyr suratlarym bolmasa-da...

Birden boz-ýaz bolan Pollianna, tapba sesini kesip, gepi başga ýana sowmakçy bolanda, daýzasy gaharlanyp, onuň sözüni böldi.

— Pollianna, sen bir zat diýjek bolduňmy?

— H-hiç zat, Polli daýza. Çynym! Bu bir bolgusyz zat-la.

Polli daýza:

— Şeýlemi — diýip, sowuk-sala gürledi. — Ýöne, rast, başyny başladyňmy, yzynam aýt.

— Biderek zat-la. Ýöne men bu ýere gelmänkäm, içi owadan halyly, penjireleri tutuly, suratly hem şuňa meňzeş zatly otagda ýaşaryn öýdüp pikir edipdim...

— Pikir edipdim diýýäňmi? — diýip, hanym Polli gaharly sorady.

Pollianna öňküdenem beter gyzardy.

— Dogry, men beýle pikir etmeli däldim, Polli daýza — diýip, ol bada-bat ötünç soramaga durdy. — Hemişe şeýle zatlary islesem-de, mende hiç mahal beýle zatlar bolmansoň, olar hakda pikir edenimi özümem duýman galdym. Aslynda, haýyr-sahawat gutusyna iki sany düşek gelipdi, olaram gaty kiçijikdi. Biriniň ýüzi syýa tegmilinden doludy, beýlekisi bolsa eleme-deşikdi. Öýümizde

iki sany suratdan başga hiç hili surat bolmandy. Birini kakam... diýjek bolýanym, suratlaň gowusyny satypdyk, beýlekisi bolsa çagşady. Diňe şoň üçin şeýle pikir edipdim. Ýogsa men şeýle owadanja zatlar hakda beýle pikirem etmeli däldim, diýjek bolýanym... Aslynda, şu ýere gelen ilkinji günüm öýi synlap ýörkäm, içi owadanja zatlardan doly otagly bolmagy göz öňünde tutmaly däldim... ýöne, çynymy aýdýan, Polli daýza, bu pikir kellämden säginmän geçip gitdi... Diýjek bolýanym, sähelçe salym pikir etdim... Menekli ýüzümi görüp bilmejegim üçin çekerli sandygyň aýnasyzdygyna begenemsoň, penjireden aňyrdaky görnüşiň hiç bir surat bilen deňeşdirip bolmajak derejede ajaýypdygyna akyl ýetiremsoň, bu islegimden nam-nyşan galmady... Sizem maňa şeýlebir mähriban bolduňyz welin...

Hanym Polli tarsa ýerinden turdy. Onuň ýüzi laplap lowlaýardy.

— Besdir, Pollianna — diýip, ol sowuk-sala gürledi. — Gepläp bildiň!

Şundan soň ol çalasyn ädimläp, basgançakdan aşak düşdi. Birinji gata ýetip-ýetmänkä-de, özüniň gündogar penjiräniň aşagyndaky sandykdan ak ýüň ýaglygyny tapmak üçin ýokaryk çykany ýadyna düşdi.

Ertesi hanym Polli Nensini çagyryp, şeýle tabşyryk berdi:

— Nensi, şu gün irden hanym Polliannanyň goşlaryny onuň häzirki otagynyň edil aşagynda ýerleşýän otaga göçürersiň. Ýegençim häzirlikçe şo ýerde ýaşar.

Nensi gaty ses bilen:

— Bolýa, hanym! — diýip jogap berdi-de, öz ýanyndan «Hudaýa şükür!» diýip hüňürdedi.

Birsalymdan ol bu habary Pollianna ýetirdi:

— Mende seň üçin üýtgeşik bir täzelik bar, hanym Pollianna. Sen aşaky gata, şu otagyň gabat aşagyndaky otaga göçýäň. Indi şo taýda ýaşarsyň!

Polliannanyň ýüzi ýuwlup-ýuwlup, reňki öçen esgä çalym etdi.

— Sen... wah, Nensi... men, hakykatdanam, göçýänmi... Çynyňy aýdýaňmy?!

Nensi Polliannanyň otagyndaky geýimasardan aýran bir gujak köýnekleriniň üstaşyry yzly-yzyna baş atdy-da:

— Çypbakaý-çynym! — diýip, ýylgyryp jogap berdi. — Daýzaň maňa goşlaryňy aşak düşürmegi tabşyrdy. Ol pikirini üýtgedip ýetişmänkä, seni häziriň özünde göçürmekçi.

Nensi sözüni soňlanda, Pollianna eýýäm otagdan çykyp gidipdi. Ol ýüzinligine ýykylaryndan gorkman, her ätlände iki basgançakdan böküp geçişine, birinji gata tarap ýelk ýasapdy.

Öz maksadyna... Polli daýzasynyň ýanyna ýetýänçä, iki gapyny bat bilen ýapdy, bir oturgyjy bolsa dündерdi.

— Wah, Polli daýza, Polli daýza! Siziň çynyňyzmy?! Täze otagymda ähli zat bar ahyryn... Haly, tutular, üç sany surat, onsoňam eýwany, häzirki otagymdaky ýaly ajaýyp görnüşli penjirelerem bar. Wah, Polli daýza! Siz daýzalaryň naýbaşysy!

— Gaty gowy, Pollianna. Elbetde, men seň munyny makullaýanyňa begenýän, ýöne şol zatlary gowy görşüň ýaly, olary aýawly saklajagyňa-da ynanýan. Bolany şol. Pollianna, gaýrat et-de, ýykylan oturgyjy galdyr, onsoňam sen sähel salymyň içinde iki sany gapyny şarkyldadyp ýapdyň.

Hanym Polli yzgytsyz gepleýärdi. Ol bolşundan hem beter ýowuz görünmäge çalyşýardy, sebäbi häzir onuň agysy tutýardy... Yzgytsyzlygy bilen, öz düşen ýagdaýyny bildirmezlige çalyşýardy.

Pollianna oturgyjy galdyrdy.

— Hawa, dogry, şol gapylary... wah, şarkyldadyp ýapaýýypdyryn-da — diýip, ol sadalyk bilen günäsini boýun aldy. — Sizem ýagdaýyma düşüniň, men edil ýaňyja täze otaga göçýänimi eşitdim-de... Ýöne sizem gapyny şarkyldadyp ýapardyňyz, eger-de...

Pollianna sözüni soňlaman, çiňerilip daýzasyna seretdi.

— Polli daýza, siziňem gapyny şarkyldadyp ýapan wagtyňyz bolupdymy?

— Ýapan däldirin diýip pikir edýän, Pollianna! — diýip, hanym Polli pert gepledi. Şeýle diýmek bilen, ol ýegençisine terbiýe bermek isleýän ýaly göründi.

— Haýp, Polli daýza? Wah-wah-eý!

Pollianna häzir daýzasynyň ýüzüne uly duýgudaşlyk bilen seretdi.

— Näme üçin maňa haýpyň gelýä?— diýip soran Polli daýza doňňaradaşa dönüpdi, onuň şondan artyk geplemäge mejaly ýokdy.

— Hawa! Eger gapyny şarkyldadasyňyz gelýän bolsa, onda, elbetde, öň gapyny şarkyldadansyňyz. Şarkyldatmadyk bolsaňyz, onda siz hiç mahal hiç zada begenen dälsiňiz... Ýogsa gapylary şarkyldadyp ýapardyňyz. Şeýtmän durup bilmezdiňiz. Men siziň hiç mahal hiç zada begenmäniňize ýaman gynanýan.

— Pollianna — diýip, hanym Polli zordan dillendi, ýöne Pollianna hä bermedi. Ol eýýäm öýden çykyp gidipdi. Diňe üçegiň gapysynyň uzakdan eşidilen şarkyldysy onuň sözüne jogap bolup eşidildi. Pollianna eýýäm Nensä goşlary täze otaga geçirişip ýördi.

Ynjalygy gaçan hanym Polli myhman jaýynda çuňňur oýa batyp otyrdy... Elbetde, öň olam durmuşda käbir zatlara begenip görüpdi...

## XI bölüm

### Jimmi bilen tanyşlyk

Awgust aýy hem ýetip geldi. Bu aý Harriňton mülküne birtopar oslanmadyk üýtgeşmeleri getirdi, ýöne Nensi üçin welin, olaryň hiç haýsysy-da garaşylmadyk özgerişlik bolmady. Ol Pollianna geleni bäri, täzeliklerdir üýtgeşmelere öwrenişip gidipdi.

Ilkinji özgerişlik pişijekden başlandy.

Pollianna pişijegi köçeden, öýden uzagrak bir ýerden tapdy. Naýyynjar mawlaýan bu pişijek juda gözgyny görünýärdi. Ähli goňşulara aýlanyp çyksa-da, onuň eýesini tapyp bilmänsoň, Pollianna pişijegi sähelçe-de ikirjiňlenmän öýe alyp geldi. Başgaça bolmaga haky-da ýokdy.

Ol daýzasynyň ýanyna gelip, keýpiçag halda ýagdaýy mälim etdi:

— Men onuň eýesiniň tapylmanyna şeýlebir begenýän. Sebäbi ony başda-da öýe alyp gaýdasym gelýädi. Men pişijekleri gowy görýän. Eger-de ol öýde galsa, siziňem oňa begenjegiňizi bilýädim.

Polliannanyň gujagyna gysmyljyrap duran gözgyny, kiçijik, çal reňkli, idegsiz janawara bakanda, hanym Polliniň ini tikenekläp gitdi. Çünki hanym Polli, umuman, pişiklere... hatda arassa, gelşiklije pişiklere-de biperwaý garaýan zenandy.

— Uf! Pollianna! Oň hapysadygyny! Özem keselli ýaly-la. Gürrüňsiz, gijilewüklidir, bürelidir.

Pollianna:

— Bilýän-le! Çagaja pişijeg-ä bü! — diýip, ünjüli gürledi-de, kiçijik janawaryň gorkudan doly gözlerine mähir bilen bakdy. — Wah, özem titir-titir edýä. Gorkýany görnüp dur. Bizdenem gorkýan bolaýmasa. Heniz özüni ýanymyza aljagymyzy bilenok öýdýän.

— Ony hiç kimem bilenok — diýip, hanym Polli köpmanyly gürledi.

Daýzasynyň sözlerine düýbünden başgaça düşünen Pollianna:

— Aslynda, hemme kişi biziň bu pişijegi ýanymyza alanymyzy isleýä — diýip baş atdy. — Men öňümden çykana pişijegiň eýesini tapyp bilmesem, ony ýanymyza alýas diýip buşladym. Siziň muňa begenjegiňizem bilýädim... Wah, görgüli, hossarsyz pişijek!

Hanym Polli nämedir bir zatlar diýjek bolup dodaklaryny müňküldetdi, ýöne agzyndan hiç hili söz çykmady. Pollianna geleni bäri süňňüne ornaşyp ýetişen birtüýsli çäresizlik duýgusy ony bu gezek hem öz hökümine boýun etdi.

— Elbetde, şeýle boljagyny bilýädim — diýip, Pollianna wüjürdedi. — Men siziň bu ýalňyz, eýesiz pişijegiň öýsüz-öwzarsyz ygyp ýörmegine dözmejegiňizi bilýädim. Ynha, siz menem ýanyňyza aldyňyz ahyryn. Hanym Ford siziň bu pişijegi öz ýanymda saklamaga rugsat bermejekdigiňizi aýdanda, men oňa-da şeýle diýip jogap berdim: «Maňa Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýeti hossar çyksa-da, daýzam meni ýalňyz goýmady, eýesiz pişijeg-ä hökman hossar çykar». Hawa, men şeýle diýdim. Siziňem şeýle pikir edýäniňizi bilýän.

Ol şeýle diýdi-de, otagdan şadyýan halda bökjekläp çykyp gitdi.

Hanym Polli:

— Pollianna, Pollianna! Sen maňa düşünmediň! — diýip, gykylyklap galdy.

Ýöne Pollianna eýýäm bu ýerden gidipdi hem indi onuň aşhanadan şadyýan sesi eşidilýärdi.

— Nensi, Nensi! Polli daýzam ikimiziň göz-gulak boljak bolýan bu mähirlije pişijegimize bir seretsene!

Häzir myhman jaýynda oturan hanym Polli pişikleri halamasa-da, garşylyk görkezmäge gurbaty çatman, biygtyýar halda uludan demini aldy-da, oturgyja arkasyny ýaplady.

Ertesi güni ýene-de bir oslanmadyk ýagdaý ýüze çykdy. Pollianna pişijekdenem hapysa, idegsiz bir iti yzyna tirkäp getirdi. Bu gezek hanym Polli rehim-şepagatly, merhemetli zenana öwrüldi duruberdi. Pollianna muny şeýlebir başarjaňlyk bilen ýerine ýetirdi welin, itleri pişikdenem beter halamaýan hanym Polli ýegençisiniň öňünde bu gezek hem alaçsyz galdy.

Bir hepde geçip-geçmänkä, Pollianna öýe eleşan eşikli bir oglanjygy getirip, oňa-da hossar çykmak islände, hanym Polli çydap bilmedi. Bu waka şeýle bolup geçdi.

Mylaýym penşenbe säheri Pollianna hanym Snowa göle aýagynyň çorbasyny eltipdi. Hanym Snow bilen Pollianna indi mazaly ysnyşypdy. Pollianna hanym Snowa oýun hakda gürrüň bereninden soň, ikisi dostlaşyp gidipdi. Indi bu oýny Pollianna bilen hanym Snow bileje oýnaýardy. Aslynda, hanym Snow bu oýna onçakly ökde däldi. Hanym Snow uzak wagtlap ähli zatdan nadyl bolup ýörensoň, birbada nämedir bir zada begenmek oňa aňsat düşmedi. Ýöne Polliannanyň şowhunly görkezmesi, şadyýan gülküsi bilen ol oýny diýseň çalt özleşdirýärdi. Bu gün hanym Snow onuň göle aýagynyň çorbasyny getirerine begenýänini, häliden bäri şu nahary iýesiniň gelýänini aýdanynda Pollianna haýran galdy. Ýöne Milliniň Pollianna gapydan girmänkä, şol gün ruhanynyň aýalynyňam bu nahardan uly tabagy dolduryp getirenini aýdanyndan Snow habarsyzdy.

Yzyna dolanyp gelýärkä, Pollianna «Hanym Snowy tanar ýaly bolmandyr» diýip pikirlendi. Birdenem onuň gözi oglanjyga kaklyşdy.

Oglanjyk ýoluň gyrasynda, kiçiräk daş üýşmeginiň üstünde, ujy jontuk kütek pyçak bilen göwünli-gö-

wünsiz halda çybygyň gabygyny sypyryp otyrdy.

— Salam! — diýip, Pollianna mylaýym ýylgyrdy.

Oglanjyk başyny galdyrsa-da, bada-bat ondan ýüzüni sowdy.

Ol:

— Özüňe salam! — diýip, eşidiler-eşidilmez hüňürdedi.

Pollianna jykyr-jykyr güldi.

— Şu mahal saňa göle aýagynyň çorbasyny iýdirseňem, begenmejege meňzeýäň — diýip, ol oglanjygyň deňinde daýandy.

Oglanjyk ýerinden gozganjyrap, oňa haýran galyp bakdy-da, elindäki kütek jontuk pyçagy bilen çybygy ýonmaga durdy.

Pollianna ilki sägindi, soňra onuň ýanynda otuň üstüne çöküp, jaýlaşykly oturdy. Pollianna Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkilere halys öwrenişip, ýanynda deň-duşlary bolmasa-da, arkaýyn oňupdy. Ýöne aram-aram özi ýalylary küýsäpdi. Häzirki niýeti-de bu oglanjygy sypdyrman, ony dost tutunmakdy.

— Meň adym Pollianna Witýer — diýip, ol mylakatly gepledi. — Seň adyň näme?

Oglanjyk ýene-de gobsunjyrady. Ol ýerinden turjak ýaly etse-de, gaýtadan dyzyny epdi.

Ol:

— Jimmi Bin — diýip, sowuk-sala hüňürdedi.

— Gaty gowy! Indi ikimiz tanyşdyk. Adyňy aýdanyňa begenýän... käbir adam adynam aýdanok. Men hanym Polli Harriňtonyň öýünde ýaşaýan. Sen nirede ýaşaýaň?

— Hiç ýerde.

— Hiç ýerdemi?! O nähili? Hiç ýerde ýaşap bolýamy näme?! Her kim nirededir bir ýerde ýaşaýa ahyryn.

— Her kim bir ýerde ýaşasa-da, men ýaşamok... häzirlikçe. Men ýaşamaga täze bir ýer gözleýän.

— Hä-ä! O ýer diýýäniň nirede?

Oglanjyk oňa kinaýaly bakdy.

— Akmajyk! Nirededigini bilsem, gözlärmidim?

Pollianna öýkeli halda başyny ýaýkady. Bu oglanjyk edepsiz eken. Onsoňam Pollianna özi bilen gödek gürleşilse halamaýardy. Ýöne ol... uly adam däl-de, deň-duşudy. Pollianna bärik geleli bäri ilkinji gezek öz ýaşytdaşyna gabat gelensoň, ol nähili gödek bolsa bolsun, bu oglanjyk bilen hökman dostlaşmaly diýen netijä geldi.

Pollianna:

— Öň nirede ýaşadyň? — diýip, hiç zat bolmadyk ýaly ondan sorady.

— Nokgy-nokgy edip, halys ýürege düşdüň-le! — diýip, oglanjyk gaharyna bäs gelip bilmän, jyzyrdyk boldy.

Pollianna:

— Sowal bermesem bolanok — diýip, parahat jogap berdi. — Soramasam-etmesem, seni nädip tanaýyn?! Eger sen gepleseň, men geplemänem oňup bilerin.

Oglanjyk gülüp goýberdi. Ýöne zoňtarlyk bilen däl-de, uýaljyrap gülüpdi. Özem indi gürlände, onuň ýüzi, birhili, has mähirli göründi.

— Ýeri, bolýa... onda diňle! Adym Jimmi Bin. Men on ýaşap, on bir ýaşyma gitdim. Geçen ýyl ýetimler öýüne düşdüm, ýöne o ýerde şeýlebir çaga köpdi welin, maňa ýer tapylmady. Dogrusy, olaryň ýer tapasy gelmedi. Men-ä otagyň ýokdugyna-da ynanyp baramok. Şoň üçinem o ýerden gaçdym. Indem nirededir bir ýerde ýaşaryn-da... ýöne entek ýaşara ýer tapamok. Men hakyky öýli bolmak isleýän... uly iliňki ýaly öý isleýän... düşünýäňmi?.. Gözegçi bikeli dälde, hossarly öý isleýän. Öýüň bolsa, ýakynlaryňam bolýa. Meň bolsa kakam öleli bäri hiç hili hossarym galmady. Şoň üçinem ile meňzeş öýli bolasym gelýä. Men dört öýe baryp gördüm... ýöne meni alan bolmady... ýogsa işlejegimem aýtdym. Bolany şu! Sen indi men hakda ähli zady bilýäň.

Soňky sözleri aýdanynda oglanjygyň sesi endiräp gitdi.

Pollianna:

— Wah-eý! Gynanaýdym! — diýip, duýgudaşlyk bildirdi. — Hakykatdanam, seni hiç kim öýüne alasy gelmedimi?! Wah-wah-eý! Seň ýagdaýyňa düşünip durun... Ynha, kakam aradan çykansoň, meniňem Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkilerden başga hiç hili hossarym galmady... Polli daýzam meni tä ýanyna alýança...

Pollianna birden dymdy. Kellesine gelen üýtgeşik pikire ýüzi ýagtylyp gitdi.

Pollianna:

— Men saňa laýyk bolaýjak bir ýer bilýän — diýip, şadyýan seslendi. — Seni Polli daýzam ýanyna alar... hökman alar. Ol menem aldy ahyry! Hiç kimi, gitmäge hiç ýeri ýokka, daýzam öýsüz-öwzarsyz galan Flaffi bilen Baffini hem aldy ahyry! Ýogsa olar adamam däldi, bary-ýogy pişik bilen itdi. Ýör, meň bilen gideli! Polli daýzam seni hökman alar. Sen onuň nähili ýüregiýuka, rehimli adamdygyny bir bilsediň!

Jimmi Biniň hortlap ýüzi ýagtylyp gitdi.

— Çynyňy aýdýaňmy? Edil häzir alarmy? Men hökman işlärin, men gaty güýçli! — diýip, ol durşy bilen süňke öwrülen horja goluny mazamlady.

— Dagy näme! Hökman alar! Meň Polli daýzam ejemden soň dünýäde iň gowy zenan. Ejem häzir jennetde... Otagam diýseň köp... näçe diýseň bar.

Pollianna böküp ýerinden galdy-da, oglanjygyň golundan çekdi.

— Daýzamyň ullakan öýi bar. Ýöne...

Ol alňasap ýöräp barşyna biraz aladaly gepledi.

— Başda meň ýaly üçekdäki otagda ýatmaly bolmagyňam mümkin. Ýöne häzir o taýynyň penjireleriniň gözenek tory bar. Şoň üçinem otagyň içi gaty gyzmaz, içerik mör-möjegem girip bilmez, siňeklerem aýaklary bilen kesel getirmez. Siňekleň kesel baryny ýaýradýanyny sen bilsediň. Eger özüňi gowy alyp barsaň, belki, daýzam saňa okamaga kitabam berer... emma ýakymsyzlyk etseň welin... Oh-o! Seň ýüzüňem-ä meňki ýaly menekli eken — diýip, Pollianna çiňerilip, onuň ýüzüne bakdy. — Sen otagda ýüz görülýän aýnanyň ýokdugyna-da gynanyp durmarsyň, onsoňam penjireden görünýän manzar islendik suratdan owadandyr. Şonuň üçinem daýzam bu otagda gal diýse, garşy bolup durmarsyň-la — diýip, Pollianna dymdy. Yzyndanam lezzet bilen uludan bir demini aldy.

Onuň nämeler samrap barýanyna düşünmeýän Jimmi Bin:

— Halys başym çaşdy! — diýip haýran galdy.

Soňra ol:

— Men häzire çenli ylgap barýarka yzyny üzmän gepläp bilýän adama gabat gelmändim — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi. — Saňa gep goşmagam gerek däl. Munça gürrüň tapaýşyňy!

Pollianna jykyr-jykyr güldi.

— Hawa, sen meň bu bolşuma begenip bilersiň. Sebäbi men gepleýärkäm, sen dymyp bilýäň.

Olar öýe ýetensoňlar, Pollianna Jimmini göni daýzasynyň ýanyna eltdi. Olary gören hanym Polliniň haýran galmakdan ýaňa gözi hanasyndan çykara geldi.

— Polli daýza! Bäriňize bir serediň! Men size gözgulak bolar ýaly, Flaffidir Baffidenem has üýtgeşik birini getirdim. Bu oýnawaç däl, hakyky oglanjyk. Ol başda biraz üçekde ýatmaga-da garşy däl diýýä, onsoňam işem ederin diýýä. Ýöne ol köplenç, elbetde, meň bilen oýnar.

Hanym Polliniň ýüzi bir agardy, bir-de gyzardy. Nämeleriň bolup geçýänine doly düşünmese-de, esasy aýdyljak zada aň ýetirdi.

— Pollianna, bu nä boluş? Bu kiçijik, kirli oglanjyk kim? Sen ony nireden getirdiň? — diýip, ol gaharynyň gelýänini syzdyrdy.

«Kiçijik, kirli oglanjyk» bada-bat yza tesip, gapa tarap nazar aýlady. Pollianna muňa pyňkyryp goýberdi:

— Wah, men size onuň adyny aýtmandyryn-a! Menem hol nätanyş kişim ýaly edepsizlik edäýipdirin. Oň kirlidigini bilipsiňiz. Ýöne Flaffidir Baffini alanymyzda-da olaram başda kirlidi... Wiý, men henizem muň adyny aýdamog-a — diýip, Pollianna ýene-de güldi. — Polli daýza, bu — Jimmi Bin.

— Ýagşy, onsoň ol bu ýerde näme işleýä?

— Wiý, Polli daýza! Men ýaňyja size aýtdym-a!

Ol Polli daýzasyna gözlerini petredip garady.

— Ony ýöriteläp siz üçin getirdim. Men ony bärde ýaşasyn diýip getirdim. Onuň öýli hem-de maşgalaly bolasy gelýä. Oňa siziň maňa hem Flaffi bilen Baffä nähili ýagşylyk edeniňizi aýdyp berdim. Siziň Jimmäde şeýle ýagşylyk etjegiňizi bilýän. Sebäbi ol pişikdenem, itdenem has mähriban ahyry.

— Boldy, Pollianna! Men-ä saňa näme diýip näme aýtjagymy bilemok! Ykmanda pişikleridir myrdar itleri getireniňi az görýän ýaly, indi köçede el serip ýören sergezdanlaram daşap başladyňmy?..

Oglanjyk Polli daýzanyň sözlerine tisginip gitdi. Onuň gözlerinden uçgun syçrasa-da, başyny dik tutdy. Ol ynam bilen öňe ätläp, hanym Polliniň golaýyna geldi-de, pert-pert gürledi:

— Men el serip ýöremok, hanym, sizden hiç zat tamakinçiligimem ýok. Onsoňam men ýagşylygyňyzy öz zähmetim bilen ýerine salmakçydym. Diňe şu gyzjagaz siziň şeýle rehimlidigiňizi, mähirlidigiňizi, meni gujak açyp garşylajakdygyňyzy aýdansoň bärik geldim, ýogsa öýüňiziň işigindenem ätlemezdim. Düşnüklimi?!

Ol hyrra yzyna öwrüldi-de, başyny buýsançly tutup çykyp gitdi. Ol halys eleşan görünse-de, mertebesini saklamagy başardy.

Pollianna:

— Wah, Polli daýza! — diýip aglamjyrady. — Men-ä siz muňa begenersiňiz öýdüpdim. Begenersiňiz öýdüp getiripdim ony.

Hanym Polli «Ýuwaş bol!» diýen manyda elini galdyrdy. Onuň beýnisi garjaşypdy. Oglanjygyň «rehimli, mähirli» diýen sözleri häzirem gulagynda ýaňlanyp durdy hem onuň süňňüni ýene-de şol öňki alaçsyzlyk eýeläpdi. Şonda-da ähli güýjüni bir ýere jemläp:

— Pollianna! — diýip gygyrdy. — Sen şol «begenýän» sözüni üznüksiz gaýtalamagyňy haçan bes etjek?! Ertirden agşama çenli şol bir heňiň. Bar bileniň-biteniň «begenýän-de-begenýän». Ahyry bir güni meni akylymdan azaşdyrsyň.

Haýran galmakdan ýaňa Pollianna agzyny açyp galdy.

— Wah, Polli daýza! — diýip, ol uludan demini aldy. — Siz meni begençli halda görmäge begenersiňiz öýdüpdim-dä... Wah! — diýip, ol elini bada-bat agzyna ýetirdi-de, yzyna garaman haýdap, otagdan çykyp gitdi.

Ol ýodanyň aňrybaşynda Jimminiň yzyndan ýetdi. Pollianna onuň elinden çekeläp durşuna:

— Aý oglan! Jimmi Bin! Men muňa... gaty gynanýan — diýip, demi-demine ýetmän zordan gepledi.

— Gynanma! Bärde seň hiç hili günäň ýok — di-

ýip, oglanjyk gönüsinden geldi.

Birdenem janygyp:

— Ýöne men el serip ýörenlerden däl! — diýdi.

Pollianna:

— Dogry, elbetde, dogry! Ýöne sen daýzamy ýazgarma! — diýip, ony ynandyrjak boldy. — Belki, özüm gowy düşündirip bilen däldirin. Onsoňam men oňa sen hakda kän zat aýdyp ýetişmedimem-dä. Ol, hakykatdanam, rehimlem, mähirlem... ol hemişe-de şeýledi. Men ýöne doly düşündirip bilmedim öýdýän. Meniň, hakykatdanam, saňa oňatja bir ýer tapyp beresim gelýä.

Oglanjyk egnini gysyp, Polliannadan çala ýüzüni sowdy.

— Alada galma. Özümem taparyn. Men gedaý däl ahyry.

Pollianna gaşyny çytyp, çuňňur oýa batdy. Birdenem onuň kellesine üýtgeşik bir pikir geldi. Polliannanyň ýüzi açylyp gitdi.

— Men näme etmelidigimi bilýän! Bu gün Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetiniň agzalary duşuşýa. Muny Polli daýzamdan eşitdim. Men şo taýyk baryp, seň ýagdaýyňy düşündirjek. Kakam zerurlyk ýüze çyksa, ykmandalary okatmak ýa-da täze haly almak islese, ýa-da şuňa meňzeş ýagdaýlarda şolara geňeşerdi.

Oglanjyk oňa gyňralyp seretdi.

— Men ykmanda-da, täze haly hem däl. Ýogsa-da... «Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýeti» diýýäniň näme?

Pollianna ýazgaryjy äheňde gürledi:

— Bäý-bä?!. Jimmi Bin, men seň ozal nirelerde ýaşanyňy biljek däl welin... Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetini bilmeýşiňe haýran galýan!

Oglanjyk:

— Bolýa, aýdasyň gelmese aýtma-da — diýip, hüňürdedi-de, yzyna öwrülip, biperwaý halda ýöräp gidiberdi.

Pollianna bada-bat onuň gapdalynda häzir boldy.

— Dursana. Häzir aýtjak-la. Bu... bu... bu birtopar aýalyň toplanyp, tikin tikýän, nahar bişirýän, pul ýygnaýan... hem-de gürrüň edýän ýeri. Oňa «Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýeti» diýilýä. Ol ýerdäkiler diýseň gowy adamlar... meň ýaşan ýerimdäkileriň köpüsi şeýledi. Bärdäkileri bilemok. Ýöne olar hemişe gowy adamlar bolýa. Şu gün olaň ýanyna baryp, sen hakda aýtmakçy.

Oglanjyk oňa ýene-de gyňralyp bakdy.

— Ile meňzeş düşündirip bilesiňem ýok-la! Sen, näme, birtopar aýalyň daşyma üýşüp, «gedaý» diýenini diňlär öýdýäňmi?! Ýok, muň maňa geregi ýok.

— Ýöne ikimiziň bile gitmegimiz hökmanam däl. Ýeke özüm baryp, ähli zady düşündirin.

— Düşündirmiň?

Oglanjygyň gaharly ýüzüniň açylyşyp başlanyny aňan Pollianna:

— Elbetde, düşündirin, bu gezek gaty gowy edip düşündirin — diýip, ony köşeşdirdi. — Men bilýän, olar seni hossarlyga almaga razy bolar.

— Men işlemäge taýýar... işlejegimi aýtmagy unutmagyn.

Pollianna:

— Hökman aýdaryn — diýip, keýpiçag halda oglanjyga söz berdi.

Ol maksadyna ýetipdi.

— Jogabynam ertir aýdaryn.

— Saňa nirede garaşmaly?

— Ýoluň ugrunda... hol ilki sataşan ýerimizde, hanym Snowuň öýüniň ýanynda.

— Bolýa. Men saňa şo ýerde garaşaryn.

Oglanjyk biraz sägindi-de, pessaý ses bilen sözüni dowam etdirdi.

— Bir gijelik bolsa ýetimler öýüne giderin-dä. Ýogsa başga barara gapym ýok... Onsoňam men şu gün irden şo ýerden gaçdym. Hiç kime duýdurman çykdym. Men olara «gelmen-ä» diýmändim, ýogsa içerik salmazlar... aslynda, kämahal gözlerinden ýitsemem kän bir alada galyp duranoklarmyka diýýän. Herhal, olar seň ýakyn hossarlaň ýaly däl-dä. Olaň seň bilen işleri ýok.

Pollianna oňa duýgudaşlyk bildirdi:

— Wah, görgülijik! Ýöne hiç darykma, ertire çenli gaýrat et, şonda seň öýüňem bolar, hemişe aladaňy etjek ýakynlaryňam. Häzirlikçe hoş onda.

Ol şeýle diýip, öýe tarap ýöneldi.

Şol mahal myhman jaýynyň penjiresinden bu iki çagany synlap duran hanym Polli oglanjygy gussaly gözleri bilen tä ýodanyň aňrybaşynda gözden gaýyp bolýança ugratdy. Soňra ol uludan demini aldy, beýlesine öwrülip, haýaljakdan ýokarky gata galdy... Hanym Polli mundan ozal hiç haçan beýle gowuşgynsyz hereket etmeýärdi. Oglanjygyň gazap bilen «rehimli, mähirlimikäňiz öýdüpdim» diýen sözleri onuň gulagynda häzir hem ýaňlanyp durdy. Onuň ýüregi mynçgalanan ýaly boldy. Nämedir bir zady ýitirip, şonam tapmaýan ýaly nämälim duýgyny başdan geçirdi.

(Dowamy bar).

Iňlis dilinden terjime eden
**Timar MÄMMETGURBANOWA**



Eleanor PORTER,
amerikaly ýazyjy

# Pollianna

(Roman)

*(Dowamy. Başlangyjy žurnalyň geçen sanynda).*



### XII bölüm

### Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetiniň garşysynda

Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň duşuşýan güni Harriňton mülkünde günorta nahary asuda geçdi. Polliannanyň ölemen nämedir bir zatlaryň gürrüňini beresi gelýärdi, ýöne «begenýän» sözüni aýdyp bilmän sakynansoň, gyzaryp, uýaljyrap, azyndan dört gezek dagy başlan gürrüňini soňlaman goýdy. Şeýle ýagdaý bäşinji gezek gaýtalananda, hanym Polli halys ýagyr bolan halda ýüzüni galdyrdy-da:

— Ýeri-ýeri, Pollianna, şeýle içiň byjyklap duran bolsa, gürläber — diýip, uludan demini aldy. — «Begenýän» sözüni aýtman gürläp bilmeýän bolsaň, dagy nädeýin? Ýeri, aýdyber!

Polliannanyň menekli ýüzi ýagtylyp gitdi.

— Sag bol, daýza! Bu sözi aýtman durup bilemok. Düşünýäňizmi, bu oýny köpden bäri oýnap gelemsoň...

Polli daýza:

— Näme oýnaýan diýdiň? — diýip üşerildi.

— Oýun... oýnaýadym... kakamyň...

Özüniň ýene-de gadagan edilen meseläniň üstünden baranyna akyl ýetiren Pollianna birden dymdy.

Polli daýza gaşyny çytdy, ýöne hiç zat diýmedi. Şundan soň hiç kimden ses çykmady.

Nahardan soň daýzasy ruhanynyň aýalyna jaň edip, kellesiniň agyrýany sebäpli, bu gün duşuşyga gatnaşyp bilmejegini aýdanynda, Pollianna sähelçede gynanmady. Polli daýzasy ýokarky gata, öz otagyna galyp gapyny ýapansoň, ol daýzasynyň kellesiniň agyrýanyna ýüregi bilen gynanasy geldi, ýöne Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň öňünde Jimmi Biniň meselesini goýmaly bolanda, daýzasynyň şol ýerde bolmajagyna welin, begenmän durup bilmedi. Ol Polli daýzasynyň Jimmi Bine «Gedaýjyk» diýenini unutmandy. Pollianna onuň zenanlaryň öňünde-de şeýle diýerini islänokdy.

Ol Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň sagat ikide bu ýerden bary-ýogy ýarym mil uzaklykda ýerleşýän çaklaňja ybadathanadaky doga okalýan jaýda ýygnanyşýandyklaryny bilýärdi. Pollianna ol ýere sagat üç bolmanka barmakçydy.

Ol öz ýanyndan: «Hernä şol ýerde olaryň ählisi bolaýsady» diýip pikirlendi. Sebäbi duşuşyga barma-

dyk zenanyň Jimmi Bini öz ýanyna alasynyň gelmegi mümkindi. Olar näçe köp bolsa, şonça-da gowudy.

Pollianna haýal, ýöne ynamly ädimler bilen doga okalýan jaýyň basgançaklaryndan ýokaryk galdy. Esasy otagdan zenanlaryň pessaý wagyrdysy hem gülki sesi eşidilýärdi. Pollianna sähel salym säginen ýaly etdi-de, kynlyk bilen içki gapyny açdy.

Wagyrdy sesi tapba kesildi. Pollianna uýaljyrap, içerik girdi. Häzir şeýle aýgytly pursatda ol özüni diýseň gowuşgynsyz duýýardy. Näme diýseňem, garşysynda oturan bu ýarym tanyş-ýarym nätanyş ýüzler onuň özüne mähriban bolan şol öňki Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkiler däldi.

— Ýagdaýlaryňyz gowumy, Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetiniň agzalary? — diýip, ol özüni dürsäp söze başlady. — Men Pollianna Witýer. Araňyzda meni tanaýanyňyzam bardyr, belki... Ýöne men-ä sizi tanaýan... edil ähliňizi-hä tanamok welin...

Ol sözüni kesdi. Ara dymyşlyk düşdi. Zenanlaryň käbiri öz agzadaş jorasynyň ýegençisini tanamaga ýetişipdi. Bularyň ählisi diýen ýaly hanym Polliniň ýanyna ýegençisiniň ýaşamaga gelenini eşidipdi, ýöne häzir welin, olar näme diýjeklerini bilmän, ýaýdanyşyp durdular.

— Men... men... bir... bir mesele bilen bärik geldim — diýip hüňürdän Pollianna, özi-de bilmezden, kakasyna öýkünenini duýman galdy.

Zenanlaryň biri köýnegini şowurdadyp, ýerinden gozgandy.

Ruhanynyň aýaly hanym Ford:

— Seni... seni daýzaň iberdimi, eýjejigim? — diýip sorady.

Polliannanyň ýüzi çala gyzaryp gitdi.

—Ýok-la. Özüm geldim. Näme diýseňizläň, men Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetine öwrenişipdirin. Ozal şo taýda ýaşapdym. Meni kakam bilen... Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkiler terbiýelediler.

Oturanlaryň biri durup bilmän, çasly güldi welin, ruhanynyň aýaly muňa gahar bilen gaşyny çytdy.

— Hawa, mähribanym! Aýdyber! Näme mesele bilen geldiň?

— Bu... bu Jimmi Bin bilen baglanyşykly mesele — diýip, Pollianna uludan demini aldy. — Onuň ýetimler öýünden başga barara gapysy ýok. O ýeri bolsa dolumyş hem ony saklamak islemeýärmişler. Onuň özi şeýle pikir edýä. Şoň üçinem ol ýaşamaga başga bir öý gözleýä. Onuň gözegçilik astyndaky öýde ýaşasy gelenok, ejeli, öz aladasyny etjek garyndaşly öýde ýaşasy gelýä. Ol on ýaşap, on bir ýaşyna gidipdir. Belki, biriňiz ony halarsyňyz hem... hem öz ýanyňyza alarsyňyz.

Hiç kimden ses çykmady.

Ahyrsoňy zenanlardan biri:

— Görsene muny! — diýip, dymyşlygy bozdy.

Pollianna özüne aňkarylyp garaýan ýüzlere aladaly bakdy.

— Hä, men esasy zady aýtmagy unudypdyryn! Ol özüniň hökman işlejekdiginem aýdýa.

Ýene-de dym-dyrslyk aralaşdy. Birdenem zenanlaryň käbiri göwnübir ýaly bolup, onuň üstüne sorag baryny ýagdyryp başlady. Soňam ählisi gürrüňe goşulyp, birek-biregiň öňüne düşdüler. Geň ýeri, hijisinde duýgudaşlyk alamaty bildirenokdy.

Polliannanyň barha ynjalygy gaçýardy. Aýdylýan zatlaryň aglaba bölegine düşünmese-de, olara gulak asdygyça, hiç kimiň Jime öz öýüniň gapysyny açmak islemeýändigine göz ýetirdi. Aslynda, zenanlaryň her biri ony başga biri almak islär ödýärdi. Sebäbi olaryň arasynda erkek zürýatsyzy-da bardy. Ýöne oturanlaryň arasyndan Jimmä howandar çykjak welin tapylmady. Soňra ruhanynyň aýaly çekine-çekine, bu ýyl alys Hindistandaky çagalara iberilýän pul serişdesiniň möçberini azaldyp, Jime bilim bermek hem-de hemaýat etmek teklibini orta atdy.

Bu teklipden soň çykyş etmek islänler has hem köpeldi, aram-aram olaryň hemmesi birden diýen ýaly gürleýärdi, ýöne olaryň arasynda duýgudaşlyk bildirýänleri welin tapylmady. Olaryň jemgyýeti Hindistandaky wagyz-nesihat işine bagyş edilýän haýyr-sahawat bilen bellidi. Oturanlaryň käbiri bolsa bu ýyl kömek puluny azaldyp, jemgyýetiň mertebesini pese gaçyranyndan ölenini ýeg görýänini aýtdy. Pollianna şondan soňky gürrüňlere aň ýetirip bilmedi. Olar üçin, aslynda, puluň nämä harç bolýany hiçdi. Özleriniň haýyr-sahawat jemgyýetiniň sanawyň arasynda başda durany ýeterlikdi. Bu bolsa orta atylan teklibiň kabul edilmeginiň asla mümkin däldigini aňladýardy.

Ýöne bu gürrüňleriň ählisi ýakymsyzdy, pikiriňi garjaşdyrýardy. Şonuň üçinem Pollianna arassa howa çykanda uludan demini aldy, ýürekden begendi... şol bir wagtda hem gynandy, sebäbi ol ertir Jimmi Bine Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetiniň öz şäherindäki kiçijik hossarsyz oglana goldaw bereninden, ähli pullaryny uzakdaky çagalara iberenini gowy görýänini aýtmagyň ýeňil bolmajagyny bilýärdi. Sebäbi uzyn boýly, gözleri äýnekli bir zenanyň aýtmagyna görä: «Mertebeleriniň pese gaçmagyna ýol berip biljek dälmişler».

Ähli keýpine sogan dogralan ýaly bolan Pollianna zordan süýrenip barşyna, öz ýanyndan: «Elbetde, garamaýaklara pul ibermek gowy zat. Belki, men olardan bu gezek puly azrak ibermeklerini haýyş edip ýalňyşandyryn, ýöne olar üçin bu ýerdäki çagalara garanyňda ýat ülkelerde ýaşaýan çagalar has wajyp ýaly görünýär» diýip oýlanýardy.

## XIII bölüm

## Pendltan tokaýlygy

Pollianna ybadathanadan çykansoň, öýe däl-de, Pendltan baýryna tarap gitdi. Bu gün «dynç günüdigine» (ol tikin we biş-düş dersleri bolmadyk günleri şeýle atlandyrýardy) garamazdan, ol özüni diýseň argyn duýýardy. Pollianna şu mahal özüne asuda, ýap-ýaşyl Pendltan tokaýlygynda gezelenç etmekden başga hiç zadyň ýaramajagyna düşünýärdi. Ol gerşini ýakyp gelýän gyzgyna per bermän, haýallyk bilen Pendltan baýryna çykyp barýardy.

Ol öz-özüne:

— Sagat altyň ýaryna çenli wagtym bar. Häzir baýra dyrmaşmaly bolsamam, öýe tokaýlygyň içi bilen aýlanyp barsam göwnüm göteriler — diýýärdi.

Pollianna Pendltan tokaýlygynyň owadan ýerdigini ozalam bilýärdi welin, bu gün bu ýeri onuň ertir Jimmi Bine ýetirmeli boljak gussaly habary zerarly dörän lapykeçlik duýgusyna garamazdan, oňa has hem ajaýyp görünýärdi.

Pollianna öz ýanyndan:

— Haýp, şu mahal olar... ýaňky sesine bat berip geplän hanymlar bärik düşen bolsadylar — diýip, uludan demini aldy-da, dury asmana hem agaçlaryň Gün şöhlesi düşüp duran göm-gök başlaryna göz aýlady. — Şu baýra ýekeje gezek çykyp görseler, badabat pikirini üýtgedip, Jimmi Bini ogullyga alardylar — diýen Pollianna, sebäbini bilmese-de, edýän pikiriniň dogrudygyna sähelçe-de şübhelenmedi.

Birdenem Pollianna başyny galdyryp diňşirgendi. Itiň üýrýän sesi eşidilen ýaly boldy. Birsalymdan müçesi kiçiräk köpek üýrmesini goýman, Polliannanyň gapdalyna geldi.

— Salam, itjagaz! Salam! — diýip, Pollianna ite barmagyny çommaltdy-da, onuň eýesini gözläp, ýodajyga göz aýlady.

Ol bu iti öňem bir ýerde gören ýalydy. Hawa, ol ony şol nätanyş kişiniň, jenap Jon Pendltanyň ýanynda görüpdi. Pollianna onuň eýesi bir ýerden çykar öýdüp birsalym garaşdy. Ol tokaýyň içi bilen uzalyp gidýän ýodajyga esli salym göz dikip seretdi, ýöne hiç kim görünmedi. Soňra ol iti içgin synlady.

Polliannanyň göwnüne bolmasa, itiň özüni alyp barşy diýseň geňdi. Ol yzyny üzmän üýrýärdi, göýä, bir betbagtlygy duýdurmak isleýän ýaly çyňsaýardy, ýodajyk bilen öňe yza ylgaýardy. Pollianna itiň yzyna düşdi. Birsalymdanam ýol ikä aýryldy. Itjagaz bu gezek bat bilen aşaklygyna ylgady, şol bada hem üýrüp-çyňsap, yzyna dolanyp geldi.

Pollianna esasy ýodadan aýrylman durşuna:

— Wah-wah-eý! Bu ýoda öýe äkidenok ahyryn — diýip gülümsiredi.

Itjagazyň özüni alyp barşy akylyndan azaşana çalym edýärdi. Ol naýynjar çyňsap, üýrüp, sandyrap, Pollianna bilen gapdal ýodanyň arasynda dynuwsyz öňe yza, öňe yza pelesaň kakýardy. Onuň her bir galpyldysy, goýun gözleriniň naýynjar bakyşy çäksiz ýalbarma ýugrulandy... Ol şeýlebir naýynjardy welin, ahyrsoňy Pollianna onuň özünden näme isleýänine düşünip, gapdal ýoda aýak basdy we itiň yzyna düşdi.

It öňe okdurylyp, guduzlan dek ylgady. Köp wagt geçmänkä-de, Pollianna bu başagaýlygyň sebäpkäriniň üstünden bardy. Ýodadan birnäçe ädim beýleräkde, gaýanyň aşagynda bir adam mejalsyz ýatyrdy.

Polliannanyň aýagynyň astynda kiçiräk bir şaha şatyrdap gitdi welin, ýerde ýatan adam başyny galdyrdy. Zähresi ýarylara gelen Pollianna «hiýh» edip, bada-bat onuň gapdalynda peýda boldy.

— Jenap Pendltan! Näme bir ýeriňizi agyrdaýdyňyzmy?

— Ýok-la! Men ýöne güneşde meýmiräp ýatyrdym — diýip, ol kinaýaly jogap berdi. — Gör-ä muny, seň eliňden gelip biljek zat barmy? Nämäni başarýaň? Heý, bir zady duýýaňmy?

Ylgap daljygan Pollianna demini dürsänsoň, bu sowallara endigine görä gönümel jogap berdi.

— Jenap Pendltan, aslynda-ha, men häzirlikçe beýle bir köp zada düşünibem baramok, beýle köp bilýän zadymam ýok, başarýan zadymam köp däl. Ýöne Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň hanym Rowsondan başgasy maňa meniklije gyz diýýädi. Olaň şeýle diýýänini hakyt gulagym bilen eşitdim... ýöne olaň özleri welin, meň eşidenimi duýmadylar.

Jenap Pendltan ýaňsyly ýylgyrdy.

— Ýeri, bolýa, gyzym! Meni bagyşla. Janymyň ýanyp duranynyň sebäbi aýagymyň agyrysy alyp barýa — diýip, ol sözüne salym berdi-de, elini kynlyk bilen balagynyň jübüsine ýetirdi, bir düzüm açar çykaryp, ondan bir açary saýlap aldy-da, ony başam barmagy bilen süýem barmagynyň arasynda saklap, sözüni dowam etdi:

— Şu ýodany yzarlap gidiber, birsalym ýöräňsoň, meň öýüme ýetersiň. Bu açar üsti bassyrmaly gapdal gapyny açýandyr. Sen «bassyrmaň» nämedigini bilýäňmi?

— Bilýän, jenap. Daýzamyň eýwanynyňam bassyrmasy bar. Bir gezek şol üçege meňzeş zadyň üstünde ýatypdymam, aslynda, ýatjak bolupdym. Ýöne meni tapaýdylar.

— Hä-ä! Şeýlemi?! Onda yzyny diňle, içerik gireňsoň, geçelgedenem, myhman jaýyndanam geçip, çetdäki gapyny açarsyň. Otagyň ortarasynda duran ullakan ýasy stoluň üstünde telefon bardyr. Telefonda jaň edip bilýäňmi?

— Hawa, jenap! Bir gezek Polli daýzam...

Jenap Pendltan:

— Şu mahal Polli daýzaň gürrüňini goýsan-a — diýip, sabryny suwa gaçyryp, onuň sözüni böldi-de, çalarak ýerinden gozganjyrady.

— Telefon kitapçasyndan lukman Tomas Çiltonyň belgisini taparsyň. Kitapça-da şol ýerlerdedir... Ol stoluň gapdalyndaky ildirgiçden asylgy durandyr... belki, asylgy duranam däldir. Gowuja gözle. Sen telefon kitapçaň nämedigini bilýänsiň-le?! Gören badyňa tanarsyň-la.

— Tanaryn, jenap! Men Polli daýzamyň telefon kitapçasyny dörmegi gowy görýän. Onuň içi her dürli täsin atlardan doly hem-de...

— Lukman Jon Çiltona meň Pendltan tokaýlygynda Kiçijik Bürgüt atly gaýaň aşagynda aýagymy döwdürip ýatanymy aýt, ýanyna iki sany adam bilen zemmer alyp, häziriň özünde bärik gaýtsyn. Galanyny özi biler. Özem öýden gaýdýan ýoda bilen gelmelidigini düşündir.

Pollianna:

— Wiý, siziň aýagyňyz döwüldimi, jenap Pendltan, wah-wah-eý, bolmandyr! — diýip, duýgudaşlyk bildirdi. — Bärik gelenim gowy bolupdyr-da onda. Meň size kömegim degermi?!.

— Hawa, deger... ýöne beýdip durşuň bilen kömek etjege meňzäňok. Sen geplemegiňi goý-da, aýdan zatlam bilen bol?! — diýip, ol çala iňledi. Ahyrsoňy Pollianna eşidiler-eşidilmez sojap, ýola rowana boldy.

Pollianna häzir ne dury asmana, ne-de Gün şöhlesi düşüp duran göm-gök agaçlaryň başlaryna seredýärdi. Ol bir agaç-agaja, bir-de daşa büdräýmäýin diýen gorky bilen ýerden gözüni aýranokdy.

Ol köp wagt geçmänkä, jaýyň ýanynda peýda boldy. Pollianna bu jaýy öňem bir gezek görüpdi, ýöne hiç mahal beýle ýakyndan synlamandy. Häzir ol sütünli eýwanlarydyr beýik girelgesi bolan, ullakan çal daşlardan galdyrylan bu äpet jaýyň gabarasyndan eýmenmänem durmady. Ol bir pursatlyk aýak çeken ýaly etdi-de, idegsiz bagyň deňinden howlukmaçlyk bilen geçip, öýüň daşyndan aýlanyp, depesi bassyrmaly gapynyň üstünden bardy. Açarlary berk gysymlansoň, eli ysmaza dönüpdi, açary zordan towlady. Oýulyp nagyşlanan agyr gapy gaty haýallyk bilen açyldy.

Pollianna demini dürsemek üçin sägindi. Ol alňasaýanyny unudyp, uzyn geçelgädir giň hem garaňky myhman jaýyna howatyrly nazar aýlady. Köp kişi Jon Pendltanyň öýüni syrly ýer hasaplaýardy, nirededir şu töwerekde adam süňküniň ýygşyrylan bolmagy-da mümkindi. Şonda-da Pollianna bu eýmendiriji otaglara ýeke özi girmelidi hem lukmana jaň edip, öý eýesiniň ýatan ýerini salgy bermelidi.

Birden Pollianna eşidiler-eşidilmez gygyrdy-da, daş-töweregine garaman, güýjünde baryny edip, geçelgeden ylgady we çetdäki gapyny açdy.

Otag ullakandy, tutuksydy, ýürekgysgynçdy, onuň diwarlary gara agaç bilen jäheklenendir, penjirelerine gyrmyzy perdeler tutulandy. Günüň günbatar penjireden düşýän altyn şöhlesi diwar pejiň öçügsi mis odun söýegini çala ýaldyradyp, otagyň edil ortarasynda duran äpet stoluň üstündäki kümüşsöw telefona galtaşyp geçýärdi. Pollianna daraklygyna basyp, şol stoluň ýanyna bukdaklap geldi.

Telefon kitapçasy ildirgiçden asylgy däl ekeni, ol ýerde ýatyrdy. Bolsa-da, Pollianna ony tapdy, titir-titir edýän barmagy bilenem «Ç» harpyndan «Çiltony» gözledi. Ol telefon belgini aýlap, lukman Çilton bilen habarlaşdy. Pollianna sandyrawuk sesi bilen oňa Jon Pendltanyň habaryny ýetirip, lukmanyň gysgadan ýerlikli sowallaryna jogap berdi. Öz wezipesini ýerine ýetirdim edip, telefon tutawyny ýerinde goýansoň, ol ýeňillik bilen demini aldy.

Pollianna başyny galdyryp, goýy gyrmyzy reňkli perdeleri, otagyň bir tarapynda diwary tutup duran sansyz-sajaksyz kitaply tekjeleri, bulam-bujarlygy, üsti tertiptiz stoly, beýleki tarapynda adam süňküni ýygşyryp biläýjek köpsanly gapylary gördi. Otagy çaň basypdyr, ähli ýer çaň-tozana gömlüpdir. Bu geňtaň görnüşden soň, Pollianna girişi ýaly, geçelgeden aýagaldygyna ylgap, oýulyp nagyşlanan agyr gapydan atylyp çykdy. Ol gapyny ýapmagam unudypdy. Gapy ýarym açyk galdy.

Hatda ýerinden gozganyp bilmän ýatan adam üçinem Pollianna yzyna, tokaýlyga gaty gysga wagtyň içinde dolanyp gelen ýaly boldy. Gyzjagaz gapdalyna geçip oturan badyna, Jon Pendltan:

— Ýeri, näme boldy? Öýe girip bilmediňmi? — diýip, alada galyp sorady.

Pollianna gözlerini elek-çelek etdi.

— Içerigem girdim, görşüňiz ýaly, yzyma-da dolanyp geldim. Eýsem, öýe girip bilmedik ýagdaýymda yzyma dolanmalymy näme?! Lukmanam adamlarydyr başga-da gerek boljak zatlaryny alyp, gyssagy özi bilen boljakdygyny aýtdy. Ol siziň nirededigiňizi bilýändiginem aýtdy. Menem olara ýol görkezmek hökman bolmansoň, garaşybam durmadym. Siziň ýanyňyza gaýdyberdim.

Jon Pendltan:

— Şeýlemi? — diýip, ýaňsyly ýylgyrdy. — Men-ä seň ýeriňe bolan bolsam beýtmezdim. Özüme has ýakymlyrak ýer gözlärdim.

— Gaty gaharyňyz gelýäni üçin şeý diýýäňizmi?

— Hawa, şeý diýjek boldum. Gönümelligiň üçin sag bol!

Pollianna hoşamaý ýylgyrdy.

— Ýöne siz diňe daşyňyzdan hyrsyz görünýäňiz... Hakykatda welin, asla beýle däl.

— Şeýlemi?! Sen muny nireden bilýäň? — diýip, Jon Pendltan agyryly aýagyny gymyldatman, başyny ynjalykly goýmaga çalyşdy.

Pollianna:

— Köp zatdan bilýän... mysal üçin, iti gowy görşüňizden bilýän — diýip, onuň tüýleri ýaldyrap duran enaýyja itiň üstünde hereketsiz ýatan goluna tarap ümledi. — Itlerdir pişikler adamlaryň häsiýetini adamlaryň özündenem gowy bilýä. Şeýle dälmi?! Geliň, men siziň kelläňizi saklap duraýyn — diýip, ol sözüni tamamladym etdi.

Jon Pendltan ýatyşyny üýtgeden mahaly agyrydan birnäçe gezek sojady hem-de hyklady. Ýöne Polliannanyň dyzy gaty ýerden has rahat göründi.

— Hawa... has gowy boldy — diýip, ol eşidiler-eşidilmez pyşyrdady.

Soň birsalym sessiz ýatdy. Pollianna onuň ýüzüne siňe seredip durşuna, uklaýdymyka diýip oýlandy. Ýöne herhal uklamandygyna düşündi. Ol agyrysyna çydaman, iňlemejek bolup, dişlerini berk gysyp ýatyrdy. Syratly hem gujurly adamyň alaçsyz ýagdaýda ýerinden gozganyp bilmän ýatyşyna ýüregi awan Pollianna tas möňňüripdi. Jon Pendltanyň bir eli berk ýumulgydy hem hereketsiz ýagdaýda uzalyp ýatyrdy. Onuň itiň kellesinde goýan beýleki elinde-de ysgyn bara meňzänokdy. Gamgyn hem galagoply nazaryny hojaýynynyň ýüzünden aýryp bilmeýän item gymyldaýyn diýenokdy.

Wagt bolsa gijigip barýardy. Gün has aşaklapdy, agaçlaryň kölegelerem has goýraslanypdy. Pollianna şeýlebir ümsüm otyrdy welin, onuň dem alşam eşidilmeýärdi. Bir guş uçup gelşine, sähelçe-de çekinmän, onuň edil gapdaljygynda gondy. Bir awusiýdik maňlaýyndaky agaç şahasynyň üstünde oturyşyna, ýaldyrap duran kiçijik gözlerini gyrpman, gymyldysyz ýatan itiň depesinde mymyk tüýli guýrujagyny bulaýlady...

Ahyrsoňy it gulagyny üşerdip, ýuwaşja çyňsady, soň ýiti ses bilen üýrdi. Sähel salymdanam düşnüksiz sesler geldi. Şonuň yzysüresi-de, zemmerdir başgada zerur zatlary göterip gelýän üç sany adam göründi.

Olaryň iň uzyn boýlusy, sakgal-murty tekiz syrylany, il arasynda «Lukman Çilton» ady bilen bellidi. Bu mährirli adamy Pollianna tanaýardy. Lukman öňe saýlanyp, ýylgyryp gürledi:

— Hawa, kiçijik hanym, näme şepagat uýasy bolaýdyňmy?

Pollianna:

— Ýok-la, jenap! — diýip gülümsiredi. — Men diňe onuň kellesine tekge berdim... Ýanymda derman bolmasa näme! Ýöne men bu taýyk düşenime ýaman begenýän.

— Menem begenýän — diýip, baş atan lukman Çilton indi ähli ünsüni garşysynda aýagynyň agyrysyna çydaman ýatan adama gönükdirdi.

## XIV bölüm

## Çorba

Pollianna Jon Pendltanyň betbagtçylyga uçran güni agşamlyk naharyna gijä galyp geldi. Bolsa-da, ol ujyz gutuldy.

Nensi ony gapyda garşylady.

— Haçan gelerkäň diýip, ýoluňa göz dikip ýörmekden ýadadym — diýip, ol ýeňillik bilen uludan demini aldy. — Sagat eýýäm ýediň ýary boldy.

Pollianna:

— Bilýän-le! — diýip, müýnli ýaly gepledi. — Ýöne men bilgeşleýinden şeýtmedim... Hakykatdanam, mende ýazyk ýok. Hatda muňa Polli daýzamam düşüner.

— Ol-a seň gepiňem diňläp durmaz — diýip, Nensi dabara bilen gürledi. — Daýzaň gitdi.

— Gitdi diýdiňmi? Nirä gitdi? Men sebäpli gitdi diýjek bolýaňmy?

Şol pursat ýetim oglanjyk, pişik, it hem gadagan edilse-de, hemişe dilinden sypýan «begenýän», «kaka» sözleri bilen baglanyşykly wakalar Polliannanyň gözüniň öňünde birin-birin janlanyp gitdi.

— Daýzamyň gitmegine men sebäp bolaýdymmykam!

Nensi:

— Goýsana — diýip, seňrigini ýygyrdy. — Bostondaky ýegeni tarpa-taýyn aradan çykypdyr. Sen öýde ýokkaň, oňa gyssagly habar geldi. Onsoň ol eglenmän ýola düşmeli boldy. Hanym Polli ýene üç günden soň dolanyp geler. Muňa ikimizem begenmelimikäk diýýän. Üç günüň dowamynda tutuş öý bize galýa, biziňki, saňa hem maňa galýa.

Polliannanyň ýüzi üýtgäp gitdi.

— Begenmeli diýýäňmi? Wah, Nensi, heý, ölümede bir begenip bolarmy?

— Hä, ýöne men ölüme däl-de, hanym Polliniň gidenine begenmeli diýjek boldum...

Nensi birden sesini kesdi. Soňam şelaýynlyk bilen oňa bakdy:

— Hanym Pollianna, ähli zada begenmegi özüň öwretmediňmi näme?!

Pollianna maňlaýyny ýygryp, gaşlaryny çytdy.

— Ýöne begenmeli zat bar, begenmesiz zat bar, Nensi! — diýip, ol başyny ýaýkady. — Kämahal begenip bolmaýan ýagdaýlara-da duş gelinýä. Ölüm bilen bagly ýagdaýlaram şolaň biri. Ölümde begener ýaly zat ýok.

Nensi:

— Ýöne özümizi jaýlamaýanlaryna begenip biler-dig-ä — diýip gülümsiredi.

Ýöne Pollianna onuň soňky sözlerine ünsem bermedi. Ol ýap-ýaňy tokaýda bolup geçen wakany jikme-jigi bilen gürrüň berip başlady, Nensi bolsa agzyny açyp diňleýärdi.

Ertesi gün Pollianna, öň ylalaşyşlary ýaly, Jimmi Bin bilen belleşilen ýerde duşuşdy. Jimmi Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň özünden hindi oglanjyklaryny has artyk görendiklerini eşidip, gaty lapykeç boldy.

Jimmi Bin:

— Belki, bu şeýle bolaýmalydyram — diýip, uludan demini aldy. — Uzakdaky zat süýji bolýa. Men gaty görübem oturmaly däl. Uzaklarda bir ýerde menem şeýle gowy görsediler. Şu mahal Hindistanda biri meni öz ýanyna almak islese, höwes bilen giderdim.

Pollianna elini çarpdy.

— Dogry aýdýaň. Kelläme gelmeýşini diýsene! Men özüme ýardam eden zenanlara sen hakda ýazaryn. Olar Hindistanda ýaşamasalar-da, uzak günbatarda ýaşaýarlar... ýöne ol ýerem edil Hindistan ýaly gaty uzakda. Meň ýaly şeýle uzak ýoly geçen bolsaň, aýdanlamma şübhelenmezdiň.

Jimminiň gamaşyk ýüzi ýagtylyp gitdi.

— Olar, hakykatdanam, meni alar öýdýäňmi?

— Dagy näme! Olar Hindistandaky oglanjyklaryň terbiýesi üçin pul iberýäler ahyryn. Goý, saňa-da hindi oglanjygy ýaly hossar çyksynlar. Sebäbi senem resminama goşup boljak derejede uzakda ýaşaýaň. Ýöne sen biraz garaşmaly bolarsyň. Men olara hat ibereýin. Hanym Waýta hat ýazjak. Ýok, gowusy, hanym Jownza hat ibereýin. Hanym Waýtyň puly köp bolsa-da, hanym Jownz has jomart. Bu hakda pikir etseň... gülmän durup bolanok, gaty geň görünýä gerek, şeýle dälmi?!. Ýöne men Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkilerden kimdir biri seni ýanyna alarmyka öýdýän.

— Bolýa... ýöne iýýän nanymy ödemek üçin işlejegimem aýdaweri. Men dilegçi däl. Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýeti näçe kömek etse edäýsin, menem gol gowşuryp oturman.

Ol sähel salym sägindi-de:

— Hatyň jogaby gelýänçä, öňki ýerimde galmaly bolaryn — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Pollianna:

— Elbetde — diýip, onuň bilen razylaşýan äheňde baş atdy. — Maňa-da seni tapmak aňsat bor. Olar seni hökman alarlar... Sebäbi senem, hindi oglanjyklary ýaly, gaty uzakda ýaşaýaň ahyry. Ynha, Polli daýzam meni almadymy näme?!

Şu ýerde Pollianna tapba sesini kesdi. Soňra sözüni dowam etdi.

— Menem Polli daýzam üçin hindi gyzjagazy ýalymykam?!

Eýýäm yzyna öwrülen Jimmi:

— Bäý, sen-ä bejerdiň-ow! — diýip ýylgyrdy-da, bu ýerden uzaklaşmak bilen boldy.

Pendltan tokaýlygynda bolan wakadan bir hepde geçensoň, Pollianna daýzasynyň ýanyna baryp, şeýle diýdi:

— Polli daýza, eger-de men hanym Snow üçin niýetlenilen göle aýagyndan bişirilen çorbany başga birine äkitsem, garşy bolup durmarsyňyz gerek? Bilýän, muňa hanym Snowuň özem garşy bolup durmasa gerek.

Polli daýza:

— Eý, Hudaý, Pollianna! Indi nämäň küýüne düşüp ýörsüň? — diýip, uludan demini aldy. — Her hili çaga gördüm welin, seň ýaly täsin çagany gören däldirin!

Pollianna gulaklaryny gerip, daýzasyna tiňkesini dikdi.

— Polli daýza, «täsin» diýmek näme bolýa? Siz maňa täsin diýýäňiz, diýmek, men onda beýleki adamlardan üýtgeşik-dä.

— Üýtgeşik kemiň ýok, Pollianna!

— Beýle bolsa, gowy-da. Onda men özümiň üýtgeşikdigime begenýän — diýende, Polliannanyň ýüzi ýagtylyp gitdi. — Hanym Waýt hemişe hanym Rowsonyň gaty ýönekeý aýaldygyny tekrarlardy... Üstesine-de, onuň hanym Rowsony jyny almazdy. Olaryň oňuşýan wagty ýokdy... Kakam hemişe olary ýaraşdyrmaly... Diýjek bolýanym... Olaryň ikisini oňuşdyrmak Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäki beýleki aýallary oňuşdyrmakdan has kyn düşerdi.

Pollianna ybadathana dawalaryny çözmek bilen bagly gürrüňlerde, daýzasy gadagan edenem bolsa, kakasynyň adyny agzaman durup bilmedi. Ýalňyşanyny duýubam kürtdürip, sojap dem aldy.

Gany depesine uran Polli daýza oňa geplemäge maý bermedi.

— Boldy-boldy! Sen hemişe yzyny üzmän gepleýäň, Pollianna, nämäň gürrüňini edäýeli, parhy ýok, soňuny hökman Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetine syrykdyrýaň...

— Ol-a dogry — diýip, Pollianna şadyýan ýylgyrdy. — Herhal, olar maňa terbiýe berdiler-dä...

— Besdir, Pollianna! — diýip, hanym Polli ýenede onuň sözüni böldi. — Hany, çorba meselesine dolanaly.

— Üýtgeşik zat däl-le, Polli daýza. Bilýän, muny sizem makullarsyňyz. Rast, siz çorbany hanym Snowa äkitmäge rugsat berýäňizmi, diýmek, ony şol nätanyş kişä-dä eltmäge ygtyýar berersiňiz. Ýekeje gezek eltäýeýin. Oň bary-ýogy aýagy döwüldi ahyry.

Ömürlik däl-ä! Bahym gutular. Hanym Snow bolsa ömrüne düşekde ýatmaly. Men oňa soň yzygiderli nahar daşaryn. Nätanyş kişä bolsa diňe ýeke sapar äkitjek.

— Nätanyş adamamy? Bir gezek eltjekmi? Aýagyny döwüpmi? Seň näme diýýäniňe düşünemog-a, Pollianna?

Pollianna daýzasyna geň galyp seretse-de, parahat gepledi:

— Wah, unudaýypdyryn. Siz bilýänem dälsiňiz. Bu waka öýde ýokkaňyz boldy. Siziň giden günüňiz men ony tokaýlykdan tapdym. Men onuň öýüniň gapysyny açyp, lukmana jaň etmeli boldum, ýatyrka, hatda kellesinem saklaşdym. Şondan bäri ony göremok. Bu gün irden Nensi göle aýagynyň çorbasyny bişirende, bu gezek hanym Snowa däl-de, oňa äkitsem gowy bolardy diýip pikirlendim. Ýekeje gezek äkitsem... Polli daýza, äkidäýeýin!

— Bolýa-bolýa, äkidäý! — diýip, hanym Polli argyn halda bada-bat razylyk berdi. Soňra:

— Ýogsa-da onuň ady nämedi? — diýip sorady.

— Meň nätanyş kişim-dä, ýagny Jon Pendltan.

Hanym Polli zöwwe ýerinden turdy.

— Jon Pendltan diýdiňmi?

— Hawa. Onuň Pendltandygyny maňa Nensi aýtdy. Belki, ony sizem tanaýansyňyz?

Hanym Polliden jogabyň deregine sowal geldi:

— Sen ony tanaýaňmy näme?

Pollianna:

— Hawa-la — diýip baş atdy. — Ol hemişe meň bilen gepleşýä, meni görende ýylgyrýa. Ol diňe daşyndan hyrsyz görünýä. Men onda çorbany alyp geleýin. Nensi eýýäm taýýarlap goýandyr.

Pollianna ýaňy bir otagy ortalapdy welin, hanym Polli onuň yzyndan:

— Hany, aýak çek! — diýip gygyrdy. Onuň sesi, näme üçindir, ynjyly çykdy. — Men pikirimi üýtgetdim. Bu gün çorbany hanym Snowa eltip berersiň... hemişekisi ýaly. Bolany şol. Bar, gidiber indi.

Pollianna doňňaradaşa dönüpdi.

— Wah, Polli daýza, ol düşege bagly hassa ahyry. Ol entek kän ýatar, menem oňa nahar daşaryn. Jenap Pendltanyň welin, bary-ýogy aýagy döwüldi, onuň aýagy bolsa... ýagny ol bahym gutular. Ol indi bir hepde bäri düşekde ýatyr.

Hanym Polli:

— Hawa, bilýän. Jon Pendltanyň betbagtçylyga uçranyny eşidipdim — diýip, sowuk-sala gepledi. — Ýöne Jon Pendltana çorba iberesim gelip duranok, Pollianna!

— Bilýän, ol daşyndan hyrsyz görünýär — diýende, Polliannanyň sesi gamly çykdy. — Diýmek, siz ony halaňzok-da. Ýöne men oňa çorbany siziň iberendigiňizi aýtman. Ony özüm getirdim diýerin. Maňa-ha ol ýaraýa. Oňa çorba eltip bersem, diýseň begenerdim.

Hanym Polli ilki başyny ýaýkady, soňam pessaý ses bilen sorady.

— Pollianna, ol seň kimdigiňi bilýämi?

Pollianna uludan demini aldy.

— Bilenok öýdýän. Bir gezek duşanda adymy-ha aýdypdym... Ýöne hiç mahal adymy tutanok... Ýadyndan çykaran bolmagam mümkin.

— Ol seň nirede ýaşaýanyňy bilýärmi?

— Ýok-la. Men oňa nirede ýaşaýanymy aýtmadym.

— Diýmek, ol seň meň ýegençimdigiňi bilenok-da?!

— Bilýändir öýdemok.

Ara birsalym dymyşlyk düşdi. Hanym Polli oňa parhsyzlyk bilen bakdy. Gyzjagaz bolsa bir aýagyny beýleki aýagynyň üstüne atyp, sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Pikirlerinden aýňalan hanym Polli tisgindi.

— Bolýa, Pollianna! — Hanym Polliniň sesinde onuň özüne mahsus bolmadyk birgeňsi ýumşaklyk bardy. — Sen... sen jenap Pendltana çorbany öz adyňdan äkidip bilersiň. Ýöne bir zady bek belle, ony meň iberenimi aýdaýmagyn. Goý, ol çorbany men iberendirin öýdüp pikir etmesin.

— Ýok... bor... elbetde... Taňryýalkasyn, Polli daýza! — diýip, Pollianna gözi ýok ýaly bolup aşhana okduryldy.

## XV bölüm

## Lukman Çilton

Pollianna Jenap Pendltanyň öýüne ikinji gezek baranda äpet çal daşlar öňki saparky ýaly ýürekgysgynç görünmedi. Penjireler açykdy, gartaşan hyzmatkär zenan ýeňse tarapdaky howluda ýorgan-düşekleri Güne serişdirip ýördi, lukmanyň paýtuny bassyrmanyň astynda durdy.

Pollianna öňküsi ýaly gapdal gapa ýöneldi. Baryp gapynyň jaňyny basdy... Bu gün jaňa uzan barmaklary açarsyz bolansoň, emgenmän hereket edýärdi.

Şol pursat tanyş it basgançaklardan aşak düşüp, Polliannanyň ýanyna geldi. Ýöne ýorgan-düşekleri serişdirip ýören hyzmatkär zenan gapyny açýança, ol ep-esli wagt garaşmaly boldy.

Pollianna:

— Salam! Men jenap Pendltana göle aýagynyň çorbasyny getirdim — diýip, uýaljyrap gürledi.

— Sag bol! — diýip, hyzmatkär zenan gyzjagazyň elindäki okarany aldy. — Muny kim iberdi diýmeli? Bu göle aýagynyň çorbasymy özi?

Şol pursat giň otaga çykan lukman Çilton hyzmat-

kär zenanyň sesini eşitdi hem Polliannanyň lapykeç keşbini gördi. Ol bada-bat gapa tarap ýöneldi.

— Hä-ä, göle aýagynyň çorbasyny getirdiňmi? — diýip, ol hoşamaýlyk bilen gürledi. — Tüýs hassamyza gerek nahar! Ýogsa-da ony göresiň gelýämi?

Polliannanyň ýüzi ýagtylyp gitdi.

— Dagy näme, jenap!

Hyzmatkär zenan lukmanyň görkezmesine boýun bolup, şol bir wagtda-da geň galyp, gyzjagazy öýe alyp gaýtdy.

— Ýöne jenap Pendltan hiç kimi goýbermäň diýipdi ahyry — diýip, lukman Çiltonyň ýeňsesinde duran, golaýdaky şäherleriň birinden ýörite gelen tejribeli ýaş lukman aladaly gepledi.

— Gaty dogry — diýip, lukman parahat gürledi. — Jogabyny özüm bererin.

Soňra ol şelaýyn ýylgyryp, sözüniň üstüni ýetirdi.

— Bu kiçijik gyzjagaz näsag üçin her gün berilýän ýedi çüýşe kuwwatlandyryjy dermandanam has haýyrlydyr. Dünýäde jenap Pendltanyň ruhuny göterip biljek bir zat ýa-da bir kişi bar bolsa, onda olam şu gyzjagazdyr. Şonuň üçinem men oňa jenap Pendltany görmäge rugsat berýän.

— Bu gyzjagaz kim?

Lukman sähel salym sägindi, soňam sözüni dowam etdi.

— Ol biziň şäherçämiziň iň belli adamlaryndan biriniň ýegençisi. Onuň ady Pollianna Witýer. Men... men entek bu kiçijik hanym bilen doly tanşyp ýetişemok, ýöne meň hassalarymyň köpüsi welin, ony tanaýa...

Ýaş lukman ýylgyrdy.

— Şeýlemi! Onuň adamlary sagaldýan täsin serişdesiniň düzümi nämeden ybaratka?

Lukman başyny ýaýkady.

— Bilemok. Meň düşünişime görä, onuň täsin serişdesi ähli bolan hem boljak zatlara çäksiz, egsilmez begençden ybarat. Onuň özboluşly gürrüňleri meň gulagyma-da degdi. Çakym çak bolsa, bu gürrüňleriň esasy mazmuny diňe begenmekmikä diýýän.

Lukman eýwana çykansoň, ýene-de ýylgyryp gürledi:

— Ony hassalaryma em hökmünde ulanyp bilsedim... ony bir guty derman ýaly satyn alyp bilsedim. Dünýäde şuň ýaly adamlar köpräk bolsady, onda ikimizem häzir işsiz galardyk, güzeran üçin başga gazanç gözlemeli borduk — diýip, ol çyny bilen güldide, paýtunyna münüp, jylawa ýapyşdy.

Pollianna bolsa şol aralykda hyzmatkär zenanyň yzyna eýerip, Jon Pendltanyň ýatan otagyna ýöneldi.

Ol myhman jaýyňyň soňundaky äpet kitaphana ýetdi. Pollianna bu ýerden çalasyn ýöräp geçse-de, otagdaky mese-mälim üýtgeşmeler onuň gözünden sypmady. Goýy gyrmyzy reňkli perdeler, otagyň dört tarapynda beýgelip duran san-sajaksyz kitaply tekjeler öňki ýerindedi, ýöne tozandan welin nam-nyşan galmandyr, stoluň üstem tertiplenilip goýlupdyr. Telefon kitapçasy öz bolmaly ýerindedi, diwar pejiniň mis söýegi bolsa ýaldyrap durdy. Syrly gapylaryň biri açyk goýlupdyr. Hyzmatkär zenan ony şol gapa tarap alyp bardy. Pollianna bezemen goş-golamly ýatyş otagynda peýda boldy.

Hyzmatçy zenan çekinibräk hojaýynyna ýüzlendi:

— Bagyşlaň, jenap... Bir gyzjagaz size çorba getiripdir. Lukman maňa ony siziň ýanyňyza goýbermegi buýurdy.

Şeýle diýdi-de, hyzmatçy zenan Polliannany düşeginde süýnüp ýatan çytyk ýüzli adam bilen ikiçäk galdyrdy.

Jenap Pendltan başda:

— Men size hiç kimi... — diýip, käýinjirän ýaly etse-de, Polliannany görüp:

— Hä, bu senmi?! — diýdi. Şonda-da onuň sesinde sähelçe-de mylakatlylyk duýulmady. Pollianna hassanyň düşegine ýakynlaşdy.

Pollianna gülümsiredi.

— Hawa, jenap, bu men. Içerik girenime şeýlebir begenýän! Ýaňky hanym çorbaly okarany elimden aldy. Men sizi görüp bilmerin öýdüp gaty gorkdum. Hernä lukman meni görüp, içerik salaýdy. Ol sizi görmäge rugsat berip, maňa uly ýagşylyk etdi, şeýle dälmi?

Jenap Pendltan bu gezek özüne erk edip bilmän ýylgyrsa-da:

— Hm-m! — diýip oňaýdy.

— Onsoňam men size çorba getirdim... Göle aýagynyň çorbasy. Halaýaňyzmy?

Polliannanyň sesi barha batlanýardy.

Ýene-de ýüzi gamaşan hassa:

— Hiç haçan dadyp gören zadym däl — diýdi.

Pollianna birbada lapykeç bolsa-da, okarany stoluň üstünde goýan badyna, onuň ýene-de keýpi göterildi.

— Dadyp görmediňizmi? Şeýle bolsa, çorbany halap-halamaýanyňyzy nädip biljek?! Şony bilmeýäniňize-de begenýän. Eger siz şony bilýän bolsadyňyz...

— Boldy-boldy. Men şu mahal diňe bir zady magat bilýän, häzir düşekde bulaşyp ýatyryn, ahyrzamana çenli ýerimden galjaga-da meňzämok.

Pollianna çürt-kesik garşy çykdy.

— Goýaweriň! Ahyrzamana çenli dowam etmejegi belli zat ahyryn. Ysrapyl perişde sur çalýança ahyrzaman bolmaz. Ýogsa ol biziň çak edişimizden has bahym gelerdi. Elbetde, Injilde onuň biziň pikir edişimizden has bahym geljegi aýdylýa, ýöne özüm-ä edil beýle bolar öýdemok... Bu meň Injile ynanma-

ýanymy aňlatmaýa, ýöne ahyrzaman çak edilişi ýaly bahym bolaýar öýdemok.

Muňa Jon Pendltan loh-loh güldi. Şol pursat içerik giren ýaş lukman onuň gülki sesini eşidip, çalasyn, ýöne assyrynlyk bilen yzyna ýöneldi. Lukmanyň bolşy çala bişen şirinnanyna ýel çalaýmagyndan ätiýaç edip, hasyr-husur pejiň agzyny ýapan aşpeze çalym edýärdi.

Jon Pendltan Pollianna garap:

— Birhili, garym-gatym edip gürlediň — diýdi.

Pollianna jykyr-jykyr güldi.

— Mümkin. Diýjek bolýanym, döwlen aýagyň bitmesi wagtlaýynça... Ömürlik hassa däl... hanym Snowuňky ýaly. Şoň üçinem siz ahyrzamana çenli düşekde ýatmarsyňyz. Men siz muňa begenmelimikäňiz diýýän.

— Onda-da nähili! — diýip, hassa ýüzünden-gözünden gar ýagdyryp gepledi.

— Onsoňam siziň diňe bir aýagyňyz döwüldi ahyry. Entegem iki aýagyňyzyňam döwülmänine begeniň.

Pollianna janygyp gepleýärdi.

Ýöne ýene-de gaşlary çytylan jenap Pendltan:

— Bolsa-da, maňlaýym işläpdir! — diýip, janyýangynly gepledi. — Eger şu nukdaýnazardan serendeňde, özümiň kyrkaýak däldigime hem-de kyrk aýagymyňam birden döwülmänine begenmeli bolýan.

Pollianna gülümsiredi.

— Mun-a gaty ýeser tapdyňyz. Men kyrkaýagyň nämedigini bilýän. Onuň gaty köp aýagy bolýa. Şoň üçinem siz begenäýmeli...

— Dogry aýdýaň — diýip, ol Pollianna geplemäge maý bermedi. Onuň sesinde ynjy bardy. — Men indi ähli zada begenip ýörmeli. Meselem, şepagat uýasyna, lukmana, hasam aşhanadaky işigaýdan zenana...

— Elbetde, begenmeli! Özüňiz pikir edip görüň... Şolar bolmadyk bolsa, size häzir nähili kyn boljagyny göz öňüne bir getirip görüň!

—Maňamy? Kyn bordumy?

— Şu adamlar bolmadyk bolsa, nähili kyn ýagdaýa düşerdiňiz... özem ýeriňizden galyp bilmän ýatyrkaňyz...

— Bar gepem şonda-da. Bu zatlar ýerimden gozganyp bilmänim üçin şeýle bolýa-da. Onsoň men nämä begenmeli? Öýüň tertibini bozup, muňa «tertiplemek» diýýän akmak zenana, oň bilen pikirdeş bolup, ýanymdan aýrylman esewan edýäne, özem muňa «hassaň ugruna seretmek» diýip düşünýän adama, has-da beteri, ikisine-de goldaw berip, munuň üçin olara hak tölemegimi, özem gowy hak tölemegimi aýdýan lukmana begenmelimi?

Pollianna duýgudaşlyk bilen gaşlaryny çytdy.

— Hawa, düşünýän. Pully meselä diýýän... Şunça wagtlap puluňyzy tygşytlapsyňyz, ynha, indem...

— Hä-ä! Näme diýdiň?

— Pul tygşytlapsyňyz... diňe nohutdyr balyk çorbasyny iýip oňup... Ýogsa-da siz nohudy halaýaňyzmy... Belki, altmyş sentlik hindi towugyny hasam gowy görýänsiňiz?!

— Gyzym, sen nämeleň gürrüňini edip otyrsyň?

Pollianna enaýy ýylgyrdy.

— Siziň puluňyzyň gürrüňini edýän... Özüňiziň agzyňyzdan kesip, garamaýaklar üçin ýygnaýanyňyzy aýdýan. Men muny bilýän. Hawa, muny eşidenimde siziň diňe daşyňyzdan yzgytsyz görünýäniňizi, aslynda bolsa, bütinleý beýle däldigiňize göz ýetirdim. Muny maňa Nensi aýdyp berdi.

Jenap Pendltan agzyny öweldip duruberdi.

— Nensi saňa pul ýygnaýanymy aýtdymy?.. Onsoňam, Nensi diýilýän kim özi?

— Biziň Nensimiz-dä. Ol Polli daýzamyň elinde işleýä.

— Polli daýzam diýdiňmi? Polli daýzaň kim bolýa?

— Hanym Polli Harriňton. Men onuňkyda ýaşaýan.

Hassa adam birden tisginip gitdi.

— Hanym... Polli... Harriňtonmy?! — diýip, ol uludan demini aldy. — Sen şoňkuda ýaşaýaňmy?!

— Hawa. Men oň ýegençisi. Ol maňa göz-gulak bolmak üçin ýanyna aldy... ejem sebäpli...

Polliannanyň pessaý çykan sesi sandyrap gitdi.

— Ejem onuň uýasydy. Kakamam... ejemiňdir beýleki doganlammyň ýanynda ýaşamak üçin jennete gidende, maňa Ýeriň ýüzünde Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkilerden başga hossar galmandy. Şoň üçinem ol meni ýanyna aldy.

Jenap Pendltandan hiç hili jogap eşidilmedi. Ýassyga kellesini goýup, gyşaryp ýatan adamyň ýüzi häzir duw ak bolupdy, onuň ýüzi şeýlebir agarypdy welin, Polliannanyň zähresi ýarylara geldi. Ol haýygyp, ýerinden galşyna:

— Men-ä onda gidibersem diýýän — diýdi. — Çorba size ýarar diýip pikir edýän.

Jenap Pendltan birden başyny galdyryp, gözüni açdy. Onuň içine çöküp duran gara gözlerinde çäksiz mähir peýda bolupdy. Muny, hatda Pollianna-da duýupdy. Ol beýle duýdansyz özgerişe geň galdy.

Jenap Pendltan:

— Diýmek, sen hanym Polli Harriňtonyň ýegençisid-ä?! — diýip, mylakatlylyk bilen sorady.

— Hawa, jenap!

Hassanyň gara gözleri entegem mähirden doludy. Ynjalykdan gaçan Pollianna:

— Siz, megerem, ony tanaýansyňyz? — diýip pyşyrdady.

Jon Pendltanyň ýüzünde birgeňsi ýylgyrma alamaty peýda boldy.

— Wah, hawa-la! Men ony tanaýan...

Şeýle diýip, ol dymdy. Soňra gussaly ýylgyryş bilen sözüni dowam etdirdi.

— Ýöne sen... ýöne bu... şu çorbany maňa hanym Polli Harriňton iberdi diýjek bolýan-a dälsiň?!

Pollianna bu garaşylmadyk sowala aljyrady.

— Ý-ýok, jenap. Ýok, Polli daýzam ibermedi. Ol maňa: «Bu çorbany men iberendirin öýdäýmesin» diýip tabşyrdy. Ýöne men...

— Şeýledirem öýdüpdim-le — diýip, jenap Pendltan beýlesine öwrüldi ýatyberdi.

Hasam aljyran Pollianna otagdan daraklygyna basyp çykyp gitdi.

Bassyrmanyň astyndaky paýtunda lukman oňa garaşyp oturan eken. Ýaş lukman bolsa basgançaklaryň üstünde durdy.

Lukman:

— Hawa, hanym Pollianna, garşy bolmasaňyz, sizi öýüňize çenli äkideýin! — diýip, degşip sorady. — Men gidibereýinem diýdim welin, soň size garaşanymy kem görmedim.

Paýtuna münmäge tekge bermek üçin lukmanyň özüne tarap uzan eline ýapyşan Pollianna:

— Men sizden hoşal, jenap! Garaşyp gowy edipsiňiz. Men paýtunda gezelenç etmäni gowy görýän — diýip, şadyýan ýylgyrdy.

— Şeýlemi?! — diýip, lukman hoşlaşýan şekilde ýaş ýigide baş atdy.

Olar ýola düşen batlaryna lukman:

— Görýän welin, sen gaty köp zady halaýan ýaly — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Pollianna jykyrdap güldi.

— Bilemok. Belki, şeýledir. Men ýönekeý, adaty durmuş bilen baglanyşykly zatlaryň köpüsini halaýan. Ýöne beýleki käbir zatlary känbir halap baramok... meselem, tikin-çatyny, sesli okamagy, şuňa meňzeş zatlary halamok. Sebäbi ol işleri edeňde durmuşyň lezzeti görnenok.

— Şeýlemi?! Onda näme görünýär?

— Polli daýzam-a bu zatlara: «Ýaşamagy öwrenmek» diýýä — diýip, uludan demini alan Pollianna uýaljyrap ýylgyrdy.

Lukmanam muňa ýylgyranyny duýman galdy.

— Şeý diýýämi? Hawa, ol diýer. Bu onuň tüýs diýäýjek zady.

— Hawa. Ýöne men oň bilen razylaşamok. Sebäbi muny öwrenmegiň nämä gerekdigine düşünemok.

Lukman uludan demini aldy.

— Gynansagam, käbir adamlar öwrenmeli bolýa, gyzjagaz! — diýip, ol birsalym dymdy. Ogrynça lukmanyň ýüzüne garan Polliannanyň kalbynda gynanç duýgusy peýda boldy. Lukman şeýlebir tukat görünýärdi welin, Pollianna ony begendirmek üçin nämedir bir zatlar etmek isledi. Ol çekinjeňlik bilen lukmana ýüzlendi:

— Lukman Çilton, siziň käriňiz ähli kärleriň içinde iň gowularynyň biri bolmaly.

Lukman onuň ýüzüne geň galyp bakdy.

— Gowy kär bolaýşyny şoň? Her baran ýeriňde dert çekýän adamy görmegiň nämesi gowy?

Pollianna onuň bilen razylaşýan şekilde baş atdy.

— Düşünýän, ýöne siz şol dertli adamlara em edýäňiz ahyry. Siz meň näme diýjek bolýanyma düşünýänsiňizle?! Ejir çekýänlere kömek edýäniňize begenýänsiňiz-ä! Bu bolsa siziň gowy adamdygyňyzdan habar berýä.

Lukmanyň bokurdagy dolup gitdi. Onuň Ýer ýüzünde hiç kimi ýokdy, ol diýseň ýalňyzdy. Agaçdan galdyrylan iki otagly iş jaýy diýäýmeseň, onuň ne aýaly, ne-de öýi bardy. Onuň kärine bolan söýgüsi welin çäksizdi. Häzir Polliannanyň gülüp duran gözlerine seredip durşuna, göýä, kimdir biri özüniň kyn işine pata berip duran ýaly duýdy. Pollianna göwnüni galkyndyryp goýberipdi. Indi iň agyr günlerde-de, ukusyz gijelerde-de onuň muny unutmajagy çynydy.

Lukman sandyraýan sesi bilen:

— Taňry seni öz penasynda aman saklasyn, mähribanym! — diýdi.

Soňra hemişe hassalarynyň ýanynda mylakatly bolşuny edip:

— Hassalaryňam göwnüni götermelidir welin, aram-aram lukmanlara-da hoş söz gerek — diýdi.

Onuň bu gürrüňleri Polliannanyň kellesini garjaşdyrdy, ýöne köçeden suwlup geçen burunduk[1] onuň ähli pikirini dyr-pytrak etdi.

Lukman Polliannany öýüň işiginde düşürip, eýwanda çaý içip oturan Nensä ýylgyryp seretdi-de, bu ýerden uzaklaşmak bilen boldy.

Pollianna basgançaklardan ýokaryk galyp barşyna:

— Lukman meni araba bilen öýe getirdi. Arabada aýlanmagy gowy görýän — diýdi. — Nensi, ýogsada ol gaty mylakatly adam eken.

— Şeýlemi?

— Hawa. Onsoňam men oňa «Siziň käriňiz ähli kärleriň arasynda iň gowularynyň biri bolmaly» diýdim.

— Goýaweri? Her gün ýarawsyz adamlary, ýarawsyz bolmasa-da, özüni hassadyryn öýdüp jögüsiräp ýören adamlaryň ýüzüni görmegiň nämesi gowumyş? Hezillik bolaýşyny şoň!

Pollianna muňa gülüp goýberdi.

— Hawa. Lukmanam şeý diýdi, ýöne bu käriňem

[1] Awusiýdige meňzeş, hinde ýaşaýan gemriji haýwan

gowy tarapy bar. Hany, şony biljek bol!

Nensi gaşlaryny çytyp, çuňňur oýa batdy. Ol «begenmek» oýnuna ökdeledim diýip hasaplaýardy. Nensi gyzjagazyň kyn sowallaryna düşünmekden, olara laýyk jogaplary tapmakdan lezzet alýardy.

— Hä, bildim! — diýip, ol ahyrsoňy ýaryşda aty çykan ýaly begenip gürledi. — Bu seň hanym Snowa aýdanyň tersine bolýa.

Onuň näme diýjek bolýanyna düşünmedik Pollianna:

— Nämäň tersi? — diýip sorady.

— Ýadyňdamy? Sen hanym Snowa beýleki adamlaryň onuň özi ýaly hassa däldigine begenip biljekdigini aýdypdyň.

— Hawa.

— Lukmanam özüniň bejerýän adamlary ýaly... keselli adamlar ýaly däldigine begenip biler. Hassa däl-de, lukmandygyna begenip biler — diýip, Nensi dabara bilen sözüni tamamladym etdi.

Muňa Polliannanyň gaşlary çytyldy.

— Hä, h-hawa. Hawa, munyňam bir jogap, ýöne men başgarak pikirde. Onsoňam men bu jogabyň mazmunyny halamadym. Lukman öz bejerýän adamlarynyň hassadygyna begener öýdemok, ýöne... Nensi, sen kämahal bu oýny şeýlebir gülkünç oýnaýaň — diýip, uludan demini alan Pollianna öýe girip gitdi.

Daýzasy myhman jaýynda oturan eken. Pollianna gözi düşen badyna hanym Polli sesine bat berip:

— Kim ol? Seni gapyda düşürip giden adam kimdi, Pollianna? — diýip sorady.

— Hä, olmy? Ol lukman Çilton ahyry, Polli daýza, siz ony tanaňzokmy?

— Lukman Çilton! Ol bu ýerde näme işläp ýör?

— Ol meni öýe düşürip gitdi. Men, jenap Pendltana-da çorba eltip beripdim-ä.

Hanym Polli başyny galdyrdy.

— Pollianna, ol çorbany meň ugradanymy bilmedi gerek?

— Ýok-la, Polli daýza. Men oňa çorbany siziň ibermändigiňizi aýtdym.

Hanym Polliniň ýüzi lap-lap gyzdy.

— Sen oňa meň ibermändigimi aýtdyňmy?!

Pollianna daýzasynyň duýdansyz gaharly çykan sesine gözlerini elek-çelek etdi.

— Polli daýza?! Özüňiz şeý diýmediňizmi näme?

Polli daýza çalarak iňňildedi.

— Pollianna, saňa bu çorbany meň ibermeýändigimi aýtdymam welin, sen seresaplylygy elden beripsiň. Men saňa çorbany oňa iberesimiň gelmeýänini aýt diýmedim-ä.

Ol şeýle diýdi-de, yzyna öwrülip, janyýangynly halda ýöräp gidiberdi.

Pollianna:

— Eý, Hudaý! Muň ikisem bir zat dälmi näme?!— diýip, uludan demini aldy-da, şlýapasyny asmak üçin Polli daýzasynyň diňe özüne niýetlän asawajyna tarap ýöneldi.

## XVI bölüm

## Gyrmyzy bägül hem nagyşly ýaglyk

Polliannanyň jenap Jon Pendltanyň hal-ýagdaýyny sorap gaýdanyna bir hepde geçip-geçmänkä, ýagyşly günleriň birinde Timoti hanym Pollini Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetiniň nobatdaky maslahatyna äkitdi. Ol sagat üçde öýe dolanyp geldi. Şonda onuň ýaňaklary mazaly gyzarypdyr, saçlary çygly howa zerarly bulaşyp, aýlaw-aýlaw hem burum-burum bolupdyr, başyndaky saçgysgyjy bolsa sypypdyr.

Pollianna daýzasyny hiç mahal beýle ýagdaýda görmändi.

Daýzasy myhman jaýyna giren badyna Pollianna:

— Bäý-bä! Polli daýza, asyl sizde-de bar eken-ä! — diýip, şadyýan gygyrdy-da, daýzasynyň daşynda bökjeklemäge durdy.

— Näme bar eken, jan alyjy çaga?!

Pollianna entegem daýzasynyň daşynda bökjekläp durdy.

— Men sizde şeýle zat bardyr öýdüp pikirem etmändim. Nädip muny başarýaňyz? Nädip gizläp bildiňiz? Jennete düşmäkäm mende-de şeýle bolarmyka?... — diýip, ol barmaklary bilen daýzasynyň gulagyndan geçirilen saçlaryny aşak goýberdi.

— Olar görünmese, reňkiniň garadygy bildirmezdi. Ony gizlemeli däl-ä?

Polli daýza:

— Pollianna, sen nämä samahyllap dursuň? — diýip, çalasynlyk bilen şlýapasyny aýryp, bulam-bujar saçyny öňki kaddyna getirjek bolup, ony barmaklary bilen daraklamaga durdy.

— Ýok-ýok-ýok, haýyş edýän, Polli daýza! Beýtmäň...

Polliannanyň ýüzündäki şadyýanlyk zym-zyýat boldy. Ol ýalbarmaga durdy:

— Olary ýazgyn etmeseňizläň! Men häliden bäri saçyňyz, şol owadanja gara zülpleriňiz hakda gürläp otyryn. Polli daýza, nähili gelşiklijedigini bilsediňiz!

— Warsakyny goý-da, gowusy, näme üçin Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetine baryp, şol gedaý oglanjyga kömek bermeklerini haýyş edeniňi düşündir. Seň muň bolgusyz zatdygyna akylyň ýetmedimi?

— Ýok, bolgusyz zat däl — diýip, Pollianna daýzasynyň nägile sowalyna bada-bat jogap berdi. — Siz saçyňyzyň nähili owadan görünýänini bir bilsedi-

ňiz! Polli daýza, haýyş edýän, hanym Snowuňkyny oňarşym ýaly, siziňem saçyňyzy oňaraýaýyn, soňam oňa bir güljagaz gysdyraýyn! Men sizi şeýle ýagdaýda göresim gelýä. Siziň hanym Snowdanam owadan boljagyňyzy bilýän.

— Pollianna! — diýende, hanym Polliniň sesi hasam belent çykdy. Sebäbi Polliannanyň aýdanlary onda ullakan begenç duýgusyny döretdi. Häzire çenli onuň keşbiniň ýa-da saçynyň nähili görünýänine üns beren bolmandy, onuň gelşikliligi bilen hiç kimiň işi bolmandy. — Pollianna, sen meň sowalyma jogap bermediň? Näme üçin bolgusyz mesele üçin Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetine ýüz tutduň?

— Hawa, şeýle boldy-da, daýza, ýöne men şol ýere gidip, olaryň Jimmä kömek edenlerinden haýsydyr bir «resminamada» öz jemgyýetleriniň adynyň sanawyň başynda duranyny gowy görýändiklerine düşünenimden soň, özümiň bolgusyz hereket edendigime akyl ýetirdim. Şoň üçinem men öz Zenanlar jemgyýetimize hat ýazdym... Sebäbi Jimmem olardan gaty uzakda ýaşaýa. Meň siziň üçin hindi gyzjagazy bolşum ýaly, belki, Jimmem olar üçin hindi oglanjygy bolup biler diýip oýlandym. Polli daýza, siz maňa saçyňyzy oňarmaga rugsat berersiňiz gerek?

Polli daýza elini bokurdagyna ýetirdi. Onuň kalbyny ýene-de çäresizlik duýgusy eýeläpdi.

— Pollianna, ýöne hanymlar seň maslahatdaky bolşuňy aýdanlarynda, utanjymdan ýaňa tas ýere giripdim.

Pollianna daraklygyna galyp, ýene-de bökjeklemäge durdy.

— Hernä ýok diýmediňiz... Närazy bolmadyňyz. Onda saçyňyzy oňaryp bilerin — diýip, ol wüjürwüjür etdi. — Diýmek, siz garşy däl. Bu siziň jenap Pendltana öz adyňyzdan çorba ibermeýşiňiz, soňam ony siziň ibermändigiňizi aýtmagymy islemeýşiňiz ýaly bir zat bolýar. Onda bärde garaşyň. Men häzir darak alyp geleýin.

— Pollianna, Pollianna... — diýip, Polli daýza eýýäm otagdan çykyp, basgançaklardan ýokaryk galyp başlan Polliannanyň yzyna düşdi.

Hanym Polli öz otagynyň bosagasynda Polliannanyň yzyndan ýetdi.

— Wiý, sizem geläýdiňizmi? Büýä hasam gowy bolaýdy! Daragyňyzy aldym. Hany, onda şu ýerde oturyň! Saçyňyzy timarlamaga rugsat bereniňize şeýlebir begenýän.

— Ýöne, Pollianna, men... men...

Hanym Polli sözüni tamamlap ýetişmänkä, özüniň eýýäm aýnanyň öňünde saçy goýberilgi halda oturanyna, çalasyn, şol bir wagtda-da ýakymly barmaklaryň saçynyň ýüzünde gaýmalap başlanyna düşünip galdy.

Pollianna:

— Eý, Hudaý! Nähili owadan saçyňyz bar! — diýip, jedir-jedir etdi. — Saçyňyz hanym Snowuňkydanam has ýogyn eken. Hut şeýle bolmalam. Sebäbi siz, tüweleme, gaty sagdyn, özüňizem mydama köpçüligiň arasynda. Adamlar saçyňyzy doly göräýse, haýran galardy. Siz olary gaty köp wagtlap görkezmän gezipsiňiz. Polli daýza, men sizi şeýlebir owadan ederin welin, her kim sizden gözüni aýryp bilmez.

— Pollianna! — diýip, daýzasy ýüzüne dökülip, perde bolan gür saçlarynyň aňyrsynda biraz demigip hem geň galyp gepledi. — Men... men saňa näme üçin saçymy ellemäge rugsat berenime özümem düşünýän däldirin.

— Polli daýza, siz adamlaň sizden gözüni aýryp bilmejegine begenmelimikäňiz diýýän. Özüňizem owadanja zatlara seretmegi halaýansyňyz-a?! Men-ä görmegeý adamlary göremde keýpim göterilýä. Ýyşnaksyz adamlary göremde welin, olara nebsim agyrýa.

— Ýöne... ýöne...

— Onsoňam men adamlaň saçlaryny oňarmagy gowy görýän. Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriňem saçlaryny timarlap berýädim, ýöne olaryň hiç biriniň saçy-da siziňki ýaly owadan däldi. Bir gezek hanym Waýty bezänimde, olam diýseň gelşikli bolupdy... Wiý, Polli daýza! Şu mahal kelläme üýtgeşik bir pikir geldi. Ýöne häzirlikçe bu gizlin syr, ony size aýdyp biljek däl. Saçyňyzy timarlap boldum diýen ýaly. Indem sizi sähelçe salymlyk goýup gitmekçi. Ýöne bahym dolanaryn. Şoňa çenli ýeriňizden gymyldamajagyňyza hem aýna seretmejegiňize söz beriň. Onda gürleşdik. Aýdanlammy unutmaň! — diýip, Pollianna ylgap otagdan çykdy.

Hanym Polli uludan demini alyp oňaýdy. Ondan hiç hili jogap eşidilmedi. Ol öz ýanyndan ýegençisiniň bu bolgusyz sungat işini bozup, saçyny öňki kadyna getirmek hakda oýlandy, ýöne şeýtmezden ötri ýekeje gezek aýna bakaýsa-da bolar ahyry!

(Dowamy bar).

Iňlis dilinden terjime eden
Timar MÄMMETGURBANOWA

**Eleanor PORTER,**
**amerikaly ýazyjy**



Suratkeş R. Rahmanow

# Pollianna

**(Roman)**

*(Dowamy. Başlangyjy žurnalyň geçen sanlarynda).*

Şol pursat hanym Polli duýdansyz diýen ýaly özüni aýnada görüp galdy. Aýnada özüni görüp, ýüzi nar ýaly gyzardy. Özüni näçe synladygyça, şonça-da ýüzi beter gyzardy.

Ol aýnada özüniň mähirli keşbini gördi. Dogry, juwan döwründäki keşbi ýokdy, ýöne ýüzünden nur ýagýardy. Ýaňaklary gyzaryp, gözleri ýaldyrap durdy. Onuň şu günki güýçli şemal zerarly bulam-bujar bolan hem buýralanan şar gara saçlary maňlaýynadyr gulaklarynyň üstüne dökülýärdi, o ýerde-bu ýerde kiçiräk, ýöne owadanja zülplerem görünýärdi.

Özüniň aýnadaky keşbine aňkarylyp galan hanym Polli saçyny öňki kaddyna getirjek bolanynam unudypdy. Ýöne Polliannanyň otaga gaýdyp gelmegi bilen pikirinden aýňaldy. Hanym Polli eýlesine-beýlesine bakyp ýetişmänkä, bir bölek mata gözüniň öňüni örtdi hem-de ýeňsesinde düwüldi.

Halys aljyran hanym Polli:

— Pollianna, Pollianna! Hany, bes et! — diýip gygyrdy.

Pollianna jykyrdady.

— Bu size ýaňky syr diýýän zadym-da, Polli daýza! Entek doly gutarmakam aýna seredersiňiz öýdüp gara janym galmady. Şonuň üçinem elýaglyk bilen gözüňizi bagladym. Indi bolsa gymyldaman oturyň! Sähel salymlyk iş galdy. Şondan soň arkaýyn aýna serediberiň.

— Gerek däl, Pollianna... — diýip, hanym Polli ýerinden galmaga synanyşdy. — Häziriň özünde elýaglygy aýyr! Sen... sen gyzjagaz bar-a!

Egnine ýumşak bir zadyň goýlanyny aňanda bolsa, ol:

— Indi nämeler edip otyrsyň? — diýip, uludan demini aldy.

Pollianna jogap ýerine ýene-de gülüp oňaýdy.

Ol sandyraýan barmaklaryny çalasyn hereketlendirip, gaty köp wagt sandykda ýygşyrylyp goýlansoň, saralyp hem üstüne lawanda gülüniň ysy siňip giden owadan nagyşly mymyjak ýaglyk bilen daýzasynyň egnini bezedi. Pollianna bu ýaglygy bir hepde mundan ozal Nensi üçegi tertipleşdirip ýörkä tapypdy. Bu gün ol näme üçin men daýzamam hol hanym Waýty bezeýşim ýaly bezemeli dälmişim diýen netijä gelipdi.

Pollianna tamamladym edenden soň, öz bitiren işine göwnühoşluk bilen nazar aýlady. Birdenem ýene-de bir zadyň ýetmeýändigine düşündi. Pollianna şonda daýzasynyň elinden tutup, ony eýwana tarap süýräp alyp gitdi. Sebäbi ol şol ýerde gözenekleriň ýüzünde giç gülleýän gyzyl bägülleri görüpdi.

Polli daýza:

— Pollianna, saňa näme boldy? Sen meni nirä süýräp barýaň? — diýip, ýegençisine boýun bolmajak bolup, yza tesýärdi.

— Eýwana... O ýerde kän eglenmeris! Häzir barysy düzelýä!

Pollianna hyk-çok edip, bir bägüli ýolup aldy-da, ony hanym Polliniň ýumşak saçyna, çep gulagynyň ýokarsyna ildirdi.

— Ine, indi bolaýdy! — diýip, Pollianna daýzasynyň gözüne daňlan ýaglygy bat bilen çekip aýyrdy welin, onuň zülpleri galgap gitdi. — Wah, Polli daýza, sizi bezeýşime göwnüňiz ýeter öýdüp pikir edýän.

Hanym Polli ilki özüne, soňra töweregine garady, birdenem «Hiýh!» edip, içini çekdi. Daýzasynyň ynjalykdan gaçanyna geň galyp, Pollianna-da şo tarapa göz aýlady, şonda eýwanyň açyk penjirelerinden bir paýtunyň öýe tarap öwrülenini gördi. Ol jylawy saklap duran adamyny bada-bat tanady.

Pollianna:

— Lukman Çilton! Lukman Çilton! — diýip, äpişgeden boýnuny uzadyp, begenjine gygyrdy. — Siz meni idäp geldiňizmi? Men ýokarda!

Lukman Çilton:

— Hawa, sen diýip geldim — diýip, çalarak ýylgyrdy. — Haýyş edýän, aşak düşsene!

Pollianna aşak düşmezden öňürti daýzasynyň ýatyş otagyna girdi. Şonda ýüzi gyzaran, gözleri gahardan ýaňa uçganaklaýan daýzasynyň nagyşly ýaglygy egninde saklaýan iňňebagjyklary aýryşdyryp, başagaý bolup durandygyny gördi.

— Pollianna, nädip ýörsüň meni? Başda gurjak ýaly geýindirdiň, soňam kimdir birine güjeňläp goýduň.

Pollianna daýzasyna geň galyp bakdy.

— Ýöne siz gaty owadan bolduňyz ahyryn... Şeýlebir owadan bolduňyz welin...

— Owadan bolaýşyny şoň? — diýip, ol ýaglygy bir tarapa zyňdy-da, barmaklaryny titredip, saçyna ýapyşdy.

— Wah, Polli daýza, haýyş edýän, haýyş edýän, bozmasaňyzlaň!

— Bozmaýynmy?! Şu durşuna goýaýynmy? Häzir! — diýip, hanym Polli buýralanan saçyny bat bilen dartdy welin, zülplerinden derek galmady.

— Haýp. Ýöne siz örän owadan görünýädiňiz!

Gapa ýönelen Pollianna gynanjyna tas möňňüripdi.

Lukman oňa aşakda, paýtunda garaşyp durdy. Ol Pollianna gözi düşen badyna:

— Hassama em hökmünde seni belledim. Olam öz emini häziriň özünde getirip bermegimi sorady — diýdi.

— Wiý, siz, neme... Meni dermanhana iberjek bolýaňyzmy? — diýip, Pollianna nämäniň-nämedigine düşünmedi. — Men dermanhana öňem gidýädim... Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkiler üçin.

Lukman ýylgyryp, başyny ýaýkady.

— Ýok, men başga zady göz öňünde tutupdym. Men jenap Pendltan üçin geldim. Oň seni göresi gelipdir. Eger garşy bolmasaň, elbetde… Ýagyş diňdi. Menem seni alyp gitmek üçin gaýdyberdim. Niçik, gidip biljekmi? Men soň jaňlaşyp, seni şol ýerden sagat altyda alyp gaýdaryn.

Pollianna ýyrş-ýyrş edip:

— Höwes bilen giderin — diýdi. — Ýöne Polli daýzamdan rugsat alaýyn.

Birsalymdan ol eli şlýapaly, ýöne keýpsiz halda dolanyp geldi.

Paýtun ýerinden gozganan badyna, lukman Çilton usullyk bilen:

— Näme daýzaň goýberesi gelmedimi? — diýip sorady.

— Aý, bilmedim-dä — diýip, Pollianna uludan demini aldy. — Aslynda-ha ol... ol meň gidenimi çyny bilen isledimikä diýýän.

— Çyny bilen isläýdimikä şol?

Pollianna ýene-de uludan demini aldy.

— Hawa. Ol meň bu ýerde duranymy islemedi öýdýän. Daýzam maňa: «Bar-bar, git, iki ýana at salyber-at salyber! Sen entägem gideňokmy?» diýdi.

Lukman ýylgyrdy... Ýöne gözlerinde welin, gussa göründi. Birsalym ýagşydan-ýamandan sesini çykarmady, soňam çekinjeňlik bilen:

— Ýogsa-da ýaňyja... seň bilen bile eýwanyň penjiresinden garap duran... daýzaň dälmidi?!

Pollianna bu gezegem uludan demini aldy.

— Hawa. Bar gepem şonda. Men ony nagyşly owadan ýaglyk bilen bezedim. Ony üçekden tapypdym. Saçynam birgeňsi oňardym, hatda gülem dakdym. Ol şeýlebir owadan boldy. Dogryňyzy aýdyň, daýzam eýwandaka owadan görünýädimi?!

Lukman birsalym dymdy. Ahyrsoňy dillendi. Şonda ol şeýlebir pessaý gepledi welin, Pollianna onuň näme diýýänini zordan aýyl-saýyl etdi.

— Hawa, Pollianna, ol... ol örän gelşiklidi.

— Şeýlemi? Onda ikimiziňem pikirimiz gabat gelýä. Men muny daýzamyň özüne-de aýdaryn.

Lukman Çilton muňa kes-kelläm garşy çykdy.

— Ýok, Pollianna! Hergiz aýdaýmagyn! Men... men senden bu hakda daýzaň ýanynda dil ýarmazlygyňy haýyş edýän.

— Näme üçin, jenap Çilton? Näme üçin aýtmaly dälmişim? Men-ä şeýtsem siz muňa begenersiňiz öýtdüm...

— Birden daýzaň begenmese nätjek?

Pollianna birsalym böwrüni diňledi. Soňam:

— Hawa, belki, siziňki dogrudyr... Onuň begenmezligem mümkin — diýip, lukman bilen ylalaşdy. — Şu mahal ýadyma düşdi. Ol sizi gören badyna ylgap, otagyna giripdi ahyry. Şondan soňam ol özüniň beýle ýagdaýda görlenine gaharlandy.

Lukman Çilton:

— Men şeýledirem öýdüpdim-le — diýip pyşyrdady.

— Men-ä şonda-da düşünemok... Şeýle owadan halyna... Näme üçin?..

Lukman hiç zat diýmedi. Tä aýagy döwük halda ýatan jenap Pendltanyň daşdan salnan äpet öýüniň deňine ýetýänçäler, ol gaýdyp ýeke agyz sözem aýtmady.

### XVII bölüm

### Edil ertekilerdäki ýaly...

Bu gezek Jon Pendltan Polliannany güler ýüz bilen garşy aldy.

— Hawa, hanym Pollianna, sen örän ýüregi ýuka gyzjagaz bolmaly, ýogsa bu gün aňsat-aňsat bärik gelmezdiň.

— Goýaweriň, jenap Pendltan? Siziň ýanyňyza mydama gelmäge şat. Näme üçin sizi görmäge gelmeli dälmişim?!

— Nädip düşündirsemkäm?.. Gynansamam, men özümi gelşiksiz alyp bardym, hol meni aýagy döwük halda tokaýdan tapaňda-da, soň maňa çorba getirip bereňde-de... Onsoňam bu ýagşylyklaň üçin saňa hoşallyk bildirenimem ýadyma düşenok. Özümi şeýle yzgytsyz alyp barsamam, ýene geçirimlilik edipsiň, meň bilen deň bolman bärik gelipsiň.

Pollianna uýaljyrap, ýerinden gozgandy.

— Ýöne men sizi şo mahal şeýle ýagdaýda tapanyma begenýän... ýagny beý diýdigim siziň aýagyňyzyň döwlenine begenýän diýdigim däl — diýip, ol bada-bat sözüni düzetdi.

Jon Pendltan muňa myssa ýylgyrdy.

— Saňa düşünýän, hanym Pollianna! Sen diýjegiňi diýip, soňundan oýlanyp başlaýaň. Herhal, men saňa öz çäksiz minnetdarlygymy bildirýän hem şol gün diýseň dürs hereket edeniňi aýtmak isleýän.

Ol sözüne tamamlan ýaly etdi-de:

— Çorba üçinem sag bol! — diýip, keýpiçag halda sözüniň üstüni ýetirdi.

— Ýogsa-da çorbany haladyňyzmy? — diýip, Pollianna gyzyklanyp sorady.

— Gaty haladym. Görýän welin... bu gün maňa Polli daýzaň «Meň iberenimi aýtma» diýip iberen çorbasy ýaly çorba ýok öýdýän. Polli daýzaň çorbasyny iýdigiňçe iýesiň gelýä.

Gyzjagazyň keýpi gaçan ýaly boldy.

— Ý-ýok, jenap...

Ol sägindi, soňra boz-ýaz bolup, sözüni dowam etdi.

— Bagyşlaň, jenap Pendltan! Şol gün «Çorbany daýzam ibermedi» diýip öteräk geçen bolsam, bagyşlaweriň!

Jon Pendltandan ses çykmady. Onuň ýüzündäki ýylgyrma alamatyndan nam-nyşan galmandy. Ol depesine garap ýatyrdy. Onuň pikirleri bu ýerde däl-de, uzak bir ýerlerde gaýyp ýörene çalym edýärdi. Birsalymdanam uludan demini aldy-da, Pollianna tarap öwrüldi. Geplände-de sesinde şol öňki ganygyzgynlyk duýuldy.

— Ýok, munymdan boluş bolmaz. Men seni bärik halymyň teňdigini gör diýip çagyrmandym. Bäriňe gulak goý! Kitaphanamda, telefon duran ullakan jaýyň, burçunda, diwar pejiniň ýakynyndaky aýnaly yşgabyň aşaky tekjesinde haşamlanyp ýasalan bir guty bardyr. Akyly çaşan zenan «tertipleýän» diýip, ýerini üýtgetmedik bolsa, ol aýdan ýerimde bolaýmaly. Şony tapda, maňa getir. Guty agyrrakdyr, ýöne seň güýjüň ýetermikä diýýän.

Pollianna:

— Men gaty güýçli gyzjagazdyryn — diýip jedirdedi-de, tarsa ýerinden turdy. Birsalymdanam eli gutuly dolanyp geldi.

Şundan soňra Pollianna ömründe görmedigini gördi. Gutynyň içi hazynadan... Jon Pendltanyň ençeme ýyllyk syýahatynyň netijesinde jemlän geň-enaýy zatlaryndan doludy. Onuň içinde Hytaýdan getirilen küşt mallaryndan başlap, Hindistandan getirilen nefrit butuna çenli bardy. O zatlaryň her biriniň aňyrsam gyzykly taryha ýugrulandy.

Pollianna nefrit butunyň hekaýatyny diňlänsoň, gussaly pyşyrdady.

— Hawa, Taňrynyň ýokardadygyny, asmandadygyny bilýän oglanjygy, ýagny Jimmi Bini öz ýanyna alyp terbiýelänlerinden, şol gurjagyň içindedir öýdülýän alysdaky oglanjyga kömek edenleri has gowy bolarly. Ýöne şonda-da men olaryň alysdaky oglanjyga däl-de, Jimmi Bine ýardam edenlerini isleýän.

Jon Pendltan gyzjagazyň bu janykmasyny eşitmeýäne çalym edýärdi. Ol ýene-de öňe, boşluga nazaryny dikdi. Birdenem ol düşeginde dikelip, gutudan gadymy zatlaryň ýene birini çykaryp, onuň taryhyny gürrüň bermäge başlady.

Bu, hakykatdanam, gyzykly myhmançylyk bolupdy. Ýöne gürrüň ahyrlap gelýärkä, Pollianna özleriniň haşamlanyp ýasalan gutudaky täsin zatlar hakynda däl-de, başga zatlar hakynda gepleşip oturandyklaryny saýgardy. Ikisi Nensidir Polli daýzasy hem-de Polliannanyň özüdir onuň gündelik durmuşy hakynda gürrüň edýärdiler. Pollianna hatda uzak günbatardaky öýüdir durmuşy hakynda-da aýdyp berdi.

Onuň gitmeli wagty golaýlaberende, Jon Pendltan Pollianna hyrsyz adama mahsus bolmadyk äheňde ýüzlendi:

— Gyzjagaz, senden bir haýyş. Ýanyma ýygy-ýygydan geleriňi isleýän. Niçik? Gelermiň? Men diýseň ýalňyz... Men saňa mätäç. Aslynda, muň başga-da bir sebäbi bar... häzir onam aýdaýyn. Başda kimdigiňi tanamda, seni gaýdyp göresim gelmedi. Sebäbi sen maňa... maňa ençeme ýyl bäri unutmak isleýän bir zadymy ýatlatdyň.

Şoň üçinem men öz-özüme dagy-duwara seni görmezlige şert etdim. Lukman her gün seni ýanyma alyp gelmäge rugsat bermegimi soranda, men oňa «ýok» diýip jogap berdim. Ýöne wagtyň geçmegi bilen seni küýsäp ugradym hem-de seni görmedigimçe unutmak isleýän şo zadym has beter ýüregime düşüp ugrady. Şoň üçinem aram-aram ýanyma geleriňi isleýän. Gelermiň, gyzjagaz?!

— Dagy näme. Hökman gelerin, jenap Pendltan.

Pollianna öňünde mejalsyz süýnüp ýatanyň gamgyn ýüzüne duýgudaşlyk bilen garady.

— Uly höwes bilen gelerin.

Jon Pendltan:

— Sag bol, guzym! — diýip, hoşamaýlyk bilen minnetdarlyk bildirdi.

Şol gün agşam şamlyk naharyndan soň, Pollianna ýeňse tarapdaky eýwanda Nensä jenap Jon Pendltanyň haşamlanyp ýasalan ajaýyp gutusydyr onuň içindäki juda geň-enaýy zatlar hakynda gürrüň berdi.

Nensi muňa içini çekdi.

— Görsene muny! Diýmek, ol saňa ähli zadyny görkezipdir-dä, üstesine, olaň gürrüňinem beripdir... Şeýle yzgytsyz adam halyna... Ol hiç mahal hiç kim bilen gepleşmese näme!

— Nensi, düşün, ol asla yzgytsyz däl. Diňe daşyndan şeýle görünýä — diýip, Pollianna täze dostunyň tarapyny çaldy. — Men adamlaň o hakda näme üçin beýle erbet pikir edýänine düşünip bilemok. Ony, hatda Polli daýzamam halanok. Daýzam oňa çorba ibermejek boldy hem-de jenap Pendltanyň çorbany özi iberendir öýdüp pikir etmeginden gorkdy.

Nensi:

— Belki, hanym Polli «Onuň öňünde hiç hili borjum ýok» diýip pikir edýändir — diýip, egnini gysdy. — Ýöne men jenap Pendltanyň saňa synynyň oturyşyna haýran galýan. Hanym Pollianna, göwnüňe degjek bolamok, ýöne ol çagalara syny oturýan adam-a däl.

Pollianna hezil edip ýylgyrdy.

— Ýöne onuň maňa syny oturypdyr. Ýogsa başda-ha halamandyr. Şony şu gün özi boýun aldy. Sebäbi men oňa unutmak isleýän zadyny ýatladypmyşym. Ýöne soňra...

— Näme diýdiň? — diýip, Nensi sesini endiredip, onuň sözüni böldi. — Jenap Pendltan saňa özüniň unutmak isleýän zadynyň nämedigini aýtmadymy?

— Hawa, ýöne ol soňra...

— Ýeri, o näme eken?

Nensiniň muny bilesi gelip, ýüregi agzyndan çykara gelipdi.

— Wah, ony doly aýtmady-da. Diňe unutmak islänini aýdyp çäklendi.

Nensi pessaý ses bilen:

— Hä, düşnükli! — diýdi. — Saňa synynyň oturmagyna-da şu syr sebäp bolandyr. Wah, hanym Pollianna! Bu edil kitaplardaky ýaly... Men «Hanym Moduň syry», «Azaşan mirasdüşer», «Gizlin ýyllar»... ýaly gaty köp kitaby okadym. Bu kitaplaryň ählisi durşy bilen syr hem şoňa meňzeş zatlardan doly. Olaň ählisiniň baş gahrymany ýalňyz ýaşaýar, özlerem hiç kim bilen gepleşmeýär. Eý, Hudaý! Bir pikir edip gör-ä! Şu wagta çenli edil alnymda syrly bir «kitap» ýaşapdyr, meň welin mundan habarymam ýok. Hany, maňa ähli zady aýdyp ber... Ol näme diýen bolsa aýdyp ber. Hanym Pollianna, meň diýýänlemmiň jany bardyr! Onuň saňa şol syr sebäpli syny oturandyr. Munda geň galasy zat ýok...

— Ýöne başda ol maňa ýüz bermedi ahyry. Özüm habar gatýançam maňa barmyňam diýmändi. Onsoňam tä oňa çorba eltip berýänçäm, onam Polli daýzamyň ibermändigini aýdýançam, ol meň kimdigimem bilenokdy...

Nensi tarsa ýerinden galyp, ellerini çarpdy.

— Wah, hanym Pollianna, muny men bilýän, men bilýän... — diýip, ol heşelle kakdy. Sähel salym geçmänkä-de, ýene-de Polliannanyň gapdalynda çökdi. — Indi sowalyma jogap ber, ýöne bassyr-ýussursyz jogap bergin. Ol hanym Polliniň ýegençisidigiňi bilensoň, gaýdyp seni görmek islemändigini aýtdy gerek?!

— Hawa-la. Men muny jenap Pendltana ony soňky gezek göremde aýdypdym, şoň şeýlediginem maňa şu gün düşündirdi.

Nensi:

— Şeýledirem öýdüpdim-le – diýip, dabara bilen gepledi. — Hanym Polliniň özem oňa çorba iberesi gelen däldir, şeýle dälmi?!

— Hawa.

— Senem jenap Pendltana çorbany onuň ibermändigini aýdansyň?

— Hä, hawa. Men...

— Ol seň hanym Polliniň ýegençisidigiňi bilensoň, ýüzi üýtgäp, sojady gerek?!

Gaşlaryny çytyp, pikire giden Pollianna:

— Hawa, şol çorbaly gürrüňden soň ol özüni, birhili, geň alyp bardy — diýip ylalaşdy.

Nensi uludan demini aldy. Soňra assyrynlyk bilen daş-töweregine nazar aýlap:

— Indi mende hiç hili şübhe galmady. Gulak goý! Jenap Jon Pendltan hanym Polliniň söýgülisi bolupdyr — diýdi.

Pollianna:

— Nämeler diýip dursuň, Nensi, beýle bolmaga haky ýok. Daýzam ony halamasa näme! — diýip, bada-bat garşy çykdy.

Nensi oňa ýaňsyly bakdy.

— Ýogsa-da halamaz. Olar tersleşdiler ahyry.

Pollianna häzirem oňa ynanyp bilenokdy. Nensi ynjalykly oturdy-da, wakany jikme-jik gürrüň bermäge durdy.

— Bu waka şeýle bolup geçipdir. Sen heniz bärik gelmänkäň, jenap Tom maňa hanym Polliniň bir ýigit bilen halaşandygyny aýdyp berdi. Elbetde, men oňa ynanmadym. Hanym Polliniň söýşenini hiç göz öňüne getirip bilmedim. Bu mümkin däl! Ýöne jenap Tom, hakykatdanam, onuň halaşan ýigidiniň bolandygyny, özüniňem şu şäherde ýaşaýandygyny aýtdy. Ynha, indem şo ýigidiň Jon Pendltandygyny bilýän. Onuň durmuşy durşy bilen syr dälmi näme?! Äpet öýde ýalňyz ýaşaýany, hiç kim bilen gepleşmeýäni hakykat dälmi näme?! Seň hanym Polliniň ýegençisidigiňi eşidende, onuň ýüzüniň üýtgäp gidenini özüňem aýtdyň ahyry! Soňra ol seň unutmak isleýän birini ýatladýanyňy boýun almadymy näme?! Unudylmak islenýän kişiniň hanym Pollidigi görnüp dur-a... Hanym Polliniň oňa çorba ibermek islemeýşini ýatlasaň, muňa ýene bir gezek göz ýetirýärsiň. Hawa, hanym Pollianna, muň özi biziň ýüzümiziň üstündäki burun ýaly ap-aýdyň dälmi näme?!

— Bäý-bä! — diýip içini çeken Pollianna gözlerini elek-çelek etdi. — Ýöne Nensi olar, hakykatdanam, biri-birini söýen bolsa, häzire çenli barlyşmazdylarmy näme? Olaryň ikisem ýalňyz, şunça wagtlap ýeke ýaşapdyrlar. Men-ä olar birmahal ýaraşardylarmyka öýdýän.

Nensi ýaňsyly pyňkyrdy.

— Hanym Pollianna, bu zatlara akyl ýetirerden entek başyň ýaş bolýa. Eger dünýäde seň şol täsin «begenmek» oýnuňa düşünmeýän biri bar bolsady, onda şolar ilkinji nobatda biziň gürrüňini edýän aşyk-magşuklarymyzdyr. Özüň oýlanyp gör, ynha, jenap Pendltan, köplenç, özüni gaharjaň alyp barýa gerek?.. Hanym Pollem yzgytsyzdyr...

Birdenem aýtmasyz zady dilinden sypdyranyna aň eden Nensi sözüne dyngy berip, ýylgyran boldy.

— Men edil beý diýjek bolmadym, hanym Pollianna, ýöne bu oýnuňy olara-da oýnadyp bilseň, nähili gowy bolardy... Belki, olar ýaraşar? Eý, Hudaý! Ýöne özüm-ä bu başa barar öýdemok... Hanym Polli hem Jon Pendltan! Ýaraşarlar öýdüp umyt edibem oturmaly däl.

Pollianna ýerinden galyp, içerik girdi. Onuň ýüzi agras görünýärdi. Ol nämedir bir zadyň pikirini edýäne meňzeýärdi.

## XVIII bölüm

### Prizma şekilli billur şelpeler

Awgust aýynyň maýyl günlerinde Pollianna Pendltan baýryndaky äpet öýe myhmançylygyny ýygjamlaşdyryp başlady. Ýöne onuň saparlary öý eýesiniň ruhuny göterýär diýib-ä aýdyp boljak däldi. Beýle diýildigi Pendltanyň ony göresiniň gelmeýändigini aňlatmaýardy. Tersine, gaýtam ol Polliannanyň yzyndan adam ugradardy, özem ýygy-ýygydan ugradardy, emma, näme üçindir, ýüzi gamaşar durardy, hiç açylmazdy... Pollianna öz ýanyndan şeýle netije çykarardy.

Jon Pendltan onuň bilen uzak wagtlap gepleşip oturardy, oňa her dürli täsin, owadan zatlary, kitaplarydyr suratlary görkezerdi. Ýöne ol häzirem özüniň düşen ýagdaýyndan nägile bolýardy, bu öýüň «çagyrylmadyk eýeleriniň» görkezmedir tertip-düzgünlerine jyny atlanýardy. Herhal, ol Polliannany diňlemegi gowy görýäne meňzeýärdi. Pollianna-da geregi şudy. Ol yzyny üzmän gepleýärdi... Dogrusy, ol gürrüňi ahyryna çenli diňlemeýän ýalydy. Sebäbi zol-zol nazaryny ýokaryk dikip ýatyrdy. Onuň bu ýagdaýy Polliannanyň kalbyny paralaýardy, özüniň haýsy sözüniň ony beýle ýagdaýa düşürendigi hakda oýlanmagyna sebäp bolýardy. Özüniň «Begenmek» oýny hakda gürrüň bermegi-de gabadyna getirip bilenokdy. Herhal, şonda-da ol iki gezek dagy oýun barada gürrüň bermäge synanyşypdy. Ýöne her gezegem: «Ana, şonda kakam şeý diýipdi» diýip başlanda, Jon Pendltan gürrüňi başga ýana sowýardy.

Jon Pendltanyň birmahallar Polli daýzasy bilen halaşandygyna indi Pollianna-da ynanýardy. Polliannanyň päkize kalby bu söýgüden köýenleriň ýaralaryna melhem çaýmak isleginden pürepürdi.

Ýöne ol entek muny nähili ýol bilen amala aşyrjagyny bilenokdy. Pollianna jenap Pendltana daýzasy hakda gürrüň berip görüpdi. Şeýle gürrüňler mahaly ol özüni kämahal parahat, kämahal bolsa gaharjaň alyp barardy. Käýarym agyr ýüzünde çalarak ýylgyrma-da peýda bolardy. Pollianna daýzasyna-da jenap Pendltan hakda aýdardy... Has dogrusy, aýdyp başlardy welin, hanym Polli ony gulagynyň duşundan geçirerdi. Ol derrew gürrüňi başga ýana sowardy. Ýegençisi hanym Pollä başga kişiler, meselem, lukman Çilton hakda aýdyp berende-de oňa geplemäge maý bermezdi. Pollianna daýzasy lukman Çiltonyň özüni eýwanda saçy bägül bilen, egni owadan nagyşly ýaglyk bilen bezelen halda görensoň, oňa şeýle sowuk-sala garaýandyr öýdüp pikir ederdi. Polli daýzasy, hakykatdanam, ony halamaýana çalym edýärdi. Pollianna bir gün erbet dümewläp, düşekde ýatmaly bolan mahaly muňa ýene bir gezek göz ýetirdi.

Şol gün hanym Polli:

— Agşama çenli bäri bakmasaň, lukmany çagyrjak — diýdi.

— Şeýlemi?! Beýle bolsa men keýpine-de erbetleşjek — diýip, Pollianna bokurdagyna agram salyp gepledi. — Lukman Çilton derdime em etse, nähili gowy bolardy.

Daýzasynyň birden ýüzi üýtgäp gitdi. Pollianna muňa aňk-taňk bolup galdy.

— Men lukman Çiltony çagyrman.

Hanym Polliniň sesi diýseň gaharly çykypdy. — Ol biziň maşgala lukmanymyz däl. Bäri bakmasaň, men lukman Worreni çagyrmaly borun.

Bolsa-da, Polliannanyň ýagdaýy gowulaşyp gitdi. Onsoň lukman Worreniňem geregi bolmady.

Şol gün agşamara Pollianna daýzasyna içini dökdi.

— Ýagdaýymyň oňatlaşanyna begenýän. Aslynda, men lukman Worrenem erbet görüp baramok welin, ýöne lukman Çiltony hasam gowy görýän. Onsoňam eger-de ony däl-de, başga bir lukmany çagyran bolsaň, ol menden kine ederdi. Sebäbi şol gün sizi şol keşbiňizde görmeginde onda ýazyk ýok, barynyň sebäpkäri özüm, Polli daýza!

Hanym Polli:

— Besdir, Pollianna! Maňa lukman Çiltonyňam, onuň özüni alyp barşynyňam gürrüňi gerek däl — diýip, onuň sözüni böldi.

Pollianna ör-gökden geldi. Daýzasynyň nämä gaharynyň gelýänine düşünmedi. Birdenem onuň ýüzüne dykgat bilen seretdi-seretdi-de, şeýle diýdi:

— Polli daýza, şu wagt ýaňaklaryňyz şeýlebir enaýy gyzarypjyk dur welin, size seretmek juda ýakymly. Şu mahal saçyňyzy timarlap bilsemdim. Aslynda, näme üçin timarlamaly dälmişim, Polli daýza!

Ol sözüni tamamlap ýetişmänkä, Polli daýzasy eýýäm otagdan çykyp gidipdi.

Pollianna awgust aýynyň soňky günlerinde hemişekisi ýaly säher bilen Jon Pendltanyňka myhmançylyga baranynda, onuň ýassygynyň üstüne düşýän mawumtyl, tyllaýy, bir gyrasy gök öwsüp, süýnüp gidýän gyrmyzy hem benewşe reňkli, gözüňi gamaşdyryp gelýän dürli öwüşginli şöhlejiklere gözi ildi.

— Jenap Pendltan, bu şöhlejikler kiçijik älemgoşara çalym edýär-le... göýä, siziň öýüňize hakyky älemgoşar giren ýaly — diýip, ol elini çarpdy. — Bäý-bä, bularyň naşyjadygyny. Ýöne bu şöhlejikler içerik nädip düşdi-kä?!

Hassa özüne zor salyp ýylgyran boldy. Bu gün onuň, näme üçindir, keýpi ýokdy.

— Bu şöhlejikler penjiredäki termometriň konus şekilli erňeginiň üsti bilen girýän bolmaly — diýip, ol tutuksy gürledi. — Aslynda, diňe säher wagty diýäýmeseň, oňa kän bir Gün şöhlesi düşübem durmaýar.

— Wah, muň enaýydygyny, jenap Pendltan! Eýsem, Günüň termometre ýagty berýäni üçin şeýle zat bolup bilýämikä? Eý, Hudaý! Eger şu termometr meňki bolsady, onda men ony uzakly gün Günüň şöhlesi düşýän ýerde asyp goýardym.

Jenap Pendltan:

— Onda termometriň peýdasy bolmazdy-da — diýip güldi. — Ony uzak wagtlap Günde saklasaň, howaň yssydygyny ýa sowukdygyny nädip biljek?

— Men ony biljegem bolman.

Pollianna henizem ýassygyň üstünde lowurdaýan reňkli şöhlejiklerden gözüni aýryp bilenokdy.

— Tutuş günüň dowamynda öýüň içinde älemgoşar görnüp duran mahaly köçede yssy boldy näme, sowuk boldy näme?!

Jenap Pendltan loh-loh güldi. Soňam Polliannanyň begençden doly ýüzüne geň galyp bakdy. Birdenem onuň kellesine üýtgeşik bir pikir geldi. Ol ýakynjagynda duran jaňjagazy jyňňyrdatdy.

Jenap Pendltan gapyda peýda bolan hyzmatçy zenana ýumuş buýurdy:

— Nora, gaýrat ediň-de, esasy myhman jaýyndaky diwar pejiň üstünde duran uly mis şemdanlaryň birini alyp geliň!

Hojaýynynyň ýüzüne aňka-taňka bolup bakan hyzmatçy zenan:

— Bolar, jenap! — diýip pyşyrdady.

Birsalymdan soň ol dolanyp geldi. Hyzmatçy zenan jenap Pendltanyň ýatan ýerine ýakynlaşdygyça, içerde hoş owazly şaňňyrdy eşidilip başlady. Bu mylaýym ses onuň elindäki könelişen şemdanyň daşyny örtüp duran şelpejiklerden çykýardy.

— Sag bol! Ony şu ýerde, söýegiň üstünde goýaýyň. Indem bir ýüp getirip, ony şol penjiräniň perdesini saklaýan bogynyň gaňyrçagyna baglaň! Kemeri demirçeginden sypdyryň-da, oňa baglanan ýüpi penjiräniň beýleki tarapyndaky demirçege baglaň!

Hyzmatçy zenan ähli görkezmäni doly berjaý edensoň, öý eýesi:

— Boldy! Sag boluň! — diýip, oňa hoşallyk bildirdi.

Ol otagdan çykan badyna, jenap Pendltan uçganaklap duran gözlerini Pollianna gönükdirdi.

— Pollianna, hany, şemdany bärik getir!

Pollianna şemdany iki eli bilen göterdi-de, ony jenap Pendltana uzatdy. Ol bolsa prizma şekilli şelpejikleri ýeke-ýekeden ildirgijinden aýyrmaga durdy, sähel salymdan onuň düşeginde on iki sany şelpejik peýda boldy.

— Indi bolsa, gadyrdanym, sen bulary al-da, Noranyň penjiräniň öňünden geçiren şol ýüpünden asyşdyryp başla. Eger, hakykatdanam, älemgoşaryň içinde ýaşasyň gelýän bolsa, seň üçin älemgoşary döredäýeris.

Pollianna nämäniň-nämedigine düşünip ýetişýänçä, otagyň içini ýagtylandyryp duran penjiräniň öňünden şelpejikleriň üçüsini dagy asmaly boldy. Onuň şeýlebir kellesi göçüpdi welin, şelpejikleriň galanyny barmaklaryny titredip, zordan asdy. Boldum edensoňam, haýran galmakdan ýaňa «hiýh!» edip, yza tesdi.

Ýap-ýaňy ýürekgysgynç görünýän otag häzir ertekilerdäki köşgi ýada salýardy. Otagyň her ýerinde-her ýerinde gyrmyzy, gök, benewşe, mämişi, altynsow hem mawy reňkli şöhlejikler gaýmalaşýardy. Diwarlaram, aşagyňam, ýokaryňam, goş-golamlaryňdyr düşekçäniň üsti hem ýylp-ýylp edýän şöhlejiklerden ýaňa ýalkym saçyp durdy.

Pollianna:

— Bäý-bä, gör, nähili ajaýyp! — diýip, içini çekdi-de, hezil edip güldi. — Güneşiňem biziň bilen «begenmek» oýnuny oýnasy gelýän ýaly. Sizem şeýle pikir edýäňiz gerek?

Ol jenap Pendltanyň bu oýundan habarsyzdygynam unudypdy.

— Wah, şular ýalyjak üýtgeşik zatlar mende-de bolaýsady! Olary Polli daýzama, hanym Snowa... beýleki adamlara-da sowgat bererdim. Şonda, belki, olaram hemişe begenişip gezerdiler! Hatda Polli daýzamam şunuň ýaly älemgoşaryň içinde ýaşasa, hökman begenerdi. Hatda gapyny batly ýapanynam duýman galardy. Siz meň bilen razylaşýaňyzmy, jenap Pendltan?!

— Näme diýsemkäm, hanym Pollianna! — diýip, jenap Pendltan güldi. — Eger-de seň Polli daýzaňy tanaýanym çyn bolsa, onda onuň begenjine gapyny batly ýapmagy üçin bujagaz şelpejikler ýeterlik bolmazmyka öýdýän. Ýöne men, dogrusy, seň edýän gürrüňleriňe düşünemok.

Pollianna birbada oňa aňkarylyp bakdy, soňam başyny ýaýkady.

— Wiý, men unudaýypdyryn. Size bu oýun hakda hiç zat aýdyp bermedim-ä!

— Beýle bolsa, onda aýdyp ber-dä!

Şundan soň Pollianna oňa gurjagyň deregine iberilen pişeklerden başlap, ähli zady jikme-jik gürrüň berdi. Ol gepläp durka, ýeke gezegem jenap Pendltanyň ýüzüne garamady, onuň ähli ünsi penjiräniň öňünde sallanyşyp duran şelpejiklerden gaýdýan dürli öwüşginli şöhlejiklerdedi.

Pollianna gürrüňini tamamlansoň:

— Bolany şu — diýip, uludan demini aldy. — Indi siz meň näme üçin «Güneşiňem biziň bilen «begenmek» oýnuny oýnasy gelýän ýaly» diýenime düşünen bolsaňyz gerek?!

Ara birsalym dymyşlyk düşdi. Soňra düşekçede ýatan hassa boguk hem pessaý ses bilen şeýle diýdi:

— Hawa, indi düşündim. Häzir pikir edýän welin, bu şelpejikleriň iň ýalkymlysy seň özüň bolmaly, Pollianna!

— Beýle däldir-le, jenap Pendltan! Üstüme Gün düşende men owadan şöhlejiklerden älemgoşar ýasap bilemog-a.

— Şeýlemi? — diýip, jenap Pendltan oňa mähirli ýylgyryp bakdy.

Diňe şu ýerde Pollianna onuň gözleriniň çygjaryp duranyny gördi.

— Elbetde, älemgoşar ýasap bilmen! — Soňam gussa bilen, sözüniň üstüni ýetirdi. — Jenap Pendltan, gynansagam, Gün ýüzümde menek döretmekden başga zada ýaranok. Polli daýzamam menekleň Günüň aşagynda köp gezýäniň üçin döreýä diýip aýdýa.

Jenap Pendltan muňa gülüp oňaýdy. Pollianna näsaga dykgat bilen seretdi, şonda onuň gülki sesi oňa, näme üçindir, agy gatyşykly bolup eşidildi.

## XIX bölüm

### Garaşylmadyk öwrüm

Pollianna sentýabr aýynda mekdebe gatnap başlady. Ony synagdan geçirdiler. Şonda onuň bilim derejesiniň öz ýaşyndan artyk bolmasa, kem däldigi belli boldy. Şeýlelikde, Pollianna deň-duş oglanjyklardyr gyzjagazlar bilen bir synpda okap başlady.

Ilkibaşda kim-kime, mekdep Polliannamy ýa-da Pollianna mekdebimi juda haýran galdy. Muny düşündirmek kyn boldy. Megerem, olaryň ikisem biri-biri üçin oslagsyz bir zat boldy diýilse, has ýerlikli bolsa gerek. Dogrusy, tiz wagtda olaryň arasynda ysnyşykly gatnaşyk döredi hem-de günleriň bir güni Pollianna başda ikirjiňlenen-de bolsa, häzir mekdebe gatnamagyňam «ýaşamakdygyna» göz ýetirendigini daýzasynyň ýanynda boýun aldy.

Şowhunly mekdep durmuşy onuň ep-esli wagtyny alýardy, ýöne ol köne dostlarynam unutmaýardy. Dogry, indi olar bilen öňküsi ýaly köp gatnaşmak başardanokdy, ýöne ol şonda-da ähli boş wagtyny dostlary bilen geçirmäge çalyşýardy. Barybir, Jon Pendltan özüni ýerden ýeke çykan ýaly duýýardy hem-de Polliannasyz onuň ýüregi gysýardy.

Günlerde bir gün Pollianna hemişeki edähedine eýerip, şenbe güni onuňka myhmançylyga gelende, ol özüniň ýalňyzlygyndan zeýrenip, şeýle diýdi:

— Ýogsa-da, Pollianna, meň ýanyma göçüp gelmek niýetiň ýokmy? Sebäbi soňky wagtlar seni gaty seýrek görýän.

Munuň özi şeýlebir oslagsyz teklip boldy welin, Pollianna birbada aljyrap, diňe gülüp oňaýdy. Soňundanam:

— Men-ä siz ýekeligi gowy görýämikäňiz öýdüp ýördüm — diýdi.

Jenap Pendltan muňa ýüzüni turşadyp, gaşlaryny çytdy.

— Umuman-a, sen mamla, ýöne bu sen maňa şol ajaýyp oýny oýnamagy öwredýänçäň şeýledi. Indi welin, özümiň daş-töweregimiň adamlydygyna, her kimiň maňa göz-gulak bolýandygyna begenýän. Ýöne, zyýany ýok, hany, entek aýaga bir galaýyn, ana, şonda olara bu ýerde kimiň hojaýyndygyny görkezerin! — diýip, ol şelaýynlyk bilen sözüniň üstüni ýetirdi-de, kürsüsiniň ýanynda oturan Pollianna pişegi bilen haýbat atan boldy. Olar bu gün ýatalga jaýynda däl-de, giň kitaphanada oturdylar.

Pollianna:

— Siz ähli zada begenýäniňizi aýdýaňyz, hakykatda welin, hiç zada-da begeneňzok — diýip, öýkeli halda

torsaryldy. Soňra ol gyzyp duran diwar pejiniň öňünde uklap ýatan ite garap:

— Jenap Pendltan, siz bu oýny hemişe ýalňyş oýnaýaňyz. Muny özüňizem bilýäňiz ahyryn — diýdi.

Jenap Pendltan çynlakaý keşbe girdi.

— Şol sebäpdenem seň ýanymda bolmagyňy isleýändä, gadyrdanym... Maňa bu oýny laýyk şekilde oýnamagy diňe sen öwredip bilersiň. Sensiz başarman. Niçik, bärik göçüp gelmäge razymyň?

Pollianna onuň ýüzüne çiňerilip seretdi.

— Siz çynyňyz bilen aýdýaňyzmy, jenap Pendltan?

— Dagy näme! Ýanymda sen bolsaň, kem göremok, Pollianna! Nähili, göçüp gelermiň?

Pollianna birbada näme jogap berjegini bilmän odaköze düşdi.

— Ýöne jenap Pendltan, men muny başarman. Özüňiz bilip dursuňyz ahyry. Polli daýzam goýbermez! Men onuňky...

Jenap Pendltanyň ýüzünde närazylyk alamaty göründi. Pollianna oňa üşerilip seretdi. Birdenem ol silkinip, başyny galdyrdy.

— Sen oňa degişlimi ýa-da... — diýip, ol birbada ganyny gyzdyrjak ýaly etse-de, birden sägindi-de, sözüni ýumşatdy.

— Belki, Polli daýzaň saňa bärik gelmäge rugsat berer?! Eger ol razylaşaýsa, meň ýanyma göçüp gelermiň?

Pollianna çyny bilen oýa batdy. Ahyrsoňy ol pessaý ses bilen:

— Ýöne Polli daýzam meň üçin aşagyndan çykyp bolmajak uly ýagşylyk etdi ahyry — diýdi. — Meniň bu dünýäde Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkilerden başga hiç kimim ýokka, ol maňa hossar çykdy hem...

Jenap Pendltanyň tüýsi üýtgedi.

— Pollianna! Ençeme ýyl mundan ozal bir gyzy halys ýürekden söýüpdim — diýip, ysgynsyz ses bilen gürrüňe başlady. — Men haçanam bolsa bir gün ony şu öýe alyp gelmegiň arzuwyndadym. Şu ýerde ýaşajak ýyllarymyzy göz öňüne getirerdim.

— Şeýlemi! — diýip, Pollianna oňa duýgudaşlyk bilen garady.

— Ýöne men ony bu ýere getirip bilmedim. Näme üçindigini sorama... Getirip bilmedim, wessalam. Şondan bärem bu äpet öý adaty bir külbä öwrüldi. Sebäbi öýi öý edýän zenanyň ýyly mähri hem çaga gülküsidir. Mende welin, olaryň ikisem ýok. Indi näme üçin seni ýanyma çagyrýanyma düşünen bolsaň gerek.

Pollianna ýerinden böküp turdy. Onuň gözlerinde şatlyk alamatlary uçganaklaýardy.

— Jenap Pendltan, siz... siz häzire çenli şol gyzyň arzuwynda ýaşapsyňyz-da onda.

— Hawa, Pollianna!

— Men şu mahal özümi gaty bagtly duýýan. Diýmek, bar zat ýerbe-ýer — diýip, gyzjagaz ýeňillik bilen dem aldy. — Onda siz biziň ikimizem ýanyňyza alyp bilersiňiz. Şeýtseňiz, ähli zat gülala-güllük bolar!

Halys başy çaşan jenap Pendltan:

— Näme? Ikiňizem almalymy?! — diýdi.

Pollianna başda ikirjiňlenen ýaly etse-de, soňra:

— Hawa — diýip, ynam bilen sözüni dowam etdirdi. — Dogry, siz entek Polli daýzamyň kalbyny doly eýeläp bileňzok. Ýöne siz maňa boýun alşyňyz ýaly, onuň öz ýanynda-da muny boýun alsaňyz, ol kän tykyrap durmazmyka diýýän. Ana, şondan soň ikimiz bärik bileje göçüp geläýeris.

Jenap Pendltanyň zähresi ýarylara geldi.

— Polli daýzaň... meň öýüme... bärik...

Pollianna gözlerini elek-çelek etdi.

— Wiý, ýogsa-da siziň biziň öýümize göçesiňiz gelýämi? Beýtsegem bolýa. Elbetde, biziň öýümiz siziňki ýaly owadan däl, ýöne ýakynrakda...

— Sen nämeleň gürrüňini edip otyrsyň? — diýip, jenap Pendltan mylakatlylyk bilen onuň sözüni böldi.

Pollianna bassyr-ýussursyz gürledi:

— O nähili nämäň gürrüňi? Elbetde, nirede ýaşajagymyz hakda aýdyp otyryn. — Başda biziň şu ýerde ýaşamagymyzy isleýänsiňiz öýtdüm. Muny özüňiz aýtdyňyz ahyryn... Häzire çenli öýüňizi öý etmek üçin daýzamyň kalbyny eýelemek isläniňizi...

Jenap Pendltan nädip «hiýh!» edip içini çekenini duýman galdy. Ol elini galdyryp, nämedir bir zatlar samyrdamaga durdy, birdenem onuň eli ysgynsyz halda şalkyldap aşak gaýtdy. Şol pursat gapyda hyzmatçy zenan göründi.

— Jenap, lukman Çilton geldi.

Pollianna bada-bat turmak bilen boldy.

Jenap Pendltan:

— Pollianna, Hudaýyň haky üçin, haýyş edýän. Ýaňky aýdan zadymy entek daýzaňa duýdurmaweri! — diýip ýalbardy.

Pollianna şadyýan ýylgyrdy.

— Arkaýyn boluň, aýtman. Belki, muny oňa siziň özüňiz aýtmak isleýänsiňiz — diýip, ol otagdan ylgaşlap çykdy.

Jenap Pendltan tapsyz halda kürsä ýaplandy.

Birsalymdan onuň damar urgusyny ölçäp duran lukman Çilton:

— Näme boldy? Gaty biynjalyk görünýäňiz-le — diýip, aladalanyp sorady.

Jenap Pendltan çalarak ýylgyranyny duýman galdy. Ol lukman Çiltonyň ýodajygy yzarlap, haýdap barýan Pollianna ogrynça garaýanyny görüp:

— Maňa siziň «ýazyp beren janly dermanyňyz» gereginden artykmaç täsir edäýdi öýdýän — diýip güldi.

## XX bölüm

### Has garaşylmadyk öwrüm

Dynç günleri Pollianna, adatça, säher bilen ybadathana, soňra goşmaça sapaklar üçin mekdebe barardy. Günüň galan bölegini ol «ýaşamak» üçin sarp ederdi hemde Nensi bilen gezelenje giderdi.

Pollianna jenap Pendltanyň öýünde myhmançylykda bolan şenbe gününiň ertesem Nensi bilen nirädir bir ýerik gezelenje çykmakçydy. Ýöne mekdepden öýe dolanyp barýarka, lukman Çilton paýtuny bilen yzyndan ýetdi-de, onuň deňinde atynyň jylawyny çekdi.

— Saňa duşanym gowy bolaýdy, Pollianna! — diýip, lukman Çilton şähdaçyk seslendi. — Şu mahal öýüňize barýadym. Seň bilen biragyz gürrüňim bar. Hany, mün paýtuna, öýüňize elteýin.

Pollianna gapdalynda jaýlaşykly ýerleşensoň, ol:

— Jenap Pendltanyň seni gyssagly göresi gelýä. Şu gün hökman ýanyna baryp gaýt — diýip, sözüni dowam etdirdi. — Ol munuň özi üçin gaty wajypdygyny aýtdy.

Pollianna ýyrş-ýyrş edip, baş atyp goýberdi.

— Hawa-hawa, bilýän, jenap Çilton! Hökman bararyn.

Lukman onuň ýüzüne üşerilip garady.

— Saňa jenap Pendltanyň ýanyna barmaga rugsat bermelimi, bermeli dälmi, onam entek anyklamak gerek — diýip, lukman köpmanyly ýylgyrdy. — Geçen gezek hassamyzyň ähli ynjalygyny alana çalym edýäň.

— Wiý, ýöne onuň ynjalygyny men alamog-a — diýip, Pollianna jykyr-jykyr güldi. — Çynym, muňa men däl-de, Polli daýzam günäkär.

Lukman tisginip gitdi.

— Daýzam diýýäňmi? — diýip, ol gaýtalap sorady.

Pollianna begenjinden ýaňa oturan ýerinde towsup goýberdi.

— Hawa-la! Bilýäňizmi, muň özi hakyky ertekä çalym edýä! Häzir men size barysyny aýdyp bereýin — diýip, Pollianna duýdansyz ýerden bellibir netijä geldi. — Aslynda-ha, jenap Pendltan bu hakda dil ýarmazlygy tabşyrdy. Sebäbi jenap Pendltan diňe «oň özüne aýtma» diýdi ahyry.

— Oňa diýýäniň kim?

— Polli daýzam bor-da! Mümkin, oňa ähli zady özi aýtmak isleýändir. Aşyk-magşuklarda ýagdaý şeýleräk bolýar-da.

Lukman Çilton:

— Aşyk-magşuklardamy? — diýip içini çekdi welin, at, göýä, jylawy bat bilen çekilen ýaly, ýerinden gozganyp gitdi.

— Hawa — diýip, Pollianna keýpiçag halda sözüni dowam etdirdi. — Häzir men size iň gyzykly ýerini gürrüň bereýin. Eger Nensi aýdyp bermedik bolsady, onda menem hiç zady güman etmezdim. Ol köp ýyl mundan ozal Polli daýzamyň biri bilen halaşandygyny, ýöne soňra ikisiniň öýkeleşendigini aýdyp berdi. Nensem başda onuň kimdigini bilenokdy. Ýöne indi biz onuň kimdigini bilýäs. Ýogsa-da oň kimdigini aýdaýynmy? Ol jenap Pendltan!

Lukman onuň bu sözlerinden soň arkaýynlaşan ýaly boldy. Ol jylawy berk saklap duran ellerini ysgynsyz halda dyzynyň üstüne goýberdi.

— Hä, ýok, men-ä ony bilemokdym — diýip, ol pessaý ses bilen jogap berdi.

Olar öýe ýakynlaşyp gelýärdiler. Şonuň üçinem Pollianna:

— Hawa-hawa, hut şol eken — diýip jedirdedi. — Ähli zat şeýlebir ajaýyp boldy! Ilki jenap Pendltan ýanyna göçüp gelmegimi haýyş etdi. Menem oňa özüme şeýle uly ýagşylyk eden Polli daýzamy taşlap bilmejekdigimi aýtdym. Şonda ol maňa ýaş mahaly bir gyzy halandygyny, ony häzirem küýseýändigini boýun aldy. Men muňa şeýlebir begendim! Eger ol, hakykatdanam, Polli daýzamy küýseýän bolsa, onuň bilen ýaraşasam gelýändir. Diýmek, ähli zat gülala-güllük bolar. Polli daýzam ikimiz onuň ýanyna göçüp bararys ýa-da ol biziň öýümize ýaşamaga geler. Elbetde, Polli daýzam entek bu zatlardan bihabar. Jenap Pendltan ikimiz oňa muny nädip, nähili aýtjagymyzy entek pikirlenip ýetişmedik. Şoň üçinem ol meni gyssagly görjek bolýan bolaýmasa.

Lukman birden dikelip oturdy. Köpmanyly ýylgyrdy-da:

— Hawa, häzir jenap Pendltan ýoluňa göz dikip oturandyr — diýip, baş atyp, gapynyň öňünde atynyň jylawyny çekdi.

Birden Pollianna:

— Hanha, penjiräň öňünde Polli daýzam dur! — diýip, gygyryp goýberdi. Salym geçip-geçmänkä-de:

— Wiý, eýýäm ýom-ýok bolaýypdyr! Daýzam niredekä? Ol ýaňyja-da bize seredip durdy ahyry! — diýip, ör-gökden geldi.

— Häzir-ä seredenok! — diýende, lukman Çiltonyň ýylgyrmasyndan nam-nyşan galmandy.

Şol gün Pollianna Pendltan baýryndaky äpet öýe baranda, Jon Pendltan diýseň aladaly görünýärdi. Ol Polliannanyň salamyna-da jogap bermän:

— Pollianna! — diýip, bada-bat söze başlady. — Men seň näme diýjek bolýanyňa, nämeleri göz öňünde tutýanyňa düşünmek isläp, gijämi çirim etmän geçirdim. Öte eşitmedik bolsam, sen meň häzire çenli Polli daýzaňy halaýanymy aýtdyň öýdýän. Sen näme diýjek bolduň?

— Wiý, men birmahal ikiňiziň biri-biriňizi tüýs ýürekden söýendigiňizi aýtmak isledim. Ony häzirem söýüp ýöreniňizi eşidip, hasam begendim.

— Biz biri-birimizi söýüpdirismi?! Polli daýzaň bilen menmi?!

Jenap Pendltanyň aňka-taňka bolup durmagy, Polliannanyň ähli keýpini gaçyrdy.

— Ýöne, jenap Pendltan, Nensi maňa siziň birmahal aşyk-magşuk bolanyňyzy aýtdy ahyry.

Jenap Pendltan pyňkyryp goýberdi.

— Şeýlemi?! Onda men Nensiniň hiç zatdan habarynyň ýokdugyny aýdyp, seni gynandyrmaly boljak.

— Diýmek, siz hiç haçan biri-biriňizi söýmänsiňiz-dä?! — diýende, Polliannanyň sesi diýseň gussaly çykdy.

— Hiç haçan! — diýip, jenap Pendltan çürt-kesik etdi.

— Onda bu waka ertekilerdäki ýaly boljak däl-dä?!

Jenap Pendltandan ses çykmady. Ol beýlesine öwrülip, tukat halda penjireden daşaryny synlamaga durdy.

— Wah-eý! Ähli zat ýerbe-ýer bolup barýady. Daýzam bilen bärik göçüp geljegime begenip ýördüm.

— Indi geljek dälmi? — diýip, ol Polliannanyň ýüzüne seretmän sorady.

— Indi gelmen! Çünki men Polli daýzamyňky ahyry.

Bu gezek jenap Pendltan birden ýüzüni öwürdi-de:

— Ýöne sen daýzaňky bolmazdan ozal... ejeňe degişlidiň — diýip, ýuwaşja gepledi. — Birmahal men seň ejeňi gowy görüpdim.

— Meň ejemimi?

— Hawa, ezizim! Muny saňa aýdasym-a gelmedi, ýöne indi, herhal, içimi dökeýin.

Jon Pendltanyň ýüzüniň reňki öçüpdi. Özem üzlem-saplam gürleýärdi. Pollianna gözlerini petredip, oňa nazaryny dikdi.

— Men ejeňi gowy görýädim... Ýöne ol meni söýmedi. Soňam gaçyp gitdi... kakaň bilen. Ana, şondan soň onsuz ýaşamagyň nähili kyn boljagyna düşünip galdym. Meň üçin bir pursatda tutuş dünýä çepbesine çöwrüldi... Garaz, boljagy boldy. Şondan bäri, gör, näçe ýyl geçdi. Men bolsa indi garasöýmez, gyňyr goja çalym edip barýan, ýogsa entek altmyşam ýaşamok ahyry. Soň hiç kimi söýmedim, hiç kimem meni söýmedi. Ynha, bir günem meň durmuşymda sen peýda bolduň-da, şeýle gowy görýän şol şelpejikleriň dek garaňky dünýäme ýagtylyk çaýdyň. Kimdigiňi bilemsoňam, gaýdyp seni görmejegime söz berdim... Sebäbi sen maňa ejeňi, köýen söýgimi ýatladyp durduň. Ýöne görşüň ýaly, bu pikirim başa barmady. Çünki men indi sensiz oňup bilemok. Şoň üçinem hemişe ýanymda bolaryňy isleýän. Nähili, bärik göçüp gelmäge razymy?

— Ýöne jenap Pendltan... men... Polli daýzam näme?!

Ol häzir möňňürip aglaberjege çalym edýärdi.

Halys takady galmadyk jenap Pendltan:

— Polli daýzaň näme?! Sen men hakda pikir edeňokmy? — diýip, ganygyzgyn gepledi. — Eger sen bolmasaň, nädip nämedir bir zada begenip bileýin? Men durmuşyň süýjüsine ýaňy düşünip başladym ahyry. Özem muny maňa sen öwretdiň! Eger-de sen meň gyzym bolsaň, onda men bu durmuşda diňe şatlanyp ýaşaryn, seni bagtly etmek üçin elimden gelenini ederin, islän zadyňy ýerine ýetirerin. Bar pulumy, soňky şaýyma çenli seni bagtly etmek üçin sarp ederin.

Pollianna doňup galypdy.

— Beýle pikir edibem oturmaň, jenap Pendltan! Pukaralar üçin ýygnap ýören puluňyzy özüm üçin harçlamagyňyza ýol bermen!

Jenap Pendltan boz-ýaz boldy. Ol jogap berjek bolup, ýaňybir agzyny açdy welin, Pollianna ýene-de oňa maý bermedi.

— Siziň näme üçin mensiz begenip bilmeýäniňize düşünemok. Hudaýa şükür, puluňyz köp. Adamlara her dürli sowgat berip, olary begendirýäňiz. Olar sizden şeýle hoşal bolup durka, nädip şatlanman bilýäňiz?! Meselem, siziň maňa hem hanym Snowa beren billur şelpejikleriňizi ýa-da Nensiniň doglan gününe iberen altyn teňňejigiňizi ýatlaň. Şonda barymyzyň begenişimizi bir görsediňiz...

— Ýeri, bolýa. Berlen zatlary sanap oturmagyň geregi ýok — diýip, jenap Pendltan onuň sözüni böldi. Gyzjagazy diňledigiçe, öý eýesiniň ýüzi hasam gyzarýardy. Aslynda, muny geň görmeli däldi, sebäbi ol beýle bir jomart kişilerden däldi.

— Olaň ählisi bolgusyzja zatlardy. Ullakan zat ýaly edip, çişirip oturmagyň zerurlygy ýok. Men näme ýagşylyk edenem bolsam, diňe seň hatyraň üçin edendirin. Ýaňky zatlary meň elim bilen sen berensiň.

Ol Polliannanyň ýüzünde peýda bolan nägilelige jogap edip:

— Hawa, sen berdiň! — diýip gaýtalady. — Muň özi saňa näderejede mätäçdigimi ýene bir gezek subut edýä.

Ol ýene ýumşaşdy hem sesinde ýalbaryjy äheň peýda boldy.

— Birden men «begenmek» oýnuny bolmalysy ýaly oýnamak islesem, muny diňe seň bilen gowy oýnap bilerin, Pollianna, sen ýanyma göçüp geläýmeli! Şonda men täzeden ýaşap başlaryn.

Gyzjagaz gaşlaryny çytyp, çuňňur oýa batdy.

— Meň ýagdaýyma-da düşüniň, jenap Pendltan, Polli daýzam maňa uly ýagşylyk etdi — diýip, ol ýaňybir janygyp başlapdy welin, jenap Pendltan elini salgap, ony dymmaga mejbur etdi. Ol gyzma häsiýetini hernäçe basjak bolsa-da, başarmaýardy.

— Dogry, ol saňa uly ýagşylyk edendir, ýöne oň seni meň gowy görşüm ýaly gowy görmeýänini magat bilýän.

— Ýöne, jenap Pendltan, daýzam meni ýanyna alanyna begenýändir...

Jenap Pendltan:

— Päheý-de weli. Begenermi şo! — diýip, gaharyna gygyrdy. — Hanym Polli begenmek diýilýän zadyň nämedigini bilmese nätjek. Bir zady bilýän, ol diňe öz borjuny ýerine ýetirýä. Ol borjuna diýseň wepaly zenan. Men onuň borjuny gaty gowy bilýän. Ikimiz ozal häli-şindi gabatlaşyp durýadyk. Elbetde, soňky on bäş-ýigrimi ýylyň içinde ýakyndan gatnaşyp durmadyk, barybir, men oňa gaty belet. Ony diňe men däl, her kimem tanaýa. Onuň bilen iş salşan her bir adam saňa şol bir zady aýdar. Ol begenip bilýän kişilerden däl. Hatda muň nämediginem bilenok. Meň ýanyma göçüp gelmegiň gürrüňine dolansak...

Birden ol sägindi, soňra hoşamaýlyk bilen sözüniň üstüni ýetirdi.

— Ýogsa-da oň özünden sorap görseň nädýä. Belki, saňa rugsat berer. Wah, jan gyzym, sen maňa şeýlebir gerek welin...

Pollianna uludan demini alyp, ýerinden turdy.

— Bolýa. Men daýzamdan sorap göreýin — diýip, ol çyny bilen söz berdi. — Jenap Pendltan, birden siz bärik göçesim gelmeýändir öýdüp pikir edäýmäň, ýöne...

Ol biraz sägindi-de, sözüni dowam etdirdi.

— Düýn oňa hiç zat aýtmanymam gowy bolupdyr. Ýogsam ol başgaça pikir ederdi.

Jon Pendltan köpmanyly ýylgyrdy.

— Hawa, Pollianna! Oňa hiç zat aýtman dogry edipsiň.

— Aslynda, men hiç kime aýtmasam näme... Diňe lukmanyň ýanynda agzadym. Olam hasap däl-läý.

— Lukmana aýtdym diýýäňmi? — diýip, Jon Pendltan tas böküp, ýerinden turupdy. — Lukman diýýäniň jenap Çiltonmy?

Pollianna:

— Dagy näme, şondan başga kime aýdaýyn! — diýip, göwnübir ýaly jogap berdi. — Ol şu gün ýanyma gelip, siziň meni çagyrýanyňyzy aýtdy. Soň ol meni öýümize çenli äkitdi, ýolda-da men oňa ähli zady aýdyp berdim.

— Bäý-bä! — diýip, jenap Pendltan içini çekdi-de, arkasyny oturgyja ýaplady. Birdenem ýene dikeldi. Onuň gözleri bilesigelijilikden ýaňa uçganaklaýardy.

— Ýogsa-da lukman Çilton saňa näme diýdi?

Pollianna birsalym oýlanyp duransoň:

— Şu wagt doly ýadyma düşenok — diýdi. — Ýöne üýtgeşik zat aýtmady öýdýän. Hä-hä, ýadyma düşdi. Ol: «Häzir jenap Pendltan ýoluňa göz dikip oturandyr» diýdi.

Jenap Pendltan:

— Hakykatdanam, şeý diýdimi? — diýip, ýaňsyly ýylgyrdy. Pollianna näme sebäpden onuň birden keýpiniň göterilenine düşünip bilmedi.

## XXI bölüm

## Polliannanyň jogaby

Pollianna Pendltan baýryndan aşak düşüp başlanda, birdenkä asmany gara bulut gaplady. Howanyň duýdansyz garalmagy bilen Pollianna çabganyň ýakynlaşyp gelýänine düşündi. Ol ýoly ýarpylap ýetişmänkä, aňyrdan haýdap gelýän eli saýawanly Nensi bilen gabatlaşdy. Hemişe bolşy ýaly, şol pursat asmanyň ýüzi durlanyp ugrady, çabga-da gapdallaryndan sowlup geçene meňzeýärdi.

Nensi asmana dykgat bilen garap durşuna:

— Ýel bulutlary demirgazyga göçürýä öýdýän — diýdi. — Şeýle boljagyny bilýärdimem-le, ýöne şonda-da hanym Polli elime saýawan tutduryp, seň yzyňdan iberdi. Görýäňmi, ol seň aladaňy edýä.

Asmandan gözüni aýryp bilmeýän Pollianna:

— Şeýlemi? — diýip, oňa biparh jogap berdi.

Nensi birki gezek ardynjyran boldy.

Ýöne şeýdeni bilen Polliannanyň asmanda pelpelläp ýören ünsüni bölüp bilmejegine düşünibem:

— Sen maňa diýýämiňem diýeňok-la — diýip, nägileligini bildirdi. — Men... daýzaň seň aladaňy edýä diýdim.

— Hä-ä! — diýip, Pollianna uludan demini aldy. Sebäbi Nensi daýzasynyň ondan hasap sorajagyny ýatladypdy. — Şeý diýsene! Polli daýzamy alada goýaýdymmykam? Ony gorkuzmak niýetim-ä ýokdy.

Nensi:

— Men-ä, dogrusy, şoň alada galanyna begenýän — diýip, duýdansyz sugşuryp goýberdi. Çynym bilen begenýän!

Pollianna durşy bilen göze öwrülip, oňa aňkaryldy.

— Diýmek, sen onda Polli daýzamyň men sebäpli gorka galanyna begenýäň-dä?! — diýip, ol ör-gökden geldi. — Nensi, sen bu oýny düýbünden nädogry oýnaýaň. Heý, beýle zatlara-da bir begenip bolarmy!

— Sen, näme, men oýun oýnaýandyryn öýdýäňmi?! Näme diýjek bolýanyma düşüneňog-a?! Polli daýzaň... seň... aladaňy edýä!

— Bu ýerde düşünip-düşünmez ýaly näme bar?! Adam alada galýan mahaly ezýetli duýgyny başdan geçirýä. Biriniň kösenýänine-de begenip bolarmy?! Munyň bolmaýa, Nensi!

Nensi başyny ýaýkady.

— Näme diýseňem, sen muň düýp manysyna düşüneňok, gyzjagaz! Häzir ony saňa düşündireýin. Daýzaň seň aladaňy edýä. Muň özi onda adama mahsus duýgulaň oýanyp başlandygyny aňladýa. Diýmek, ol indi ýöne bir öz borjuny ýerine ýetirmän, nämedir bir zatlary duýýaram.

— Beý diýmäge nädip diliň barýa, Nensi! — diýende, Polliannanyň sesinde uçursyz nägilelik duýuldy. — Polli daýzam hemişe öz borjuny ýerine ýetirýä. Ol borjuna diýseň wepaly zenan — diýip, ol özi aňmazdan, jenap Pendltanyň sözlerini gaýtalady.

Nensi gülüp goýberdi.

— Menem saňa şony aýdyp otyryn-da. Ol hemişe öz borjuna gulluk edýän zenandy. Ýöne seň bu ýerik geleliň bäri, oň häsiýeti üýtgäp başlady.

Pollianna ýüzüni kürşerdip, gaşlaryny çytdy.

— Nensi, senden bir zady sorasym gelýä — diýip, ol uludan demini aldy. — Polli daýzam öz öýünde ýaşaýanymy halaýamyka ýa-da birden ýanyndan gitsem begenermikä?

Nensi onuň aladaly ýüzüne dykgat bilen seretdi. Ol Polliannanyň Harriňton mülküne geleli bäri, ondan edil şu sowala garaşýardy hem şol soraga jogap berip bilmerin öýdüp basga galýardy. Şondan bärem nädip Polliannanyň ynanjaň kalbyny ynjytman, oňa ak ýürekden jogap berip bilerkäm diýip aladalanyp ýörşüdi. Ýöne şu mahal welin, Nensi hanym Polliniň özünden eline saýawan alyp, häziriň özünde ýegençisini garşy almaga gitmegini talap edeninden soň bolsa, Polliannanyň bu sowalyna galdyr-basdyrsyz jogap berip biljekdi. Sebäbi ol indi söýgädir yssy mähire mätäç bolan gyzjagazy begendirip biljegine ynanýardy.

— «Polli daýzam öýünde ýaşaýanymy halaýamyka ýa-da bärden gidenimi gowy görýämikä?» diýýäňmi — diýip, ol Polliannanyň sözlerini gaýtalady. — Görýän welin, meň aýdýanlam gulagyň ýele ýanyndanam geçmändir öýdýän! Ýaňy saňa aýtmadymmy näme. Ol gaty alada galdy, elime saýawan alyp, haýdan-haý ýanyňa ýüwürmegimi isledi. Asmanda welin, şol mahal bolaýsa, ýekeje bulut bardy. Onsoňam ol seni halan otagyňa ýerleşdirmek üçin maňa üçekden ähli goşuňy aşaky gata daşatmadymy näme?! Dogrusy, häzir onuň başda seni öýüne almak isleme...

Nensi hernä wagtynda sägindi. Ol bogazyny arçan boldy.

— Oňa nämeleň bolýanyny magat aýdyb-a biljek däl — diýip, ol sözüni dowam etdirdi. — Ýöne sen oň häsiýetini üýtgetdiň. Ol indi özüni düýbünden başgaça alyp barýa. Öňküsinden ýumşady, ýüregine rehim indi. Muňa seň pişigiň bilen güjügiňem mysal bolup biler. Meň bilenem indi öňküsi ýaly yzgytsyz gepleşenok. Aý, sanasaň, sanap oturybermeli-dä. Hanym Pollianna, sensiz onuň nähili oňjagyny göz öňüne-de getirip bilemok.

Keýpiçag halda sözüni tamamladym eden Nensi başda agzyndan sypdyran sözlerine gyzjagaz kän bir ähmiýet beren däldir diýip umyt etdi.

— Wah, Nensi! Men şeýlebir begenýän, şeýlebir begenýän! Özümiň Polli daýzama gereklidigime şeýlebir begenýän welin, muny göz öňüne-de getirip bilmersiň.

Birsalymdan otagyna baran Pollianna öz ýanyndan «Indi men ony hiç haçan ýeke taşlap gitmen» diýip oýlandy.

— Men hemişe-de Polli daýzamyň ýanynda ýaşasym gelýädi, ýöne Polli daýzamyňam meni goýberesiniň gelmeýändigini bilmek, gör, nähili ýakymly.

Ol indi bellibir netijä gelipdi, ýöne muny jenap Pendltana düşündirmek welin, ýeňil-ýelpaý iş däldi. Bu aýgytly gürrüň hakda pikir edende, onuň ini tikenekläp gidýärdi. Pollianna bu betbagt adam bilen halys öwrenişipdi. Ol jenap Pendltanyň ýagdaýyna tüýs ýürekden gynanýardy. Ol täze dostuna çyny bilen ýardam edesi gelýärdi. Onuň ömrüni şeýle bimany geçirmegine öz ejesiniňem azda-kände sebäp bolandygy ýadyna düşende, has hem gyýylýardy. Jenap Pendltan aýaga galansoň, gamgyn görnüşli äpet öýüň gaýtadan tukatlyga gaplanjakdygyny, goş-golamlardyr gaýryzatlaryň bolsa, galyň tozana gömüljekdigini bilýärdi. Eýsem, jenap Pendltana nähili kömek edip bolar? Wah, şu mahal öz ýerine başga birini tapyp bilsedi... Birdenem ol begenjine gygyryp, tarsa ýerinden galdy. Onuň kellesine ajaýyp pikir gelipdi.

Ol amatly pursat tapan badyna, alňasap, Pendltan baýryna bardy. Ikisi äpet garaňky kitaphana girensoňlar, jenap Pendltan:

— Ömrümiň ahyryna çenli meň bilen begenmek oýnuny oýnamaga razymyň? — diýip sorady. Onuň tolgunýandygy mese-mälim bildirip durdy. Jenap Pendltan inçeden uzyn gollaryny kürsiniň tirsekliginde goýupdy, wepaly iti bolsa hojaýynyna nazaryny dikip, onuň aýagujunda ýatyrdy.

Pollianna:

— Hawa-la! — diýip, şadyýan dillendi. — Sebäbi men size ýakymly bir habary aýtmaga geldim.

— Onda ikimiz bile oýnarysmy? — diýip, jenap Pendltan oňa sözüni tamamlamaga maý bermedi. Pollianna onuň dodaklarynyň müňküldäp gidenini görüp ýetişipdi.

— Ýok, ýöne...

Jenap Pendltan:

— Maňa «ýok» diýmäweri, Pollianna! Ýogsa öýkelärin — diýip ýalbardy.

— Sizi öýkeledip bolmaz, jenap Pendltan, ýöne men size, herhal, «ýok» diýmeli boljak. Polli daýzam...

— Näme, ol saňa ýanyma göçüp gelmäge rugsat bermedimi?

— Men... men ondan entek soramogam — diýip, gyzjagaz gönüsinden geldi.

— Pollianna! Bu näme etdigiň boldugy?

Pollianna ondan nazaryny sowdy. Dostunyň kinedir gaýgydan doly göreçlerine seretmäge ýagdaýy ýokdy.

— Diýmek, sen ondan soramansyňam-da?!

— Şony aýtmaga ýürek edip bilmedim, jenap! Eger

çynym, başaryp bilmedim. Soramalam bolmadym. Şonsuzam ähli zady bildim. Polli daýzamyň meň bilen ýaşasy gelýä, menem onuň ýanyndan gaýdasym gelenok. Siz onuň maňa nähili ýagşylyk edenine düşüneňzok. Onsoňam ol indi köp zada begenip başlady. Öňler muny başaranokdy. Muny maňa siziň özüňiz aýtmadyňyzmy näme?! Ýok, jenap Pendltan! Indi men ony taşlap biljek däl, asla taşlap bilmen!

Olaryň ikisindenem esli salym ses çykmady. Häzir diňe diwar peçdäki odunlaryň ýanýan şatyrdysy eşidilýärdi. Ahyrsoňy dymyşlygy jenap Pendltan bozdy.

— Saňa-da düşünýän, Pollianna! Häzir sen ony taşlap bilmersiň. Dagy-duwara men hiç haçan senden... beýle zady haýyş etmen.

Onuň sesi şeýlebir pessaý çykdy welin, Pollianna ony zordan eşitdi.

— Sabyr ediň, jenap Pendltan! Siz entek meň nähili ýakymly habar bilen ýanyňyza gelenimi bileňzok ahyryn — diýip, gyzjagaz oňa şu günki gürrüňiň nämeden başlandygyny ýatlatdy. — Bu siziň başaryp biljek iň begençli zadyňyz! Çynymy aýdýan!

— Men hiç haçan begençli zady başarmazmykam öýdýän. Indi maňa begençli zady görmek nesip etmese gerek.

— Beý diýmäň, jenap Pendltan! Siz öýi öý edýän zenan bilen çagadyr diýmediňizmi näme?! Men siziň öýüňizi öý etmekçi. Siziň öýüňize çaga geler. Ýöne, elbetde, bu men bolman...

— Maňa senden başga hiç kim gerek däl — diýip, jenap Pendltan bada-bat garşy çykdy.

— Ony ýakyndan tanasaňyz, beý diýmersiňiz! — diýip, Pollianna-da ondan kem galmady. — Siz şeýle gowy hem mähirli adam. Owadan şelpejiklerdir şaýylar, başga-da her dürli zatlar bilen näçe adamyny begendirdiňiz! Siz pukaralar üçin pulam toplaýaňyz...

Birden akylyndan azaşan ýaly bolan jenap Pendltan:

— Pollianna! — diýip, ganygyzgynlyk bilen gygyryp goýberdi. — Gel, şu pukaralar hakdaky bolgusyz gürrüňi bes edeli-le! Muny öňem aýtjak boldum, ýöne başarmadym. Men şu ömrümde pukaralara ýekeje şaýam eçilen adam däl. Olar üçin pul ýygnamagyň pikirinem etmedim. Düşnüklimi?

Jenap Pendltan boýnundan agyr ýük asylan dek zordan başyny galdyrdy. Ol Polliannanyň lapykeç göreçlerine bakmakdan çekinýärdi. Ýöne başyny galdyranda, Polliannanyň gözleriniň şatlykdan ýaňa uçganaklap duranyny görüp, haýran galdy.

— Çynyňyzmy, jenap Pendltan! — diýip, ol elini çarpyp goýberdi. — Wah, men muňa şeýlebir begenmek begenýän...

Birdenem Pollianna boz-ýaz bolup, sözüni kesdi.

— Diýjek bolýanym... elbetde, meň pukaralara ýüregim awaýa, ýöne siziň beýleki adamlara meňzemeýändigiňize, hindi oglanjyklaryndan Jimmi Bini has gowy görjegiňize şeýlebir şat! Ony öz ýanyňyza aljagyňyzada ynanýan.

— Kimi aljagyma ynanýaň?

— Jimmi Bini. Ol bu öýi öý etjek çaga bolar, özem uly höwes bilen şeýder. Geçen hepde, hatda uzak günbatardaky Zenanlar jemgyýetindäkileriňem ony ýanlaryna almak islemeýändigini aýdanymda, ol muňa gaty gynandy. Ind-ä ol ýaman begense gerek... Siziň ony ýanyňyza almak isleýäniňizi eşitse boldugy...

Jenap Pendltan:

— Ol-a begense begener welin, ýöne men-ä begenip durman — diýip, janyýangynly gepledi. — Pollianna, bolgusyz gürrüňi goýsana!

— «Ony ýanyma aljak däl» beri diýmäň!

— Men hut şeý diýmekçidim, Pollianna!

— Ýöne, jenap Pendltan! Ol öýüňizi öý etjek ajaýyp çaga bolar ahyry — diýip, Pollianna şumjaryp, çyny bilen ony yrjak boldy. — Eger Jimmi Bini ýanyňyza alsaňyz, özüňizi hiç mahal ýalňyz duýmarsyňyz!

— Mümkin, ýöne meň ýalňyz bolasym gelýä.

Birdenem Polliannany howsala gaplap aldy. Ol Nensiniň hol birmahalky aýdan sözlerini ýatlady.

— Belki, siz öýüňizde kiçijik oglanjyk saklanyňyzdan, çagşan adam süňküni saklanyňyzy has gowy görýänsiňiz. Ýöne özüm-ä muň bilen razylaşamok — diýip, ol öýkeli görnüşde başyny galdyrdy.

— Adam süňküni saklaýanmyşymmy men?

— Hawa. Nensi maňa öýüňiziň bir ýerinde adam süňküni saklaýanyňyzy aýtdy. Onsoň menem...

Jon Pendltan arkan gaýşyp, duýdansyz ýerden gaty ses bilen hahahaýlap gülmäge başlady. Ol tüýs ýürekden güldi. Pollianna gorkusyna aljyrap möňňüriberdi. Jon Pendltan bada-bat gülküsini goýup dikeldi-de, öňki agras keşbine geçdi.

— Näme diýsene, Pollianna, sen mamla — diýip, ol mylakatly seslendi. — Aýdan zatlaryň näderejede dogrudygyna özüňem düşünýän dälsiň. Ýöne öýde çagşan adam süňküni saklanyňdan, ýüwrüp ýören oglanjyk saklanyň has gowudyr. Dogry, käbir adam seniň isleýşiň ýaly beýle bir çalt üýtgäp bilmeýä. Ol çagşan adam süňküni bukanyny gowy görýä. Pollianna, hany, şol gowuja oglanjyk diýýäniň hakda maňa jikme-jik aýdyp bersene.

Şeýlelikde, Pollianna oňa oglanjyk hakda bilýän zatlaryny gürrüň bermäge durdy. Ýürekden çykan gülki dartgynly pursadyň gowşamagyna sebäp boldumy ýada Jimmi Bin hakdaky gynançly hekaýat täsir etdimi, garaz, Jon Pendltan pagyş-para eredi. Her näme-de bolsa, Pollianna öýe hyýallananda, Jon Pendltan indiki şenbe güni oňa Jimmi Binem alyp gelmegi teklip etdi.

— Men muňa şeýlebir begenýän! Bilýän, siz ony hökman halarsyňyz! Şonda Jimminiň öýem bolar, maşgalasam... onuň aladasyny etjek hossaram bolar — diýip, Pollianna dosty bilen hoşlaşdy.

## XXII bölüm

### Wagyz-nesihat hem odun gapyrjaklary

Polliannanyň Jon Pendltana Jimmi Bin hakda gürrüň beren güni ybadathananyň ruhanysy Pol Ford Pendltan tokaýlygyna girip barýardy. Ol tokaýyň jümmüşine aralaşyp barşyna, tebigatyň gözelligi ýaraly kalbyna az-kem melhem bolar diýip umyt edýärdi. Ruhany Pol Forduň, hakykatdanam, ýüregi dilim-dilim dilnere gelipdi. Soňky bir ýylyň dowamynda onuň ybadathana gelýänler bilen gatnaşygy gün-günden ýaramazlaşyp barýardy. Ruhany bu babatda tagalla baryny etse-de, netijesiz bolup çykýardy. Ol garşylyk görkezip bir çykdy, ýalbaryp bir çykdy, olardan tertibi saklamagy talap edip gördi. Olar üçin doga-dileg etdi, ýöne başbozarlar beýlekileri-de öz taraplaryna çekip, halys elden-aýakdan çykyp barýardylar. Soňabaka onuň göwnüne ybadathana gelýänleriň ählisi özlerini bahyllyga, päliýamanlyga, dawa-jenjele aldyran ýaly göründi. Ol lapykeç hem göwnüçökgün ýagdaýa düşüp, Biribardan pähimsiz perzentlerini dogry ýola salmagyny dileg etdi. Ýöne bu gün welin, onuň kalbynda olaryň düzeljegine zerre ýaljagam umyt galmandy.

Onuň iki sany dýakony[1] bolgusyz mesele sebäpli mazaly tersleşip, tas ýaka tutuşypdy. Zenanlar jemgyýetiniň iň işjeň üç sany agzasy bolsa, biriniň ýaňra dilinden çykan, soňam tutuş şähere ýaýran manysyz gybatlara gahar-gazaba münüp, jemgyýeti taşlap gitdi, ybadathananyň hor topary ýekelikde aýdylýan aýdymlary paýlaşyp bilmän, iki sany agzala tarapa bölündi. «Päk ahlakly hristianlar» jemgyýetiniňem ahlagy soňky wagtlar o diýen päk däldi, çünki ähli wagtyny iki sany ýolbaşçynyň dawasyny çözmäge sarp edýärdi. Bu gün bolsa ybadat mekdebiniň müdiridir iki sany mugallymy işden çykjakdygyny habar berdi. Gepiň tümmek ýeri, şu ýagdaýlar onuň sabyr käsesini dolduryпdy, başyny alyp, tokaýlyga gaçyp gitmegine sebäp bolupdy.

Agaçlaryň saýasynda ýalňyz oturan ruhany Pol Ford ilkinji gezek hakykatyň ýüzüne dogry bakmak isledi. Bu bolsa ony umytsyzlyga düşürdi. Ol nämedir bir zatlar etmelidi, häziriň özünde bu bulagaýlygyň soňuna çykmalydy. Kilisäniň işleri bütinleý togtapdy. Ýekşenbe gullugyna, her günki ybadat duşuşygyna, wagyz-nesihatdan soňky çaý içişlige, agşam naharyna, jemgyýetçilik çärelerine gatnaşýan adamlaryň sany barha azalýardy. Elbetde, akýürekli işgärlerem ýok däldi. Ýöne olaram, köplenç, awuly dilleriňdir ýaman gözleriň pidasy bolýardylar.

Pol Forduň göwnüne bolmasa, adamlarda diňe bir Taňrynyň ýerdäki gullukçysyna däl, eýsem, kilisä, aslynda, tutuş dine hormat galmadyk ýalydy. Ol beýle ýagdaýdan hökman çykalga tapmalydy, özem häziriň özünde tapmalydy.

Ruhany Pol Ford haýallyk bilen jübüsinden wagyz-nesihat bellikli eplenen kagyzlaryny çykardy. Ol gaşlaryny çytyp, bogazyna sygdygyndan gygyryp, hyjuw bilen okamaga durdy. Ruhany Ford wagyz-nesihatynda «Matfeýiň Injiline» ýüzlenýärdi, ybadata gelýänlere ykballarynyň ikiýüzli, dindarsumak, ýaranjaň adamlaryň ykbalyna kybapdaş boljakdygyny, olaryň hem birmahal ynamyny, diniň kada-kanunyny unudan dindarsumaklara meňzeýändigini aýdýardy.

Gepiň tümmek ýeri, ruhany gahar-gazaba ýugrulan wagyz-nesihat işini okamakçydy. Pendltan tokaýlygynyň ýap-ýaşyl agaçlarynyň astynda onuň sesi şeýlebir gaýgyly çykypdy welin, hatda guş-gumrularam sem bolupdy. Ruhany Pol Ford geljekki ýekşenbe güni ediljek wagyz-nesihatynyň ybadathananyň çäginde nähili ýaňlanjakdygy hem onuň ybadata geljek adamlara nähili täsir etjekdigi hakda oýlandy.

Aslynda, olar Pol Forduň öz adamlarydy ahyry. Eýsem, ybadata gelen adamlara şeýle gödek daraşyp bilermikä?! Şeýtmegi başararmyka?! Ol öz adamlaryna aýyp ýöňkäp bilermikä? Ruhany Pol Ford gaýta-gaýta doga okady, Taňrydan medet diledi, ýoluny urduran adamlara öz sözleriniň sähelçe-de bolsa täsir etmegini isledi. Ol kilisesinde öňküsi ýaly asudalygyň hem agzybirligiň höküm sürmegini tüýs ýürekden arzuw etdi.

Ruhany kagyzlaryny haýallyk bilen epleşdirip, olary gaýtadan kisesine sokdy. Soňra iňläp diýen ýaly uludan demini aldy-da, elleri bilen ýüzüni ýapdy.

Şol pursat öýe dolanyp barýan Pollianna onuň deňinde aýak çekdi.

— Wiý, jenap Ford! Jenap Ford! — diýip, ol gorkusyna gygyrdy. — Siz bir ýeriňizi... aýagyňyzy döwdüren-ä dälsiňiz?!

Ruhany elini ýüzünden aýryp, başyny galdyrdy. Ol özüne zor salyp, ýylgyrmaga çalyşdy.

— Ýok-ýok, mähribanym! Men bu ýerde biraz dynjymy alaýaýyn diýip oturaýypdym.

— Onda bolýar-la — diýip, Pollianna ýeňňillik bilen dem aldy. — Edil size gabat gelşim ýaly, men bir gezek jenap Pendltana-da şuň ýaly ýerde gabat gelipdim, görlüp oturylsa, şonda onuň aýagy döwlen eken... Ýöne ol ýatyrdy, siz welin otyrsyňyz.

— Hawa, otyryn! Döwlen-beýleki eden ýerimem ýok. Mende lukmanyň ýardam edip biljek şikesi ýok.

Ruhany soňky sözlerini diýseň pessaý aýdanam bolsa, ony eşidip ýetişen Polliannanyň ýylgyryp duran ýüzi birden üýtgäp gitdi. Ol ruhana duýgudaşlyk bilen garady.

— Siziň ýagdaýyňyza gaty gowy düşünýän, jenap Ford! Sizi bir zad-a ünjä goýýa. Kakamam, köplenç, siziň ýaly, şeýdip gussa batardy. Ruhanylaryň ählisi şeýle

[1] Dýakon — iň kiçi ruhanylyk ady, ruhanynyň kömekçisi (terj. bel.).

bolarly. Aý, hawa-da, siziň üstüňize jogapkärçilik bary ýüklenen-dä.

Ruhany Pol Ford gyzjagazyň ýüzüne çiňerilip bakdy.

— Seň kakaň ruhanymydy?!

— Hawa. Siz ony bileňzokmy näme? Men-ä muny ähli kişi bilýändir öýdýädim. Kakam Polli daýzamyň uýasyna öýlenipdir, menem şolaň gyzy.

— Indi barysy düşnükli boldy. Men bu ýere täzelikde göçüp geldim. Şoň üçinem adamlara beletçiligim ýok.

— Hawa, jenap... Ýagny men «ýok, jenap» diýmekçidim — diýip, halys başy çaşan Pollianna aljyraňňy halda ýylgyran boldy.

Şondan soňra hiç kimden ses çykmady. Häzirem agajyň düýbünde oturan ruhany Polliannanyň bardygynam unudana çalym edýärdi. Ol kisesinden garalamasyny çykardy-da, onuň gatyny açyşdyrdy, ýöne elindäki kagyza garaman, agajyň golaýynda ýatan, gurap giden sary ýapraga tiňkesini dikdi. Ruhanynyň hereketini gözden sypdyrmaýan Polliannanyň oňa nebsi agyrdy.

Pollianna arasy kesilen gürrüňi ýaňadan dowam etmek maksady bilen:

— Bu gün ajaýyp gün, şeýle dälmi?! — diýip, şadyýan dillendi.

Barybir, ruhanydan esli salym ses çykmady. Birdenem ol gamgyn oýlanmalaryndan aýňalan dek başyny galdyrdy.

— Näme diýdiň? Hä... hawa. Bu gün, hakykatdanam, gowy gün!

— Howa-da beýle bir sowuk däl! — diýip, Pollianna şähdaçyk äheňde sözüni dowam etdirdi. — Ýogsam häzir oktýabr aýy... Näme diýseňizläň, şu gün jenap Pendltanyň diwar peji ýanyp duran eken, ýöne ol üşemeýändigini aýtdy. Şonda-da oda tiňkesini dikip oturmagy gowy görýämiş. Menem şeýtmegi halaýan. Sizem şony gowy görýäňizmi, jenap Ford?

Ondan hiç hili jogap eşidilmedi. Pollianna ol dillenermikä öýdüp, ep-esli wagt sabyrlylyk bilen garaşsa-da, başa barmansoň, ruhanyny gürletmäge ýene bir ýola synanyşyk etdi.

— Jenap Ford, ruhanylyk size ýaraýamy?

Bu gezek jenap Ford bada-bat başyny galdyrdy.

— Ruhanylyk ýaraýamy diýýämiň?.. Nireden beýle sowal tapyp ýörsüň? Bu seni näme üçin beýle gyzyklandyrýa, gyzjagaz!

— Aý, ýöne soraýdym-da... Siz şeýlebir gamgyn görünýäňiz welin, kakam ýadyma düşäýdi. Olam kämahal siz ýaly şeýdip keýpsiz oturardy.

— Şeýlemi? — diýip, hoşamaý seslenen ruhanynyň göreçleri ýene-de guran ýaprakda eglendi.

— Hawa. Onsoň kakamyň keýpsiz mahaly ondan ruhany bolmagy halap-halamaýanyny sorardym?

Agajyň saýasynda oturan ruhany muňa tukat ýylgyrdy.

— Ýeri, onsoň ol saňa näme jogap bererdi?

— Elbetde, ol hemişe-de «halaýan» diýerdi. Soňam Mukaddes kitaplardaky göwün göteriji ýazgylar bolmadyk bolsa, ruhanylygy birwagt taşlardym diýerdi.

— Näme? Nähili ýazgylar diýdiň?

Ruhany Pol Ford guran ýaprakdan nazaryny sowup, Polliannanyň gülüp duran ýüzüne geň galyp bakdy.

— Aslynda, Mukaddes kitaplarda olara beýle diýilmeýä. Kakamyň özi şeýle diýýä. Olar: «Eý, Taňrym, şükür edýän!», «Şatlanalyň!», «Eý, Taňrym, kalbym joşýar!» diýen ýaly setirler bilen başlanýa... Olarda şunuň ýaly setirler gaty köp. Bir gezek kakam haly harap mahaly eline Mukaddes kitaby alyp, ondaky ähli göwün göteriji setirleri sanap çykypdyr. Onda şeýle setirleň sekiz ýüz sanysy bar eken.

— Sekiz ýüz sanysy diýdiňmi?!

— Hawa. Olaryň ählisem bize bagtly bolmagy ündeýä. Şoň üçinem kakam olara: «Göwün göteriji setirler» diýýä.

Ruhanyň ýüzi birgeňsi üýtgäp gitdi. Ol:

— Hä-ä! — diýdi-de, elindäki kagyza göz aýlady. Onuň nazary «Başyňyzdan şumluk insin, ikiýüzli, ýaranjaň ynsanlar...» diýen sözlerde sägindi. Birdenem ol kagyzdan ünsüni sowup, gyzjagaza garady.

— Diýmek, kakaň göwün göteriji setirleri gowy görüpdir-dä?! — diýip, ol pessaý gürledi.

Pollianna:

— Hawa — diýip, çyny bilen baş atdy. — Ol maňa göwün göteriji setirleri sanap çykmak hakda pikir eden güni göwnüniň giňeýändigini aýtdy. Kakam eger Taňry bize sekiz ýüz gezek «Bagtly boluň!» diýip tabşyran bolsa, diýmek, ol käýarymam bolsa özümizi bagtly duýmagymyzy isleýändir diýen netijä gelipdi. Şonda kakam özüniň hemişeki tukat halyndan utanypdyr. Ol her gezek özüni erbet duýanda ýa-da Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäki aýallar gykylyk turzanlarynda... ýagny, diýjek bolýanym, Zenanlar jemgyýetindäki aýallar bellibir netijä gelip bilmedik ýagdaýlarynda — diýip, Pollianna bada-bat sözüne düzediş girizdi. — Göwün göteriji setirler onuň dadyna ýetişer eken. Şeýle-de, kakam maňa hut şol setirleriň onuň «begenmek» oýnuny oýnap başlamagyna sebäp bolandygyny aýdardy. Aslynda, ol bu oýny ilkinji gezek meň bilen pişekler sebäpli oýnap başlapdy, ýöne şol göwün göteriji setirler bolmadyk bolsa, bu oýun akylyna-da gelmejek eken.

Ruhany:

— O nähili oýun? — diýip, gyzyklanyp sorady.

— Ähli zadyň gowy tarapyny tapyp bilmek oýny-da... Öňem aýdyşym ýaly, ähli zat pişeklerden başlady... — diýip, Pollianna şäher ilatynyň ählisiniň eşidip ýetişen hekaýatyny gaýtadan jikme-jik gürrüň bermäge durdy. Ýöne häzire çenli hiç kim ony jenap Ford ýaly ünsli hem duýgudaşlyk bilen diňlemändi.

Birnäçe wagtdan soň, Pollianna ruhany bilen el tutuşyp, tokaýdan çykdy. Polliannanyň ýüz-gözi gülüp durdy. Ol geplemäni gowy görýärdi, ruhany Pol Ford bolsa ony

ýörite diňlemek üçin iberilen ýalydy. Onuň oýun hakda, merhum jenap Witýer, şeýle hem Polliannanyň uzak günbatardaky durmuşy hakda ähli zady bilesi gelýärdi. Elbetde, Pollianna onuň bilesigelijiligini artygy bilen kanagatlandyrýardy. Ikisi baýryň eteginde hoşlaşdy. Şondan soňra her biri öz ýoly bilen gitdi.

Şol gün agşamara ruhany öz otagynda çuňňur oýa batyp otyrdy. Onuň gapdalynda, stoluň üstünde wagyz-nesihat bellikleri ýazylan birtopar kagyz dargaşyp ýatan bolsa, galam tutup duran sag golunyň astynda ýüzüne gutarnykly wagyz-nesihat ýazgylary geçirilmeli arassa kagyzlar bardy. Ýöne ruhany häzir ybadathana meselesi ýa-da geljekki wagyz-nesihat işi hakda pikirlenmeýärdi. Onuň küýi-pikiri birnäçe ýyl yza, uzak günbatardaky kiçijik şähere, horhomsy, hassa hem-de diýseň aladaly görünýän ruhanynyň ýanyna dolanypdy. Ähli durmuş külpetlerine garamazdan, onuň Ýaradanyň Mukaddes kitapdaky «Begeniň hem bagtly boluň!» diýen jümlesini näçe gezek aýdanyny sanap çykmaga gurbaty çatypdyr.

Pol Ford pikirlerinden aýňalyp, hakykata dolanyp gelýänçä, ýene-de ep-esli wagt nazaryny bir nokada dikip oturdy. Ahyrsoňy dikelip, öňünde ýatan arassa kagyzlary tertipleşdirdi-de, «Matfeýiň Injilinden» ikiýüzli adamlary ýazgarýan setirleri belleşdirdi. Soňra elindäki galamyny takatsyzlyk bilen bir gyra taşlap, aýalynyň ýaňyja goýup giden žurnalyna ýapyşdy. Jenap Ford mazaly ýadansoň, žurnalyň sahypalaryny äwmezlik bilen agdaryşdyrýardy. Birdenem onuň nazary täsin hekaýaty gürrüň berýän şu aşakdaky setirlerde sägindi.

«Bir ýola Tom atly bir oglanjyk ejesine odun getirip bermekden boýun gaçyrypdyr. Muny eşiden kakasy ogluna:

— Tom, men seň ejeňe höwes bilen odun getirip berjegiňe ynanýan — diýipdir.

Geň galmaly ýeri, Tom sessiz-üýnsüz çykyp gidipdir-de, ejesine odun getirip beripdir. Eýsem, ol näme üçin şeýtdikä? Bu sowalyň diýseň ýönekeý jogaby bar. Munuň sebäbi kakasy öz oglundan gowulykdan başga zada garaşmaýandygyny aňladypdyr.

Indi pikirlenip görüň, kakasy ogluna: «Tom, men seň ejeňe gulak asmaýanyňy eşitdim. Bolşuňdan utanýan! Häziriň özünde git-de, odun getir!» diýen bolsa, nähili bolardy?! Ynanaýyň, Tomuň öýündäki odun gaby şol öňküsi ýaly boşlugyna galardy».

Ruhany hekaýaty üns berip okaýardy. Ünsüni çeken setirleri gaýta-gaýta heçjikleýärdi.

«Adamlary ýazgarmaly däl-de, höweslendirmeli. Olaryň ruhdan düşmegine däl-de, ruhunyň göterilmegine yhlas siňdir. Adamyň kemini ýüzüne basmagyň deregine, onuň gowy taraplaryny açyp görkez, ony ýaramaz endiklerinden sogrup almaga çalyş. Oňa öz hakyky ýüzüni açyp görkezmegine ýardam et, ähli kynçylygyň hötdesinden geljegine, durmuş jygba-jyglygynda üstün çykjagyna ynandyr... Şuny unutmaň, gözel kalply hem rehim-şepagatly kişileriň oňaýly täsiri çäksizdir, olar tutuş şäheri agzyna bakdyryp bilýändir... Ynsan kalbynda hem aňynda nähili duýgy besleýän bolsa, daş-töweregine-de birmeňzeş duýgyny saçýandyr. Ýakynlaryna söýgi hem minnetdarlyk bilen garaýan kişi, öz göreldesi bilen olara-da täsirini ýetirer. Eger tersine, kimdir biri hyrsyz, gyňyr, husyt bolsa, onda goňşy-golamlarynyň-da oňa özünden beter gaýtargy berjegine hiç hili şübhe ýokdur... Sebäbi siz hemişe ýaramazlygy gözleseňiz, ýaramazlyk bilenem ýüzbe-ýüz bolarsyňyz. Gowulygyň gözleginde bolsaňyz, diňe gowulyk görersiňiz. Şonuň üçinem ogluňyz Toma ejesine höwes bilen odun getirmek isleýänini aýdyň... Şonda siz onuň bu ýumşa lezzet hem-de keýpihonlyk bilen ýapyşanyny görersiňiz».

Ruhany žurnaly stola taşlady-da, başyny galdyrdy. Ol birsalym pikirlenip oturansoň, ýerinden turup, eýläk-beýläk ýöremäge durdy. Ruhany uzak wagtlap iki ýana gatnady. Soňra uludan demini alyp, ýene-de stoluň başyna geçdi.

— Eý, Taňrym! Maňa güýç ber! Şonda men muny başararyn! Men öz «Tomlarymyň» ählisine bolan ynamymyň çäksizdigini we olaryň «odun gutusyny» uly höwes bilen doldurjakdyklaryny aýdaryn. Onsoň olara iş baryny tabşyraryn. Olaryň kalbyny şatlykdan pürepürlemäge çalşaryn, şonda olarda beýlekiler nädýärkäler diýip, biri-biriniň «gutusyna» garamak islegi bolmaz.

Ol wagyz-nesihat bellikli kagyzlaryny garbap aldy-da, olary edil gap bilinden ikä bölüp taşlady. Häzir «Eý, nalajedeýinler» jümlesi ýazylan bölek çep golunyň astynda ýatan bolsa, «bisowatlar, ikiýüzli dindarsumaklar» jümleleri sag golunyň astynda ýatyrdy. Indi onuň ähli ünsi öňündäki arassa kagyzlardady. Ruhany bahym şol kagyzlaryň ýüzüni öňkülerden düýpgöter tapawutly wagyz-nesihat setirleri bilen doldurdy.

Ýekşenbe güni kilisede ruhany Forduň ýürekleri tolgundyran öwüt-ündewi ýaňlandy. Onuň ýakymly duýgulara eýlenen sözlerini eşiden adamlaram, hatda çagalaram tolgunman oturyp bilmediler. Ruhanynyň wagyz-nesihatynda Polliannanyň jenap Forda gürrüň beren «Eý, Taňrym, şükür edýän!», «Şatlanalyň!», «Eý, Taňrym, kalbym joşýar!» diýen şol sekiz ýüz setirinden mysallar bardy.

(Dowamy bar).

Iňlis dilinden terjime eden
Timar MÄMMETGURBANOWA



**Eleanor PORTER, amerikan ýazyjysy**




# Pollianna

**(Roman)**

*(Dowamy. Başlangyjy žurnalyň geçen sanlarynda).*

## XXIII bölüm

### Heläkçilikli waka

Günlerde bir gün Pollianna dermanynyň adyny unudan hanym Snowuň haýyşy bilen jenap Çiltonyňka myhmançylyga gitmeli boldy. Lukmanyň iş ýerine birinji gezek barýan Pollianna daş-töweregini içgin-içgin synlady.

Pollianna:

— Siziň öýüňize ilkinji gezek gelşim. Mydama şu ýerde ýaşaýaňyzmy? — diýip, lukmana sowal berdi.

Lukman kagyz bölejigine bir zatlar ýazyşdyryp durşuna:

— Hawa! — diýip, keýpsiz seslendi. — Başga öýüm ýok. Aslynda, muň öý boldugy däl, Pollianna! Bary-ýogy iki-üç sany otag, bolany şol. Birinde hassalary kabul edýän, beýlekisinde-de ýatýan.

— Ýagdaýyňyza düşünýän — diýip, gyzjagaz henizem nämedir bir zatlar ýazyp oturan lukmana duýgudaşlyk bilen garady. — Hawa, öýüňi hakyky öý etmek üçin ýürekdeş zenanyň hem çagalaryň bolmagy gerek.

Lukman Çilton:

— Näme diýdiň? — diýip, bada-bat başyny galdyrdy.

— Jenap Pendltandan eşiden zadymy aýdýan. Ol maňa: «Öýüňi hakyky öý etmek üçin ýürekdeş zenanyň hem çagalaryň bolmagy gerek» diýdi. Siz näme üçin öýleneňzok, jenap Çilton? Belki, Jimmi Bini ogullyga alarsyňyz. Elbetde, eger jenap Pendltan ony alasy gelmese.

Lukman Çilton ýasama güldi-de:

— Diýmek, jenap Pendltan öýüňi hakyky öý etmek üçin ýürekdeş zenanyň gerekdigini aýdýa-da?! — diýip, gürrüňi öz üstünden sowdy.

— Hawa. Olam edil siz ýaly öýüniň hakyky öý dälde, häki bir jaýdygyny aýdýa. Siz näme üçin hiç zat edeňzok, lukman Çilton?

— Men näme etmelimişim? — diýip, lukman ýene-de öňündäki kagyz bölejigine bakdy.

— Özüňize mynasyp zenan tapmaly! Wiý, düýbünden unudaýypdyryn! Men size bir zat aýtjak bolup ýördüm. — diýende, Polliannanyň ýüzi birdenkä gyzaryp gitdi.

— Aslynda, muny size öňräk aýtmalydym. Görüp otursak, jenap Pendltanyň birmahallar söýen gyzy meň daýzam däl eken. Şoň üçinem indi daýzam iki-

miz oň öýüne göçemzok. Men şonda ýalňyşypdyryn. Ýöne siz muny hiç kime aýdan dälsiňiz-le?! — diýip, gyzjagaz aladaly seslendi.

Lukman Çilton:

— Ýok-ýok, hiç kime aýdamok — diýip, Polliannanyň ýüzüne garaman jogap berdi.

— Onda bolýar-la! — diýip, gyzjagaz ýeňillik bilen dem aldy. — Bilýäňizmi, men muny diňe size aýdypdym. Jenap Pendltana siziň muny bilýäniňizi duýduramda, ol, näme üçindir, maňa geň galyp seretdi.

Lukman:

— Şeýlemi? — diýende, onuň dodaklary tirpildän ýaly boldy.

— Hawa. Belki, ol ýalan gepiň başga kişileriň gulagyna degenini islän däldir. Ýöne, jenap Çilton, men siziň näme sebäpden öýlenmeýäniňize, öýüňizi hakyky öý etmek islemeýäniňize düşünip bilemok.

Lukman Çiltonyň iş jaýynda bir pursat dymyşlyk höküm sürdi. Soňra ol:

— Zenan kalbyny eýelemek seň pikir edişiň ýaly beýle aňsat zadam däl. Hernäçe yhlas etseňem, bolmajak bolsa bolanok — diýip, tukat seslendi.

Pollianna oýa batyp, gaşlaryny çytdy-da:

— Siziň üçin zenanyň kalbyny eýelemek beýle bir kyn iş däldir-le! — diýdi.

Ol «Siziň üçin» sözlerine basym berip aýtdy.

Monça bolan lukman:

— Sag bol! — diýip, loh-loh güldi.

Birdenem ol öňki gussaly keşbine dolanyp:

— Gynansak-da, senden ulurak hanymlar beýle pikir etmeýäler. Indi ençeme ýyl bäri maňa onuň kalbyny eýelemek başardanok — diýdi.

Pollianna başda gaşlaryny çytan hem bolsa, soňra geň galyp, gözlerini mölertdi.

— Bolup bilmez! Baaý-bä! Onda sizem jenap Pendltan ýaly birini halapsyňyz-da, munyňyz başa barmandyr-da!

Lukman zöwwe ýerinden turdy.

— Boldy, Pollianna! Gürrüňi şu ýerde gutaraly. Ilgünüň derdi üçin başyňy agyrdyp ýörme. Gowusy, sen ylga-da, hanym Snowa şu ýazgyny eltip ber. Bu ýerde dermanyň adam, içmeli möçberem ýazylandyr. Ýogsa-da ol başga zat soramady gerek?

Pollianna başyny ýaýkady.

— Ýok, jenap. Sag boluň, onda! — diýip, ol gapa tarap ýöneldi. Däliziň soňuna ýetip-ýetmänkä-de, mähir bilen lukmana öwrülip, mylaýym ýylgyrdy.

— Barybir, siz begenmeli, jenap Çilton! Bolsa-da, siz meň ejemiň däl-de, başga biriniň kalbyny eýelemek isläpsiňiz. Ýagşy, sag boluň!

Garaşylmadyk betbagtlyk Polliannanyň başyna oktýabr aýynyň soňky güni inipdi. Mekdepden çykyp, öýe howlugyp barýarka, Pollianna bat bilen gelýän ulaga garaman, onuň öňüni kesip geçjek boldy. Ähli zat göz açyp-ýumasy salymyň içinde bolansoň, hiç kim bu heläkçiligiň nähili ýagdaýda, kimiň günäsi sebäpli bolup geçenine-de düşünip ýetişmedi. Gijara sagat bäş töweregi gyzjagazy onuň gowy görýän otagyna bihuş halda göterip getirdiler. Ýüzüniň reňkipeti gaçan Polli daýzasydyr aglamjyrap oturan Nensi seresaplylyk bilen Polliannanyň geýimini çalşyryp, ony düşege geçirdiler. Şol mahal telefon arkaly habar edilen lukman Worren alňasap içerik girdi.

Lukman Worren gapyny ýapyp, hassanyň daşyna geçensoň, halys ruhdan düşen Nensi howla çykyp, goja Toma içini dökdi.

— Gyzjagazyň daýzasynyň kökenek geräýşini. Onuň nähili ejir çekýäni ýüzüne seretmeseňem, görnüp dur. Ol borç üçin ejir çekenok. Bu düýbünden başga zat, jenap Tom. Sebäbi diňe borjuny ýerine ýetirýän adamyň elleri beýle sandyramaýa, göreçlerem, göýä, işikden ätlejek bolup duran ajaly kowmak isleýän dek bakmaýar. Hawa, jenap Tom, onuň elewreýşini görseň, haýran galarsyň — diýip, Nensi şumjardy.

— Gyzjagazyň ýagdaýy şeýle erbetmi? — diýende, goja Tomuň sesi sandyrap çykdy.

Nensi häzirem horkuldap durşuna:

— Häzir belli bir zat aýtmak kyn — diýip, zordan dillendi. — Onuň ýüzüniň gany gaçypdyr, üstesine, mejalsyzam. Men-ä ol ölendir öýdüp gorkdum, ýöne hanym Polli onuň deminiň gelip-gidýändigini aýtdy. Hanym Polli şeýle diýýän bolsa dogrudyr. Ol birnäçe gezek Polliannanyň damaryny tutdy, onuň ýürek urgusyny, demini diňledi ahyry.

— Bu içigargalmyş zadyň oňa näme edenine düşünip bolmaýamyka?!

Goja Tomuň duluklary dartylyp gitdi, ol häzir möňňürip aglaberjege çalym edýärdi.

Nensi köşeşen ýaly edip:

— Sypaýyçylyk etmäň, jenap Tom! — diýdi. — Siz şol demir gutyny nähili atlandyrasyňyz gelse, atlandyryberiň. Hiç çekinmäň. Ýüregiňizdäkini aýdyň. Eýsem, ol nädip biziň kiçijik gyzymyzy urup bildikä?! Men şu tüsseläp ýören paýtunlary hiç haçanam halamazdym, ýigrenýänim şolardy, şu mahal-a hasam ýigrenýän.

— Onuň niresine urduka?!

Nensi:

— Wah, bilemok-bilemok, jenap Tom! — diýip, nalap jogap berdi. — Kellesinde kiçiräk ýara bar diýmeseň, üýtgeşik şikes ýok. Ýöne hanym Polli iç goşuna zeper ýetendir öýdüp gorkýa.

Sähel salym goja Tomuň ýaşaryp duran gözleri ýaldyrap giden ýaly boldy.

— Hanym Polli ýöne ýere alada galanok. Aslynda, şol ulagy ýer ýuwutsa bolmaýamy!..

— Hawa, hawa — diýip, Nensi ah çekip, başyny ýaýkady. Soňra yzyna bakyp, silkinip-silkinip aglady. — Mende sabyr-takat galmady. Lukman beri bahymrak çykaýsa, ýogsam ýüregim ýarylyp barýa. Bolmasa, ähli geýimleri ýuwuşdyryp, şoňa güýmenip, ünsümi sowaýsammykam?! Hawa, men şeýdeýin, şeýdeýin — diýip, Nensi ses edip aglap, ellerini owkalaşdyrdy.

Lukman gidensoňam, belli bir zat anyklap bolmady. Şonuň üçinem Nensi ýene alasarmyk ýagdaýda galdy. Gyzjagazyň süňklerine hiç hili zeper ýetmändigini, maňlaýyndaky ýaranyňam ýöne bir çyzykdygyny aýtsa-da, lukman Worreniň ýüzünden gar ýagýardy. Ol aljyraňňylyk bilen başyny ýaýkap, diňe wagtyň geçmegi bilen hassanyň ýagdaýyny doly anyklap boljakdygyny aýtdy. Lukman gidensoň, ýüzi öňküsindenem has aladaly hem solgun görünýän hanym Polli Nensiniň ýanyna baryp, Polliannanyň entegem özüne gelmändigini, ýöne ýagdaýynyň birneme gowulaşýandygyny, agşamam ony gözden salmazlyk üçin tejribeli şepagat uýasyny çagyrandygyny aýtdy-da, ýene Polliannanyň ýanyna dolanyp bardy. Nensi bolsa horkuldap aglap, aşhana ýöneldi.

Pollianna diňe ertesi gün özüne geldi. Gabagyny galdyranda, ilki gözi düşeni Polli daýzasy boldy.

— Polli daýza! Maňa näme boldy, Polli daýza? Howa ýagtylyp gidipdir, men bolsa entegem düşegimde ýatyryn. Näme üçin men ýerimden galyp bilemok? — diýip, Pollianna daýzasyndan sorady.

Ol birnäçe gezek turmaga synanyşdy, ýöne ýerindenem gozganyp bilmedi. Ahyrsoňy Pollianna iňňildäp, kellesini ýassyga berdi.

— Mähribanym, özüňe zor salma. Häzirlikçe ýeriňden galmasaň gowy boljak — diýip, daýzasy mylakatlylyk bilen ony köşeşdirmäge çalyşdy.

— Ýöne näme üçin, Polli daýza? Men näme üçin ýerimden galyp bilemok?

Biçäre hanym Polli ýegençisine näme jogap berjegini bilmän, penjiräniň öňünde duran ak ýaglykly şepagat uýasyna ýüzüni öwürdi. Pollianna entek şepagat uýasyny görüp ýetişmändi.

— Oňa düşündiriň — diýip, şepagat uýasy dodaklaryny müňküldedip gürledi.

Hanym Polli dolup duran bokurdagyny arçap, pessaýlyk bilen söze başlady.

— Düýn seni, mähribanym, ulag kakdy. Ýöne indi ähli zat gowy. Häzir sen ýene ukla hem dynjyňy al.

— Ulag kakdymy? Hä, hawa... Indi ýadyma düşdi. Pollianna elini maňlaýyna ýetirdi.

— Näme üçin meň maňlaýym saralgy, näme üçin kelläm agyrýa.

Hanym Polli:

— Barysy ýerbe-ýer, mähribanym! — diýip gaýtalady. — Saňa bary-ýogy biraz... biraz dynjyňy almak gerek.

— Ýöne, Polli daýza, meň bütinleý ugrum ýok. Aýaklarym... Bu nähili beýle... Aýaklarym... Men olary duýamok-la...

Hanym Polli şepagat uýasyna naýynjar garady-da, ýerinden turup, beýlesine bakdy. Şepagat uýasy badabat Polliannanyň düşegine ýakynlaşdy.

— Hany gyzjagaz, gel, ikimiz biraz gepleşeli — diýip, ol şadyýan äheňde söze başlady. — Ilki bilen tanşaly. Adym hanym Hant. Men saňa seredişmäge, daýzaňa ýardam etmäge geldim. Biz şu ak gerdejiklerden başlaýsak, garşy bolup durmarsyň-la. Hany, şujagazlary içip goýber.

Pollianna oňa elheder alyp seretdi.

— Ýöne maňa hiç kimiň garaşyk edenini islämokda... Diýjek bolýanym, beýdip uzak ýatasym gelenok. Men ertir mekdebe gitmeli ahyryn. Ertir mekdebe gidip bilerin gerek?!

Penjire tarapdan hanym Polliniň boguk agy sesi eşidildi.

— Ertirmi? — diýip, şepagat uýasy hanym Polliniň sesini basmak üçin şadyýan seslendi. — Aý, ýok, men seni mekdebe entek-entek goýbermezmikäm diýýän. Hany, sen şu gerdejikleri ýuwudyp goýber, menem olaň saňa nähili täsir edýänini göreýin.

Pollianna başda birneme ikirjiňlenen ýaly etse-de, soňra:

— Bolýa — diýip razylaşdy. — Ýöne birigün mekdebe gidäýmelidirin. Okuw synaglary başlanýa ahyryn, hanym Hant!

Birsalymdan ol hanym Hanta mekdebi, kelleagyrysy, bu ýaramazlyklara sebäp bolan ulag hakda gürrüň bermäge durdy. Soňra ak gerdejikler özüniň täsirini ýetirip başlady, köp wagt geçmänkä, Pollianna süýji uka gitdi.

## XXIV bölüm

## Jon Pendltan

Pollianna ertesi günem, birigünem, soňkusy günem mekdebe gitmedi. Sebäbi ol henizem özüne gelmändi. Özüne gelen pursatlaram, howsala düşüp, ýagdaýlaryny soraşdyryp, sowal baryny ýagdyrýardy. Şeýle ýagdaý bir hepde töweregi dowam etdi. Soňra agyrylary birneme gowşaşdy, gyzgyny düşdi, ahyrsoňy gyzjagaz doly özüne geldi. Şon-

da Polli daýzasy oňa nämeleriň bolup geçendigini gaýtadan düşündirmeli boldy.

— Diýmek, men kesellemändirin-de, ýöne heläkçilige uçrapdyryn-da?! — diýip, Pollianna ýeňillik bilen dem aldy. — Men muň şeýle bolanyna juda begenýän!

Onuň başyny alyp oturan daýzasy:

— Nämä begenýäň?! — diýip, geň galyp sorady.

— Hawa, hanym Snow ýaly, ömürlik düşekde galman ýatanyňdan, jenap Pendltan ýaly, ýöne aýagyňy döwdüreniň has gowy ahyry. Sebäbi jenap Pendltanyň aýagy iru-giç biter, hanym Snow welin, ömürlik düşekde ýatar. Bir otura bolduňmy, saňa hiç zat ýardam etmez.

Döwlen aýaklar hakdaky pikiri diňlän Polli daýzasy tarsa ýerinden galyp, otagyň beýleki çetindäki üstünde geýim-gejim goýulýan stoljugyň ýanyna bardy. Hanym Polli özüniň talapkär we özdiýenli häsiýetiniň gaňryşyna gaýdyp, stoluň üstündäki zatlaryň ýerlerini üýtgedişdirmäge durdy. Onuň solgun, horugan ýüzüne bakyp, dyňzap duran gözýaşlaryny saklamaga jan edýändigine düşünip boljakdy.

Pollianna bolsa şol wagt jenap Pendltanyň bilurjyklarynyň petige düşýän älemgoşara çalymdaş şöhlejiklerinden gözüni aýryp bilmän ýatyrdy.

— Özümiň mama keseli bilen kesellemänligime begenýän — diýip, ol hoşallyk bilen samyrdady. — Bu keselden soň ýüzüňde menekdenem erbet yzlar galýa. Men munuň gökbogma däldigine-de begenýän. Öň gökbogma bilen keselläp görüpdim... Bu diýseň eýmenç kesel. Munuň gyzamyk hem basyk däldigine-de begenýän. Eger şeýle ýokanç keseller ýoluganlygymda size meň ýanymda oturmaga rugsat bermezdiler.

— Mähribanym, görýän welin, sen gaty köp zada begenýäň — diýip, boguk ses bilen dillenen hanym Polli misli köýneginiň ýakasy bogýan dek elini bokurdagyna ýetirdi.

Pollianna jykyr-jykyr güldi.

— Hawa-la. Näme diýseňizle, şu mahal älemgoşara seredip ýatyşyma, gaty köp zada begenip ýetişdim. Men älemgoşarlary juda gowy görýän. Jenap Pendltanyň şol billur şelpejikleri sowgat berenine şeýlebir begenýän. Onsoňam men käbir zady aýtmanyma-da, heläkçilige uçranyma begenýän.

— Pollianna — diýip, hanym Polli haýkyryp goýberdi.

Pollianna gülümjirän bolup, ýaldyrap duran gözlerini daýzasyna dikdi-de:

— Hawa, daýza, begenýän. Sebäbi heläkçilige uçralym bäri, siz hemişe maňa «mähribanym» diýýäňiz. Öň siz maňa hiç haçan «mähribanym» diýmezdiňiz. Men bolsam ýakyn garyndaşymyň maňa «mähribanym» diýenini isleýän. Zenanlaryň ýardamçylyk jemgyýetindäkileriň käbirem maňa «mähribanym» diýerdi, ýöne olaryň aýdyşy özüňe garyndaş adamyň aýdyşy ýaly ýakymly bolmaýarda... Siz bolsa... Wah, Polli daýza, hakyky daýzamdygyňyza men şeýlebir begenýän.

Bu gezek hanym Polliden ses çykmady. Ol ýenede elini bokurdagyna ýetirdi. Onuň gözleri ýaşaryp durdy. Ol hyrra yzyna öwrülip, gapydan atylyp çykdy. Hernä çykyp gitmeziniň öňüsyrasy içerik şepagat uýasy girip ýetişäýdi.

Şol gün agşamara sojap dem alýan Nensi at ýatakda ata goşulýan esbaplary arassalamak bilen meşgullanyp duran goja Tomuň ýanyna ylgaşlap geldi.

— Jenap Tom! Jenap Tom! Näme bolanyny bir bilsediňiz! — diýip, Nensi oňa gözlerini mölerdip bakdy. — Siz muny müň ýyldanam bilmersiňiz! Hawa, jenap Tom, şoň nämedigini müň ýyl pikirlenseňizem bilmersiňiz!

— Aý, onda biljegem boljak däl. Men, barybir, on ýyldan artyk ýaşaman — diýip, goja Tom kinaýa bilen aýtdy. — Gowusy, özüň aýdaý.

— Onda bäriňize gulak goýuň! Şu mahal hanymyň myhman jaýynda kim oturandyr öýdýäňiz?! Hany, aýdyň, kimdir öýdýäňiz?!

Goja Tom başyny ýaýkady.

— Bu sowalyň jogabyny tapmak çetin.

— Kynyňam kyny. Şo taýda Jon Pendltan otyr diýsem ynanarmyň...

— Aý, ýog-a?! A gyz, sen meni oýnajak bolýan-a dälsiň-dä?

— Oýun ýadyma düşenok. Men ony elleri pişekli halda özüm içerik saldym. Ony getiren atlaram, paýtunam häzir gapyda garaşyp dur, hamala, bu ýere hiç kime ýüz bermeýän gyňyr goja däl-de, adaty myhman gelen ýaly. Jenap Tom, ol hanymymyzyň ýanyna myhmançylyga gelipdir!

— Ýogsa-da näme üçin gelmeli dälmişin! — diýip, goja birneme gödeksi seslendi. Nensi muňa seňrigini ýygryp:

— Näme üçindigini özüňiz gowy bilýänsiňiz — diýip, suňşuryp goýberdi.

— Men nämäni gowy bilýärmişim?

— Mönsüremeseňizläň! — diýip, ol ýaňsyly ýylgyrdy. — Bu gürrüňi özüňiz başladyňyz ahyryn.

— Sen näme diýjek bolýaň?

Nensi saraýyň ýarym açyk gapysyndan ätiýaçlyk bilen jyklady. Töwerekde hiç kimiň ýokdugyna göz ýetirensoňam, goja Tomuň has ýakynyna gelip, pyşyrdap diýen ýaly gepledi.

— Diňläň! Hanym Polliniň birmahal bir ýigit bilen halaşandygyny özüňiz aýtmadyňyzmy näme?! Soň bu meseläniň magadyna ýetendirin öýtdüm. Men ikini ikä goşup gördüm, ýöne onuň jemi dört däl-de, bäş çykdy.

Goja Tom goluny salgady-da, işi bilen boluberdi.

— Näme diýsene... — diýip, ol hüňürdedi. — Bir zat aýdasyň gelýän bolsa, gümansyratma-da, gönüle! Seň tapmaçalaryňy çözmekden başga-da işim gyt däl.

Nensi gülen boldy.

— Bolýa-la, jenap Tom! Beýdip gaharlanybermeseňizläň! Gönimden gelsem, men bu hakda käbir zatlar eşitdim, siziň aýdan zatlaryňyzy ýatladym, soňundanam hanym Polli bilen Jon Pendltan birmahal birek-biregi söýüpdir diýen netijä geldim.

— Jenap Pendltan diýdiňmi? — diýip, haýran galan goja Tomuň bükür arkasy bir pursat dimdik boldy.

— Hawa, ýöne men soň özümiň ýalňyşandygyma düşündim. Jenap Pendltan biziň gyzjagazymyzyň ejesini söýen eken. Şol sebäplem ol...

Şu ýerde Nensi Pollianna jenap Pendltanyň özüni gyzlyga almak isländigini hiç kime aýtman diýen şertini ýatlady.

— Hawa, indi munuň ähmiýeti ýok. Soňra men her kimden bu hakda soraşdyryp çykdym, olaryň ählisi biragyzdan: «Hanym Polliniň ýek ýigrendigi jenap Pendltan» diýdi. Ol bary-ýogy on sekiz ýa-da ýigrimi ýaşyndaka, ikisiniň aşyk-magşuklardygy hakda tutuş şähere gep ýaýrapdyr. Şondan bärem hanym Polli oňa ýüz bermeýämiş.

— Hawa-hawa, ýadyma düşýä — diýip, goja Tom baş atdy. — Bu waka hanym Jenniniň oňa razylyk bermän, başga bir ýigit bilen gaçyp gideninden üç-dört ýyl geçensoň bolupdy. Hanym Polli jenap Pendltana ýürekden gynandy, ony köşeşdirmek isledi. Onuň bilen mylakatly bolmaga çalyşdy. Megerem, ol çendenaşa mylakatly bolandyr. Belkem, ol uýasyny alyp gaçan şol ruhany ýigidi halys ýigrenensoň şeýdendir. Soňam bolgusyz gepler ýaýrap başlady. Olar «Hanym Polli jenap Pendltanyň başyny-gözüni aýlamak isleýämiş» diýip gep etdiler.

Nensi:

— Başyny-gözüni aýlajak bolupmy?! Hanym Pollimi? — diýip, onuň sözüni böldi.

— Hawa. Muňa menem ynanmadym. Ýöne bu gep tutuş şähere ýaýrady. Haýsy özüne gówni ýetýän edepli maşgala muňa çydam edip biler öýdýäň? Ýogsa onuň şol mahal halaşýan ýigidem bardy. Şeýle myş-myşlardan soň, ikisi oňuşman başlady. Şondan bärem onuň kapasa salnan guş deýin bus-bus bolup ýörşi. Onuň ýüregi daşa dönen ýaly boldy.

— Hawa, ýadymda. Men bu gürrüňleri eşidipdim. Şonuň üçinem ony gapyda göremde tas güpürdäp ýere ýykylypdym. Hanym Polli oňa, gör, näçe ýyllap ýüz bermän gelipdir. Ony içerik saldym, soňam hanym Pollä habar berdim.

Goja Tomuň tolgunmakdan ýaňa demi tutuldy.

— Ýeri, — onsoň ol näme diýdi?

— Başda hiç zat diýmedi. Sessiz-üýnsüz gymyldaman oturansoň, eşitmedik bolaýmasyn diýip, ikilenç gaýtalajak bolup durdumam welin: «Jenap Pendltana häzir aşak düşýändigimi habar ber» diýdi. Menem gidip, jenap Pendltana onuň häzir gelýändigini aýtdym, soňam muny size gürrüň bermek üçin howlukmaçlyk bilen bärik gaýtdym — diýip, sözüni tamamladym eden Nensi gaýtadan daşaryk göz aýlady.

«Hm-m» diýmek bilen oňan goja Tom işine gümra boluberdi.

Jenap Pendltan Harriňton mülküniň myhman jaýynda uzak oturmaly bolmady. Tiz wagtda aýak sesi eşidildi hem myhman jaýynyň işiginde hanym Polli peýda boldy. Jenap Pendltan ýerinden galjak bolup pişeklerine daýananda, hanym Polli eliniň hereketi bilen oturyň diýen yşarat etdi, ýöne oňa elini uzatmady, agraslygyny saklady.

— Men Pollianňanyň ýagdaýyny soraýaýyn diýip geldim — diýip, jenap Pendltan kesgin gepledi.

— Sag boluň! Onuň şol bir taby.

— Oňa näme bolýanyny beri aýdyň ahyry.

Bu gezek onuň sesi sandyrady. Hanym Polliniňem sowukganlylygy el bilen aýrylan ýaly boldy.

— Aýdyp bilemok... Näler islesemem, aýdyp bilemok...

— Siz oňa näme bolýanyny bilemok diýjek bolýaňyzmy?!

— Hawa.

— Lukman näme diýýä?

— Lukman Worreniň idilli bilýän zady ýok. Ol nýu-ýorkly bir hünärmene ýüz tutdy. Olar ýakyn wagtda maslahat etmek üçin duşuşmakçy.

— Niresine şikes ýetenini beri bilýänsiňiz ahyry?

— Kellesinde sypjyryk bar, birki ýeri gögeripdirem... hem oňurgasyna şikes ýetipdir. Ähtimal, aýak ysmazlygyna-da bu şikes sebäp bolandyr.

Jon Pendltan «Toba-tagsyr» diýenini-de duýman galdy. Birsalym ne ondan, ne-de hanym Polliden ses çykdy. Soňra jenap Pendltan sakyna-sakyna:

— Pollianna nähili? Oň özi beri muny bilýämi? — diýip sorady.

— Ýok, entek özüne näme bolýanyna düşünenok... menem... menem oňa aýdyp biljek däl.

— Ol hiç zat aňanokmy?

Hanym Polli bu gezegem soňky wagtlar endik bolup giden hereketine ýüz urdy, elini bokurdagyna ýetirdi.

— Diňe aýagy döwlendir öýdýä. Özem aýagynyň siziňki ýaly döwlendigine begenýändigini aýdýa. Ol bir ýeriň döwülse, onuň iru-giç bitýändigini, ýöne hanym Snow ýaly otura bolsaň welin, ömrüň ahyryna çenli düşekde ýatmaly bolýandygyňy aýdýa. Ol muny ýöne... ýöne gaýtalap dur. Men-ä, dogrusy, bahym hasratdan ýaňa ölermikäm öýdýän.

Gözleriniň öňi ýaşaryp duran-da bolsa, jenap Pendltan hanym Harriňtonyň gaýgy-gamdan ýaňa solup giden ýüzüni aýyl-saýyl saýgardy. Ol hanyma garap durşuna, gyzjagazyň öz ýanyna göçüp gelmegi üçin soňky gezek ýalbaranda, Polliannanyň aýdan sözlerini ýatlaman bilmedi. «Wah, jenap Pendltan! Indi men Polli daýzamy taşlap biljek däl-dä».

Ol güýjüni bir ýere jemläp, kynlyk bilen gepledi.

— Hanym Harriňton, siz Polliannanyň ýanyma göçüp gelmegi üçin oňa nähili ýalbaranymy bilýänem dälsiňiz.

Hanym Polli:

— Polliannany? Ýanyňyza çagyrdyňyzmy? — diýip, ör-gökden geldi.

Onuň äheňi myhmanyň degnasyna degen-de bolsa, ol sözüni diýseň parahat äheňde dowam etdirdi:

— Hawa, men ony özüme gyzlyk almak isledim. Resmi taýdan. Ony mirasdüşerim etmekçidim.

Myhmanyň gabat garşysynda oturan hanym Polli birneme köşeşdi. Sebäbi ol öz ýanyndan Pollianna birden onuň gyzy bolmaga razylyk beräýse, bol-telki durmuşda ýaşar diýip oýlandy. Häzir hanym Polliniň ýeke-täk ünjüsi bardy. Olam Polliannanyň bu adamyň baýlygynadyr wezipesine gyzyp, onuň özüne çekiji teklibini kabul edip-etmänligidi.

— Näme diýseňizläň, men Pollianna halys öwrenişipdirin — diýip, jenap Pendltan gürrüňini dowam etdirdi. — Onuň özünem, gylyk-häsiýetinem gowy görýän... Onsoňam ejesiniň hatyrasyna... Men bu gyzjagaza ýigrimi bäş ýyllap dowam eden ýalňyzlygyň döwründe toplanan söýgimiň ählisini bagyş etmäge taýýar.

«Söýgi». Bu sözi eşidip, hanym Polli birden gyzjagazy nähili duýga esaslanyp ýanyna alandygyny ýatlady. Bu ýatlama bilen birlikde Polliannanyň şu gün irden aýdan sözlerem onuň gulagynda ýaňlanyp gitdi. «Öz ýakynlarymyň maňa «mähribanym» diýip ýüzlenenini isleýän». Diýmek, yssy mähire zar bolan gyzjagaza ýigrimi bäş ýylyň içinde pürepür bolup giden söýgini teklip edipdirler-dä. Ol beýle teklipden ýüz öwrüb-ä bilmeli däl. Şu ýerde-de hanym Polliniň ýüregi sanjyp gitdi. Onuň tutuş süňňi lagşan ýaly boldy, sebäbi ol ýene bir ajy hakykata, ýagny bu gyzjagazy ýitirse, öz ýaşaýşynyň manysynam ýitirjekdigine göz ýetirdi.

Ahyrsoňy hanym Polli:

— Ýeri, onsoň? — diýip sorady.

Bu sowal diýseň gödek çykanam bolsa, jenap Pendltana onuň sowukganly äheňiniň aňyrsynda nähili duýgularyň baslygyp ýatandygyny aňmak kyn düşmedi.

— Ol razy bolmady.

— Näme üçin razy bolmady?

— Oň sizi taşlasy gelmedi. Pollianna siziň oňa çäksiz ýagşylyk edeniňizi aýtdy. Ol sizden aýrylyşmak islemedi, siziňem oň öz ýanyňyzda bolmagyny isleýändigiňizi aýtdy — diýip, jenap Pendltan kynlyk bilen ýerinden turdy. Ol hanym Polliniň ýüzüne göni garamakdan çekinip, gapa tarap ýöneldi. Ol bosaga ýakynlaşyberende, ýeňsesindäki howlukmaç aýak seslerini eşitdi. Onuň deňinde aýak çeken hanym Polli sandyr-sandyr edýän elini oňa tarap uzatdy.

— Nýu-Ýorkdan hünärmen lukman gelip, Polliannanyň ýagdaýy hakynda belli bir netijä gelensoň, men sizi hökman habardar ederin — diýip, zordan dillenen hanym Polli häzir möňňürip aglaberjege çalym edýärdi. — Gyzjagazyň halyndan habar alanyňyz üçin sag boluň! Pollianna muny eşitse, gaty begener. Sag-aman baryň onda! — diýip, ol jenap Pendltanyň elini berk gysdy.

## XXV bölüm

## Garaşmak oýny

Jon Pendltanyň Harriňton mülküne gelip giden gününiň ertesi, hanym Polli barlamaga geljek hünärmen lukman hakda Polliannany habardar etse gowy bolar diýip pikirlendi.

— Pollianna, mähribanym — diýip, ol mylakatlylyk bilen söze başlady. — Biz lukman Worren bilen seň üçin ýene bir lukmany çagyrmaly diýen netijä geldik. Belki, ol seň has bahym aýaga galmagyň üçin nämedir bir zatlary aýdar.

Polliannanyň ýüzi ýagtylyp gitdi.

— Lukman Çiltony çagyrdyňyzmy? Polli daýza, meni görmek üçin lukman Çiltonyň geljegine şeýlebir begenýän. Ony bireýýämden bäri göresim gelýädi. Ýöne şol gün sizi eýwanda göreni üçin ony çagyrmarsyňyz öýdemsoň... Hernä çagyrypsyňyz. Men muňa şeýlebir şat, Polli daýza!

Hanym Polliniň ýüzi birbada agardy, soňra gyzardy, ahyrsoňam gaýtadan agardy. Ýöne şonda-da öňküsi ýaly parahat hem mylakatly gürledi:

— Ýok-ýok, mähribanym. Men lukman Çiltony däl-de, düýbünden başga kişini göz öňünde tutýan. Seni bejermek üçin Nýu-Ýorkdan tanymal lukman gelýä. Ol ýörite seňki ýaly şikesler bilen meşgullanýa.

Polliannanyň gülüp duran ýüzi tukatlandy.

— Men-ä şol geljek lukman Çiltonyň ýarysyçada bilýändir öýdemok — diýip, ol pert gepledi.

— Beý diýme, mähribanym, ol öz işine ökde adam.

— Ýöne lukman Çilton jenap Pendltanyň döwlen aýagyny bejermedimi näme! Onuň aýagy eýýäm gutulyp gelýä. Eger mümkin bolsa, Polli daýza, lukman Çiltony çagyraýyň-da!

Hanym Polli ýene-de boz-ýaz boldy. Ol näme diýjegini bilmän birsalym geplemän oturdy, ahyrsoňy dillenende bolsa, öňküsi ýaly mylakatly gürlese-de, onuň labzynda hemişeki gylygyna mahsus kesgitlilik hem tutanýerlilik duýuldy.

— Ýok, Pollianna, munyň bilen ylalaşyp biljek däl. Men seň üçin bar zada taýýar... Ýöne aýdyp bolmaýan käbir ýagdaýlar sebäpli, lukman Çiltony çagyryp biljek däl. Onsoňam, çynymy aýdýan, ol seň şikesiň barada Nýu-Ýorkdan geljek tanymal lukmança bilýän däldir.

Daýzasy hernäçe saldamly gürlese-de, Polliannanyň lukman Çiltona bolan ynamyny sähelçe-de egsip bilmedi.

— Wah, Polli daýza, sizem lukman Çiltony gowy görsediňiz...

— Nämeler samahyllap otyrsyň? — diýende Polli daýzasynyň sesi bu gezek düýpgöter kesgin çykdy. Ol diýseň gaharly görünýärdi, ýaňaklary bolsa lap-lap gyzarypdy.

— Eger siz nýu-ýorkly lukmany däl-de, lukman Çiltony gowy görsediňiz, onam bu ýere çagyrsadyňyz, ol diňe bir şikesime seretmek bilen çäklenmän, eýsem, menem begendirerdi diýjek boldum.

Şu pursat içerik şepagat uýasy girdi, muny sypalga hökmünde kabul eden hanym Polli ýeňillik bilen dem alyp, bada-bat ýerinden turdy.

— Gynansagam, bu mümkin däl, Pollianna — diýip, ol birneme sowuklaç jogap berdi. — Bu meseläni özüm çözerin. Onsoňam nýu-ýorkly lukmana eýýäm, habar iberildi. Ol ertir gelýä.

Ýöne nýu-ýorkly lukman ertesi gara bermedi. Sebäbi lukmanyň özüniň duýdansyz nähoşluk tapandygy we näbelli bir wagta çenli gelip bilmejekdigini habar berýän hat geldi. Muny eşidensoň, Polliannanyň lukman Çiltony çagyrmak islegi hasam artdy.

— Bolýa-la, Polli daýza! Ony çagyrmak kyn zat däl-ä!

Ýöne ýegençisiniň ähli haýyşyny ýerine ýetirýän Polli daýzasynyň bu ýumşy bitiresi gelmedi.

Günlerde bir gün säher wagty Nensi:

— Men hiç ynanyp bilemok. Başga birinden eşiden bolsam asla ynanmazdym — diýip, goja Toma gürrüň berdi. — Ýöne gözüň bilen görüp durkaň nädip ynanmajak?! Hanym Polli görgüli gyzjagazymyzy ýeke salymam ýalňyz goýanok. Ol ýegençim üçin başga näme edip bilerkäm diýip, onuň töwereginde janserek bolýa. Hawa, jenap Tom, hanym uzakly gün onuň başujuny alyp otyr. Meselem, Flaffi bilen Baffini alyp göreliň. Bir hepde mundan ozal olary asla otaga-da salmazdy, häzir welin, hanym Polli olara Polliannanyň düşeginde oýnamaga rugsat berýä. Ol muny biziň gyzjagazymyza hoş ýakýandygy üçin şeýdýä. Eliniň boş mahallary bolsa, gyzjagazymyzyň aýdyşy ýaly «älemgoşarlary tans etdirmek üçin» penjiredäki billur şelpejikleriň ýerlerini üýtgedişdirýä. Ol terje gülleri alyp gelmek üçin Timotini eýýäm üçünji gezek ýylydyşhana iberdi. Onuň özem ýegençisi üçin birgiden gül çemenini bogýa. Düýn bolsa gözlemme ynanyp bilmedim. Şuňa sizem ynanmazdyňyz, jenap Tom! Düýn hanym Polli Polliannanyň düşeginiň öňünde otyr, şepagat uýasam onuň saçyny daraýar. Hanym Pollianna bolsa oňa daýzasynyň saçyny nädip daramalydygyny öwredýä. Indi hanym Polliniň özem her gün saçyny ýegençisiniň isleýşi ýaly bejerýär. Ol bu zatlary diňe gyzjagazymyzyň göwni üçin edýä.

Goja Tom pikire gidip, ýylgyrdy.

— Hanym Polli saçyny üýtgedip, oňarypdyr. Maňlaýyna düşüp buýra-buýra bolup duran saçlary oňa diýseň gowy gelişýä.

— Gaty dogry aýdýaňyz — diýip, Nensi onuň bilen razylaşýan şekilde yzly-yzyna baş atdy. — Indi adama meňzäp başlapdyr. Ol häzir gelşikli görünmänem...

— Men saňa öňem aýdypdym ahyryn — diýip, goja Tom dabara bilen onuň sözüni böldi. — Ýadyňa düşýärmi, men saňa ol birmahal diýseň owadan gyzdy diýipdim.

— Men oňa edil perizat diýib-ä biljek däl — diýip, Nensi eginlerini gysdy. — Ýöne buýra zülpleri, tornagyşly köýnekleri, Polliannanyň dakynmaga mejbur edýän gelşiklije zynatlary ony has görmegeý görkezýä.

— Men saňa ol daşyndan görnüşi ýaly beýle bir garry däl diýip aýdypdym ahyry.

Nensi jykyr-jykyr güldi.

— Hawa, dogrymdan gelsem, jenap Tom, ol indi öňküsi ýaly garry kempire meňzänok. Hanym Pollianna geleni bäri ol tanalmaz derejede üýtgedi. Ýogsa-da, jenap Tom, onuň halaşan ýigidi kimkä? Şony entegem anyklap bilemok. Anyklap bilmänimi size-de aýdýan, jenap Tom!

Goja bagban:

— Diýmek, entegem bilmänsiň-dä — diýip, oňa ýeserlik bilen garady. — Beýle bolsa, meňem saňa hiç zat aýtmajagym ikuçsuz.

— Bolýa-la, jenap Tom! Aýdaýyň-da! — diýip, ýaş gyz ýalynjaňlyk etmäge durdy. — Muny sizden eşitmesem, başga kimden bileýin?!

Goja Tom:

— Eger menden başga hiç kim bilmeýän bolsa, diýmek, sen muny hiç mahalam eşitmersiň — diýip ýylgyrdy. Birdenem onuň gözleriniň şöhlesi öçen ýaly boldy.

— Sen, gowusy, biziň gyzjagazymyzdan habar bersene — diýip, ol sözüniň üstüni ýetirdi.

Başyny ýaýkan Nensiniňem ýüzi birdenkä sülleren ýaly boldy.

— Şol bir taby, jenap Tom. Hiç kim düýp sebäbine göz ýetirip bilenok. Ol uzakly gününi düşekde geçirýä, ýatýa, bir zatlaň gürrüňini edýä, Aýyň ýagty saçyşyna, Günüň batyşyna we şuňa meňzeş zatlara begenmäge çalyşýa.

— Düşnükli, ol şol oýnuny oýnamaga çalyşýandyr. Goý, Taňry onuň näzik kalbyny öz penasynda gorap saklasyn!

Nensi:

— Diýmek, ol şol oýny hakda size-de aýdypdyrda — diýip, geň galyp sorady.

— Hawa, birmahal aýtdy.

Goja bagban başda gözlerini açalak-ýumalak edip, säginen ýaly etse-de, soňra sözüni dowam etdi.

— Bir gezek men onuň ýanynda biliminiň bükükdiginden hem-de hiç mahal dim-dik durup bilmeýänligimden zeýrendim. Şonda ol maňa näme diýendir öýdýäň? Biljek bol, hany.

— Biljek däl. Muň nämesine begenip boljagyna düşünýän däldirin — diýip, Nensi gönüsinden geldi.

— Biziň gyzjagazymyz bolsa munuň begenip boljak tarapyny tapdy. Ol biliminiň ozalam ýarym bükükligi sebäpli, otamak üçin gaty öňe egilmeli bolmaýandygyma begenmelidigimi aýtdy.

Nensi kinaýaly ýylgyrdy.

— Aslynda, muňa geň galybam baramok, düýbünden geň göremok. Sebäbi gyzjagazymyz her bir zadyň begenip boljak tarapyny hökman tapýa. Bu oýny başlan ikimiz ahyry. Şo mahallar onuň bilen bu oýny oýnajak bolýan adamam ýokdy... Ýöne ol daýzasy bilen oýnasynyň gelýänini yzygiderli nygtaýardy.

— Hanym Polli bilenmi?

Nensi güldi-de:

— Görýän welin, sizem hanym hakda meň bilen birmeňzeş pikirde öýdýän — diýip, gönüläp goýberdi.

Goja Tom boz-ýaz boldy.

— Men bary-ýogy bu oýun hanym Pollini haýran galdyrardy diýjek boldum — diýip, ol sowuksala jogap berdi.

— Dogry, hanym Polli başda haýran galsa-da galardy, ýöne häzir welin, şeý diýip biljek däl, jenap Tom. Indi ondan herki zada garaşyp bileris. Birden ol «Begenmek» oýnuny oýnap başlaýsa-da, geň galmazmykam diýýän.

— Häzire çenli daýzasyna bu oýun hakda hiç zat aýtmandygyna ynanyp bilemok. Onuň bu oýnuny bilmeýän ýok bolsa gerek. Pollianna heläkçilige uçraly bäri, tutuş şäher onuň «Begenmek» oýnuny dilinden düşürenok.

— Hawa, hanym Polli bu oýundan häzirem habarsyz. Hanym Pollianna daýzasynyň öz ýanynda kakasy hakda gürrüň bermegi gadagan edendigini aýdypdy. Bu oýnam merhum jenap oýlap tapansoň, kakasyny agzaman, bu oýun hakda gürrüň berip bolanokmyş.

Goja Tom:

— Indi ähli zat düşnükli boldy — diýip, baş atdy. — Olar ruhanynyň hanym Jennini alyp gideni üçin ony hiç bagyşlap bilenoklar. Muňa hanym Polli hasam hapa bolupdy... Ol hanym Jennini diýseň gowy görerdi. Bu zatlary ýatlamak nähili agyr

düşýä — diýip, uludan demini alan goja bagban Nensiden ýüzüni öwürdi.

Nensi:

— Şeýledir-şeýledir — diýip, goja bagbandan bäş beter uludan demini aldy-da, aşhana ýöneldi.

Geçen günler hiç kim üçin ýeňil bolmady. Şepagat uýasy näçe şadyýan hem şähdaçyk görünmäge çalyşsa-da, kalbyndaky howsala ýüzüne çykypdy. Lukmanyňam gün-günden keýpi gaçýardy. Hanym Polli-de agzyna suw alan ýalydy, hatda buýra saçlarydyr tornagyşly köýnegem, onuň gün-günden horlanyp, sülleryänini gizläp bilenokdy. Pollianna hakynda aýdylanda bolsa, ol güjügi bilen oýnardy, pişiginiň mymyjak başyny sypalardy, güllerden lezzet alardy, dost-ýarlarynyň iberen ir-iýmişlerindendir süýjilerinden iýerdi, aladadyr mähire ýugrulan köpsanly hatlara şadyýan jogaplary ýazmaga çalşardy. Barybir, iňňä sapaýmaly bolan Polliannanyň kalbynda-da çäksiz hasratyň ýer alanyny aňmak kyn däldi. Naşyja elleriniňdir barmaklarynyň dynuwsyz hereketi onuň birmahal bir ýerde durmadyk, häzir welin, ýorganyň aşagynda mejalsyz ýatan aýaklarynyň öwezini dolmak isleýäne çalym edýärdi.

«Begenmek» oýnuna gezek gelende bolsa, Pollianna Nensä, ýene-de mekdebe gatnap başlanda, hanym Snowuňkadyr jenap Pendltanyňka myhmançylyga gidende ýa-da lukman Çilton bilen paýtunda gezelenç edende nähili begenjekdigini aýdardy.

Ýöne ol bu begençleriň häzirki ýagdaý bilen däl-de, geljek döwür bilen baglanyşyklydygyna düşünmeýärdi. Nensi welin, ähli zada düşünip, aňyrsyna geçip durdy. Ol ýylgyryp, gyzjagazyň her bir sözüni makullardy, ýeke özi galanda bolsa aglap, içini sowadardy.

## XXVI bölüm

### Çalarak açyk galan gapy

Nýu-Ýorkly hünärmen lukman Mid garaşylan wagtyndan bir hepde giç geldi. Pollianna bu uzyn boýly, ala gözi mähirli, eginlek adamy gören badyna sulhy aldy. Gyzjagaz hemişeki gylygyna eýerip, muny aýtman durup bilmedi.

— Siz meň lukmanyma meňzeýäňiz — diýip, ol mähirli seslendi.

Lukman Mid birneme beýleräkde şepagat uýasy bilen gepleşip duran lukman Worrene haýran galyp seretdi. Onuň geň galmagy ýöne ýere däldi. Gysga boýly, goňur çokga sakgallyja goýungöz lukman Worreniň özüne meňzeýän ýeri ýokdy.

Onuň pikirini aňan Pollianna:

— Men muň gürrüňini edemok! — diýip ýylgyrdy. — Jenap Worren Polli daýzamyň lukmany. Meň diýýänim lukman Çilton!

— Hä-ä — diýip, lukman Mid ýaňaklary çymgyzyl bolan hanym Pollä seretdi.

— Hawa... Sizi şoňa meňzedýän.

Pollianna sähel salym sägindi, soňra hemişeki ýaly gönüledi.

— Çynymy aýtsam, men siziň däl-de, lukman Çiltonyň gelerini isläpdim, ýöne Polli daýzam garşy çykdy. Ol meňki ýaly döwük-ýenjiklere gezek gelende siziň lukman Çiltondan has köp bilýäniňizi aýtdy. Eger, hakykatdanam, şeýle bolsa, onda men siziň geleniňize juda begenýän.

Lukmanyň ýüzi üýtgeşik çytylyp gitdi. Pollianna munuň sebäbine düşünip bilmedi.

— Muny diňe wagt görkezer — diýip, lukman mylakatly jogap berdi.

Soňra ol tutuk nazaryny ýakynyna gelen lukman Worrene gönükdirdi.

Şondan soň bolan wakada her kim pişijegi günäläpdi. Belki, bu, hakykatdanam, şeýledir. Sebäbi Flaffi Polliannanyň otagyna girjek bolup, ozalam doly ýapylmadyk gapydan içerik penjesinidir burnuny sokmadyk bolsady, gapam sessizüýnsüz iki garyş dagy açylmadyk bolsady, onda Pollianna hanym Polliniň sözlerini eşitmese-de-eşitmezdi.

Şol mahal iki sany lukman, şepagat uýasy hem hanym Polli geçelgede gepleşip durdular. Flaffi enaýy myrlap, ýaňybir düşekçäniň üstüne böküpdem welin, Polliannanyň gulagyna daýzasynyň hasratly sesi geldi.

— Bolup bilmez! Lukman Mid, beýle zat bolup bilmez! Wah, biçäre gyzjagaz... biçäre gyzjagaz gaýdyp hiç mahal ýöräp bilmezmi indi?

Şondan soňra turdy bir başagaýlyk. Ýatylýan otagdan Polliannanyň eýmenç sesi eşidildi.

— Polli daýza! Polli daýza!

Şu ýerde-de hanym Polli gapynyň çalarak açyk durandygyny gördi. Ýegençisiniň ähli zady eşidendigine şek-şübhe ýokdy. Şol pursat hanym Polli naýyjar iňňildedi-de, ömründe ilkinji gezek özünden gitdi.

— Ol barysyny bilýä. Eşitdi! — diýip, hyklap zordan dillenen şepagat uýasy gyzjagazyň ýanyna howlukdy. Lukmanlaryň ikisem hanym Polliniň ýanynda galdy. Dogrusyny aýtsaň, lukman Midiň

başga çäresem ýokdy. Sebäbi özünden giden hanym Polli hut onuň gujagyna ýykylypdy. Elini-aýagyny ýitiren lukman Worren bolsa näme etjegini bilmän aljyrap durdy. Şepagat uýasy erjellik bilen daýzasyny çagyrýan Polliannanyň ýanyna girip, gapyny ýapansoň, iki lukman umytsyz göreçlerini biri-birine dikdi-de, bihuş ýatan zenany huşuna getirmäge synanyşdy.

Ýüzi duw-ak bolan Polliannany görüp, şepagat uýasynyň ini tikenekläp gitdi. Onuň gapdaljygynda çal pişik otyrdy. Ol gyzjagazyň ünsüni çekjek bolup, aldygyna mawlaýardy, ýöne häzir Pollianna oňa barmysyňam diýenokdy.

Onuň gapyda peýda bolanyna mähetdel Pollianna:

— Hanym Hant! Hanym Hant! — diýip gygyrdy. — Hany, Polli daýzam? Häziriň özünde ony çagyryň!

Hanym Hant gapyny jebis ýapyp, gyzjagazyň ýakynjagyna bardy. Ýüzüniň reňki öçen şepagat uýasynyňam haly harap görünýärdi.

— Daýzaň... daýzaň şu mahal gelmäge ýagdaýy ýok. Ol... ol biraz soňrak geler. Häzirlikçe, näme gerek bolsa, maňa aýdaý!

Pollianna:

— Siziň haýryňyz degmez — diýip başyny ýaýkady. — Men onuň ýaňyja näme diýenini biljek bolýan. Ony sizem eşitdiňiz, şeýle gerek?! Näme üçin beý diýdikä?! Goý, Polli daýzam onuň ýalandygyny aýtsyn.

Şepagat uýasy bir zatlar diýip, ony köşeşdirmek isledi, ýöne dili diýenini etmedi. Iň erbet ýerem, ol öz duýgularyna basalyk bolup bilmedi. Şonuň üçinem Pollianna ýagdaýynyň nähili çykgynsyzdygyna bir bakyşda düşündi.

— Onda, sizem eşidipsiňiz-dä, hanym Hant! Diýmek, hakykatdanam, şeýlemi?! Men indi hiç haçan ýöräp bilmenmi?! Ýok, beýle bolmaga haky ýok, haky ýok — diýip, Pollianna elleri bilen ýüzüni ýapdy.

Şepagat uýasy:

— Hany, köşeş, mähribanym, köşeş! — diýip, zordan gepledi. — Belki, ol hiç zat bilýän däldir ýa-da ýalňyşýandyr. Her hili zat bolup biler ahyry.

— Ýöne Polli daýzam «Lukman ähli zady bilýä» diýdi. Ol lukman Midiň meňki ýaly döwlen aýaklary bejermäge ökdedigini aýtdy.

— Hawa-hawa, gadyrdanym. Ony menem eşitdim. Dogry, ol gowy lukman. Ýöne kämahal ökde lukmanlaram ýalňyşyp bilýä. Sen, gowusy, bu hakda pikir etmejek bol!

Pollianna akylyndan azaşan dek ellerini hallanlatdy.

— Nädip pikir etmäýin — diýip, ol horkuldap aglamaga başlady. — Dagy nämäň pikirini edeýin?! Indi hiç mahal mekdebe gatnap bilmerin, jenap Pendltanyňka myhmançylyga gidip bilmerin, hanym Snowy görüp bilmerin. Men gaýdyp hiç ýere gidip bilmen!

Ol birsalym tutuş göwresi bilen sarsyp, sojap-sojap aglady. Birdenem tapba sesini kesip, şepagat uýasyna gözlerini mölerdip seretdi.

— Hanym Hant! — diýip, ol öňküdenem beter lapykeç halda seslendi. — Indi men begenmegimem bes ederin ahyry. Ýöräp bilmeseň, nämä begenjek?

Hanym Hant «Begenmek» oýnundan habarsyz bolan az sanly adamlardandy. Ýöne tejribeli şepagat uýasy hökmünde hassasyny häziriň özünde köşeşdirmelidigini welin magat bilýärdi. Şonuň üçinem ol özüniň ynjalyksyzlygyna hem sussupesligine garaman, eli rahatlandyryjy dermanly Polliannanyň gaşynda häzir boldy.

— Hany-hany, mähribanym, şu gerdejigi içip goýber bakaly — diýip, ol Polliannany köşeşdirmäge durdy. — Biz biraz dynjymyzy alaly. Soňam näme etmelidigini oýlanyşybereris. Kämahal ýagdaýlar daşyndan görnüşi ýaly beýle bir çykgynsyzam bolmaýa. Durmuşda her hili zat bolýa, mähribanym.

Pollianna diýen edijilik bilen dermany agzyna atdy, yzyndanam hanym Hantyň uzadan bir kürüşge suwuny içdi.

— Hawa, kakamam şeý diýerdi — diýip, gyzjagaz ýaşaryp duran gözlerini açalak-ýumalak etdi. — Olam şunuň ýaly ýagdaýlary göz öňünde tutan bolmaly. Ol köplenç durmuşda beterinden beter zatlaryň bolýandygyny aýdardy. Ýöne hiç kim kakama onuň ýöräp bilmejegini aýtmandy. Ýöräp bilmezlikden beter näme bolup bilerkä?!

Bokurdagy dolup duran hanym Hantdan ses çykmady.

(Dowamy bar).

Iňlis dilinden terjime eden
Timar MÄMMETGURBANOWA



Eleanor PORTER,
amerikan ýazyjysy



# Pollianna

(Roman)

*(Soňy. Başlangyjy žurnalyň geçen sanlarynda).*

## XXVII bölüm

### Iki myhmançylyk

Lukman Midiň gelen netijesini jenap Jon Pendltana ýetirmek wezipesi Nensä ynanylypdy. Hanym Polli jenap Pendltana habardar etmek hakda beren wadasyny unutmandy. Özüniň baryp aýtmag-a beýlede dursun, adyndan hat ýazmagam hanym Polli üçin bolup bilmejek zatdy. Şonuň üçinem ol Pendltan mülküniň hojaýynynyň ýanyna Nensini ugratdy.

Başga bir wagt bolanlygynda munuň ýaly ýumuş üçin Nensi guş bolup uçardy. Sebäbi jenap Pendltanyň syrdan doly öýünde bolmak, onuň hojaýynyny ýakyndan synlamak mümkinçiligi günde-günaşa gabat gelip duranok ahyry! Ýöne şu mahal haly teň Nensiniň daş-töweregini synlamaga ýagdaýy ýokdy. Ol myhman jaýynda peýda bolan jenap Pendltanyň ýüzüne-de zordan bakdy.

Ol öý eýesiniň soragly garaýşyna:

— Men Nensi, jenap — diýip, edep bilen jogap berdi. — Hanym Harriňton hanym Polliannanyň ýagdaýyny aýtmak üçin meni iberdi.

— Gaty gowy!

Sesi nähili zoňtar çykanam bolsa, Nensi onuň tolgunýandygyny duýdy.

— Wah, jenap, ýagdaýlar düýbünden gowy däl. Tersine, gaty erbet — diýip, ol horkuldaberdi.

— Ýok, bolup bilmez...

Jenap Pendltan sözüni tamamlap bilmän sägindi. Nensi welin, tukatlyk bilen başyny sallap, sözüni dowam etdi.

— Hawa, jenap! Lukman onuň gaýdyp hiç mahal ýöräp bilmejegini aýtdy.

Şundan soň olaryň hiç biri-de geplemäge gaýrat tapmady. Myhman otagda esli salym dymyşlyk höküm sürdi. Ahyrsoňy jenap Pendltan zordan dillendi.

— Görgülijik! Wah, görgüli gyzjagaz!

Nensi onuň ýüzüne geň galyp seretdi, soňra ba-da-bat aşak bakdy. Ol Jon Pendltan ýaly yzgytsyz hasaplanýan kişiniň ýürekden gynanyp bilşine haýran galdy.

Ol birsalym oýa batyp oturansoň, şol öňki pessaý hem sandyraýan sesi bilen sözüni dowam etdirdi.

— Muň özi barypýatan adalatsyzlyk bolýa ahyryn. Diýmek, ol indi Gün şöhlesiniň astynda hiç haçan tans edip biljek däl-dä?! Wah, billur şelpejikleriniň muşdagy bolan görgüli gyzjagazym!

Ol ýene dymdy. Soňra:

— Onuň özi bu zatlardan bihabardyr-la?! — diýip, garaşylmadyk sowaly berdi.

— Wah, bar gepem onuň şony bilýänliginde-dä — diýip, Nensi boýur-boýur gözýaş dökdi. — Garaz, bijaý boldy. Ol ähli zady eşitdi. Wah, şol pişigi ýer ýuwutsa bolmaýamy? Wiý, bagyşlaweriň! — diýip, gyz bada-bat ötünç sorady. — Pişik jebis ýapylmadyk gapyny açypdyr diýjek boldum. Hanym Pollianna-da olaryň gürrüňini eşidipdir.

Jenap Pendltan:

— Wah, meň görgüli gyzjagazym! — diýip, uludan demini aldy.

— Hawa, jenap. Ony gözüňiz bilen görsediňiz, «görgüli» sözüniň dagy gaty bärden gaýdýandygyna düşünerdiňiz. Gönimden gelsem, şondan soň özümem ony bary-ýogy iki gezek gördüm. Ýöne şoň özem kalbymy paralamaga ýeterlik boldy. Munuň özi onuň üçin garaşylmadyk urgy boldy. Indi ol başaryp bilmejek zatlarynyň pikirini edýä. Başaryp bilmejek zatlarynyň sany artdygyça-da, onuň haly teňleşýä. Ol indi hiç zada begenip bilmejegini bilip, oda-köze düşýä... Wiý, ýogsa-da siz onuň oýny hakda hiç zat bilýänem dälsiňiz?!

— «Begenmek» oýnumy? Ol maňa muny aýdyp beripdi.

— Görýän welin, bu oýny bilmeýän ýok öýdýän. Ýaman ýeri, ol indi bu oýny oýnap bilenok. Ol hernäçe kelle döwse-de, ýöräp bilmezligiň ýekeje-de gowy tarapyny tapmagy başarmaýandygyny aýdýa.

Jenap Pendltan:

— Oňa begenmek hökmanmyka?! — diýip, heňkirip goýberdi.

Halys aljyran Nensi agramyny bir aýagyndan beýleki aýagyna atdy.

— Başda menem şeýle pikir edýädim, jenap. Soňam, eger-de ol begenmäge iň bolmanda ýekeje sebäp tapaýsa, ýüregine ýeňillik aralaşar diýen pikir kelläme geldi. Şonuň üçinem men oňa käbir zatlary ýatlatmaly boldum.

— Ýatlatmaly bolduňmy? Nämäni?

Jenap Pendltanyň ganygyzgynlygy güýjemese kemelenokdy.

— Beýleki adamlara bu oýny oýnamagy öwredişini ýatlatdym. Meselem, hanym Snowa... hem beýlekilere, özüňizem bilýänsiňiz-le. Ýöne görgüli gyzjagazymyz, guzujygym muňa aglady hem-de heläkçilige uçranyndan soň, ähli zadyň düýpgöter üýtgändigini aýtdy. Ol beýleki maýyplara begenmegi öwretmek bilen özüň ömürlik maýypkaň begenmäge çalyşmagyň arasynda ullakan tapawudyň bardygyna düşünenmiş. Beýleki adamlaryň maýyp däldigine begenýändigini gaýta-gaýta ýanjasa-da, näme üçindir, göwrümi giňäbermeýärmiş. Görgüli gyzjagaz dagy-duwara aýaga galyp bilmejegi hakda pikirlenmän durup bilmeýändigini aýdýa.

Nensi sägindi, ýöne elleri bilen ýüzüni ýapyp oturan jenap Pendltandanam ses çykmady.

— Onsoň oňa özüniň maňa birmahal nähili kyn bolsa, şonça-da bu oýny oýnamagyň gyzykly bolýandygyny aýdandygyny ýatlatdym — diýip, Nensi pessaý ses bilen sözüni dowam etdirdi. — Ýöne ol indi muňa-da düýbünden başgaça garaýandygyny aýtdy. Sebäbi aşa kyn ýagdaýlarda bütinleý oýnasynyň gelmeýändigine düşünenmiş. Ýogsa-da, jenap, men indi gitmeli — diýip, Nensi birdenkä gapa tarap ýöneldi. Işige ýakynlaşyberende-de, yzyna öwrülip, çekinjeňlik bilen jenap Pendltana ýüzlendi:

— Jenap, men hanym Pollianna siziň Jimmi bilen ýene-de görşendigiňizi aýdyp bilerinmi?

Jenap Pendltan:

— Ony bütinleý görmedik halyma, sen oňa muny nädip aýdyp biljek?! — diýip, zoňtar dillendi.

— Dilime gelensoň soraýdym, jenap. Hanym Pollianna Jimminiň gaty aladasyny edýä. Indi ony siziň ýanyňyza getirip bilmejegine ah çekýä. Ol öňem Jimmini siziň ýanyňyza getirenmiş, ýöne oglanjyk özüni gowy tarapdan görkezip bilmänmiş. Şonuň üçinem siz öýde beýle çagany saklamagy laýyk görmersiňiz öýdüp gorkýa. Belki, siz onuň nämäni göz öňünde tutandygyna düşünýänsiňiz?! Men-ä düşünmedim, jenap.

— Hawa... düşünýän.

— Gepiň tümmek ýeri, jenap, Pollianna oglanjygy ýene bir gezek siziň ýanyňyza getirip, öýde şeýle çaga saklamagyň gaty laýykdygyna göz ýetirmegiňizi isläpdir. Ýöne indi ol, gynansak-da, muny edip biljek däl... şol ulagy ýer ýuwutsa bolmaýamy?! Wiý, bagyşlaweriň, jenap. Bolýa, sag boluň! — diýip, Nensi çalasynlyk bilen myhman otagdan çykdy-da, gapyny ýapdy.

Nýu-Ýorkly tanymal lukmanyň Pollianna Witýeriň gaýdyp hiç mahal ýöräp bilmejegini aýdan-

dygy hakdaky gürrüňler bahym Beldiňswiliň ilatynyň ählisiniň gulagyna degdi. Häzire çenli şäher ilatynyň hiç kim üçin beýle gynanan ýeri bolmandy. Daş-töweregine şatlyk eçilýän ýüzi meneklije gyzy tanamaýan ýokdy. Ýek-tük adam ýakyndan tanşyp ýetişmedik bolsa-da, onuň özüdir täsin oýny hakda köp zat eşidipdi. Şeýle täsin gyzjagazyň gaýdyp hiç mahal şäheriň köçelerinde bökjeklemejekdigi hem-de adamlara ykballaryna gülüp bakmaklaryny nygtamajakdygy hakdaky pikir olaryň kalplaryny para-para edýärdi.

Aýallar myhman otaglarynda, aşhanada, daşky howluda şunuň gürrüňini ederdiler, duýgularyny gizlemän, hasratlaryny gözýaşlary bilen ýeňlederdiler. Çatryklarda, çaýhanalarda, dükanlarda gyzjagaz erkekleriňem umumy gürrüňine öwrülipdi. Olaryň arasynda-da ýüregini egisýäni ýok däldi, ýöne gözýaşlaryny gizlärdiler. Bu aýylganç habaryň yz ýany bilen, il içine Nensiniň görgüli gyzjagazyň gaýdyp hiç wagt begenip bilmejekdigine nähili gam çekýändigi hakdaky gürrüňi hem ýaýransoň, olaryň owalky gaýgy-gussasy iki esse artdy.

Adatça, şuňa meňzeş ýagdaýlarda bolşy ýaly, Polliannanyň tanyşlarynyň köpüsiniň kellesine birmeňzeş pikir geldi. Gysga wagtyň içinde Harriňton mülki zyýarat ýerine öwrüldi. Haýran galan hanym Polliniň, göwnüne bolmasa, soňky wagtlar onuň bar işi myhman kabul etmek bolaýan ýalydy. Üstesine-de, öý bikesi myhmanlaryň köpüsini düýbünden tananokdy. Garaz, öýe gelýän erkekleriň, zenanlaryň, çagalaryň yzy üzülenokdy. Hanym Polli ýegençisiniň tanşynyň beýle köp bolup bilşine haýran galýardy.

Olaryň käbiri myhman jaýyna girip, bäş-on minut oturardy, käbiri bolsa çekinip, bosagada ellerini owkalap durardy. Ýene birleri Pollianna kitap, gül dessesini ýa-da süýji zatlar getirip bererdi. Açaçan aglaýanlary-da ýa-da duýgularyny saklap bilmän, beýlesine bakyp, ardynjyran bolýanlary-da bardy. Bu adamlar biri-birlerinden näçe tapawutlansalar-da, olaryň ählisi gyzjagazyň ýagdaýyny jikme-jik soraşdyrýardy hem-de oňa käbir zatlary aýtmagy sargyt edýärdi. Bu ýagdaý hanym Pollini aljyratman durmazdy.

Ilkinji bolup Jon Pendltan geldi. Bu gezek ol pişeksizdi.

— Siz meň nähili gam çekýänimi göz öňüne-de getirip bilmersiňiz — diýip, ol bada-bat söze başlady. — Eýsem, muň hiç alajy ýokmy?

Hanym Polli lapykeç halda başyny ýaýkady.

— Biz elimizden gelenini edýäs. Jenap Mid ony aýaga galdyryp biläýjek käbir dermanlaryňdyr bejergileriň adyny ýazyp gitdi. Lukman Worren bu bejergilere doly gözegçilik edýä. Ýöne, gynansagam, jenap Mid bizde hiç hili umyt goýmady.

Jon Pendltan garaşylmadyk ýerden tarsa ýerinden galdy, sagbollaşýan şekilde baş atdy-da, göni gapa tarap ýöneldi. Ýogsam onuň gelenine gaty köp wagtam bolmandy. Emma hanym Polli birden tüýsi üýtgän jenap Pendltanyň näme sebäpden beýle howlukmaç turarman bolanyna ýeke bakyşda düşündi. Işikde ol yzyna öwrülip, boguk ses bilen öý bikesine ýüzlendi:

— Men sizden Pollianna bir habar ýetirmegiňizi haýyş etmekçidim. Oňa Jimmi Bini görendigimi, ony özüme ogullyga almakçydygymy aýdaweriň. Muny hökman aýdaweriň. Belki, bu täzelik ony begendirer.

Beýle duýdansyz habara özüni aşa sowukganly saýýan hanym Polli birbada aljyrap:

— Siz... Jimmi Bini ogullyga almakçymy? — diýip, zordan dillendi.

Jon Pendltan çala ýüzüni galdyrdy.

— Hawa, şeýtmekçi. Pollianna muňa düşünermikä diýýän. Siz muny oňa hökman ýetireweriň. Gyzjagaz muňa gaty begense gerek.

Hanym Polli:

— Bolýa-bolýa, hökman aýdaryn — diýip mydyrdady.

— Sag boluň!

Jon Pendltan baş egip, çykyp gitdi, ýöne onuň yzyndan aňkarylyp galan hanym Polli myhman otagyň ortarasynda uzak wagtlap pikirlerinden aýňalyp bilmän durdy. Ol henizem gulaklarynyň eşidenine ynanyp bilenokdy. Jon Pendltan Jimmi Bini ogullyga aljakmyş! Husyt hem garasöýmez hasaplanýan Jon Pendltanyň kiçijik oglanjygy, özem Jimmi Bin ýaly oglanjygy ogullyga almagy bolup biljek zat däldi.

Hanym Polli gapydan kynlyk bilen nazaryny sowup, Polliannanyň ýatan otagyna bardy.

— Pollianna, ýaňyja jenap Jon Pendltan gelip gitdi. Ol saňa Jimmi Bini ogullyga alýandygyny habar bermegimi haýyş etdi. «Muny eşidip, belki, begener» diýdi.

Polliannanyň gussaly ýüzi bada-bat ýagtylyp gitdi.

— Begenmeli borunmy?! Hawa, begenmeli borun. Wah, Polli daýza, men Jimmä ýaşar ýaly şeýle bir öý tapasym gelipdi, jenap Pendltanyň bolsa diýseň kaşaň öýi bar. Men jenap Pendltana-da begenýän. Indi onuň öýüni öý etjek çagasy bar.

— Näme-näme?

Polliannanyň ýüzi gyzaryp gitdi. Jenap Pendltanyň özünem gyzlyga almak isländigi barada daýzasyna häzire çenli hiç zat aýtmandygy diňe şu mahal ýadyna düşdi. Häzir-ä ol bu hakda asla dil ýarmagam islänokdy. Sebäbi mähriban daýzasynyň özüni jenap Pendltan üçin taşlap gitmekçi bolandyr öýdüp pikir etmeginden çekinýärdi.

Pollianna:

— Çaganyň öýi öý edýändigini aýdýan-da — diýip, çalt-çalt gepledi. — Bir gezek maňa jenap Pendltan: «Öýi öý edýän çaga bilen zenandyr» diýipdi. Ynha, indi onda çaga bar.

— Hä-ä, düşündim — diýip, hanym Polli mylakatly jogap berdi. Hakykatda welin, ol Polliannanyň pikir edişinden has köp zada düşünipdi. Ol jenap Pendltan «çal daş üýşmegini» hakyky öýe öwürmek niýetine münüp, ondan öýüni öý etjek çagasy bolmagyny haýyş edende Polliannanyň nähili agyr ýüküň astynda galandygyna diňe häzir akyl ýetiripdi.

Gözleriniň owasy ýaşdan dolup giden hanym Polli:

— Hawa, düşündim — diýip gaýtalady.

Pollianna daýzasynyň bu gürrüňi dowam etdirmeginden çekinip, gepi başga ýana sowmaga howlukdy.

— Lukman Çiltonam öýi öý etmek üçin zenan bilen çaganyň hökmandygyny aýdýa.

Hanym Polli tisginip gitdi.

— Lukman Çiltonmy? Sen muny nireden bilýäň?

— Muny maňa onuň özi aýtdy. Şonuň ýaly-da, ol özüniň hakyky öýde däl-de, ýöne bir otaglarda ýaşaýandygynam aýtdy.

Hanym Polliden jogap eşidilmedi. Ol nazaryny penjirä tarap sowupdy.

— Onsoň menem ondan eger şuny isleýän bolsa näme üçin bir zenana söz aýdyp, öýüni öý etmeýändigini soradym.

— Pollianna! — diýip, daýzasy birden ýegençisine seretdi. Onuň ýaňaklary gelşiklije gyzaryp durdy.

— Şeý diýip soramda, ol gaty tukat göründi.

— Ol saňa näme jogap berdi?

Hanym Polli özüne zor salyp, bu sowaly beripdi.

— Ol esli salym dymdy, soňam pessaýja ses bilen kämahal näçe jan etseňem, sulhuň alýan zenana söz aýtmagyň beýle aňsat däldigini aýtdy.

Sähel salym hiç kimden ses çykmady. Hanym Polli gyzaryp duran ýüzüni ýene penjirä tarap öwrüpdi.

Pollianna uludan demini aldy.

— Şonda men onuň, hakykatdanam, bir zenana söz aýtmak isleýändigine göz ýetirdim. Oňa nebsim agyrdy.

— Sen muny nädip bildiň, Pollianna?

— Sebäbi ertesi günem käbir zatlary aýtdy. Ol gaty ýuwaş gepledi, ýöne şonda-da men onuň näme diýenini eşitdim. Ol: «Şol halaýan zenanymyň kalbyny eýelemek üçin ähli zadymy bererdim» diýdi.

Birdenem gyzjagaz:

— Wiý, Polli daýza näme boldy, size näme boldy? — diýip gygyrdy.

Sebäbi Polli daýzasy garaşylmadyk ýerden tarsa ýerinden turup, penjirä tarap ylgapdy.

Häzir diňe bir ýaňaklary däl, eýsem, ýüzem gyzaryp duran hanym Polli:

— Hiç zat, mähribanym. Men bary-ýogy şelpejikleriň ýerini üýtgetjek boldum — diýip jogap berdi.

## XXVIII bölüm

## Oýun we oýunçylar

Jon Pendltanyň yz ýany Harriňtonlaryň mülküne Milli Snow geldi. Ol bu öýüň bosagasyndan ýeke gezegem içerik ätläp görmändi. Milli öý bikesi bilen ýüzbe-ýüz galansoň, esli salym ýadyrgap, dil ýarman oturdy.

— Men... men gyzjagazyň ýagdaýyny soraýaýyn diýip geldim — diýip, ol sakynyp, zordan gepledi.

Hanym Polli:

— Oňarypsyňyz. Oň şo bir ýagdaýy. Ýogsa-da siziň ejeňiziň haly niçik? — diýip, ýarym-ýalta gepledi.

— Men hut şoň üçinem geldim-dä. Diýjek bolýanym, sizden hut şony haýyş etmäge geldim — diýip, gyz sözüne salym bermän, düşnüksiz bir zatlar samramaga durdy. — Muň özi diýseň erbet, gaty erbet zat! Gyzjagazyň gaýdyp aýak üstüne galyp bilmejegi juda erbet zat! Ol maňa-da, ejeme-de diýseň uly ýagşylyk etdi ahyryn. Oýun oýnamagy, şoňa meňzeş gowy zatlary öwretdi. Indi bu oýny özüniň oýnap bilmeýänini eşidenimizde welin... Wah, görgüli gyzjagaz! Aslynda, onuň beýle ýagdaýda oýun ýadyna düşmejegi belli zat... Ýöne kyn ýagdaýymyzda bize begenmek oýnuny

öwredipdi. Ýöne özüniň şeýle ýagdaýynda-da herhal begenip biler... Azajygam bolsa, begenip biler.

Ähli zady bir demde sanap geçen Milli dymdy hem jogaba garaşýan terzde hanym Pollä garady.

Hanym Polli başly-barat gürrüňden many çykarjak bolup, Milli tä sözüni soňlaýança, ony sypaýyçylyk bilen diňläp oturdy. Ýöne onuň ähli tagallasy puç boldy, sebäbi hanym Polli aýdylanlaryň ýarysyna-da düşünmändi. Şonuň üçinem öý bikesi öňem özüni geň-taň alyp barýan Milli Snow halys akylyndan azaşaýypdyr öýdýän diýip öz ýanyndan pikir etdi. Munuň başgaça düşündirişem ýokdy. Şonuň üçinem hanym Polli, göýä, akyly goýalyp ýetişmedik çaga ýüzlenýän ýaly ýuwaşlyk bilen gepledi.

— Milli, men seň näme diýjek bolýanyňa doly düşünmedim öýdýän. Sen meň ýegençime nähili habar ýetirjek bolýaň?

— Gaýrat ediň-de, siz oňa şuny düşündiriň –– diýip, gyz ýene-de samramaga durdy. — Ol bize uly ýagşylyk etdi. Şony hökman özüne aýdyň. Elbetde, käbir zatlaryň ujuny onuň özem görüpdi. Ol zol-zol gelip-gidip duransoň, ejemdäki özgerişliklere özem şaýat bolýardy. Ýöne men Polliannanyň ejemiň nähili gowy tarapa üýtgänini bilmegini isleýän. Aslynda, özümem üýtgedim. Onuň öwreden oýnuny indi menem oýnap başladym, halys bolmanda oýnamaga-ha çytraşýan. Siziňem habaryňyz bardyr, öňler ejemiň gözüne ähli zat ýaramaz bolup görnerdi. Ol ähli zadyň başgaça bolmagyny islärdi. Dogrusy, şeýle ýagdaýynda ejemi ýazgarybam bolanok. Indi welin, ol maňa penjireleriň tutusyny açmaga rugsat berýä, özüniň daş keşbine, ýatanda geýýän köýnegine çenli, aý, garaz, ähli zada üns berýä. Onsoňam ol çagalar üçin egin-eşikleri örmäge başlady. Ejem olary ýa-ha hassahanalara bagyş edýä, ýa-da bazarlara iberýä. Ol bu işe başy bilen berildi, özem elinden nähilidir bir iş gelýänine şeýlebir begenýä... Bularyň ählisi hanym Polliannanyň yhlasy bilen boldy. Sebäbi ol ejeme eliniň hereket edýänine begenmelidigini aýdypdyr. Şonda ejemem näme üçin şondan peýdalanmaýandygyna geň galypdyr. Şeýdibem, ol ony-muny örüp başlady. Onuň otagyny bir görsediňiz! Häzir ol Polliannanyň sowgat beren billur şelpejikleri bilen, gyrmyzy, gök hem sary ýüňler bilen diýseň başgaça görünýä. Indi içerik girmegem ýakymly, öň garaňky, darykdyryjy bolansoň, ejemem şeýle betbagt görnensoň, içerik aýak basasym gelenokdy. Şonuň üçinem biz sizden hanym Pollianna bu gowulyklaryň ählisiniň onuň yhlasy bilen amala aşandygyny aýdyp bermegiňizi isleýäs. Oňa şunam aýdyň... Biz onuň bilen tanşanymyza diýseň begenýäs! Belki, ol bu zatlary eşitse, biz bilen tanşanyna begener. Bolany şu! Gaýrat ediň-de, oňa şulary hökman aýdyň! — diýip, sözüni jemledim eden Milli bada-bat ýerinden galdy.

Hanym Polli:

— Hökman aýdaryn! — diýip ynandyrsa-da, onuň janygyp aýdan gürrüňleriniň iň bolmanda ýarysyna düşünip-düşünmändigine göz ýetirmäge çalyşdy.

Jenap Pendltan bilen hanym Snow görme-görşe gelýän adamlaryň diňe başlangyjy bolupdy. Soňabaka myhmanyňam, ýegençisine ýetirilmeli habarlaryňam yzy kesilmejege çalym etdi. Esasy zat bolsa, bu habarlaryň hanym Harriňtony oýlanmaga mejbur edýän, geň galdyryjy manysy bardy.

Günlerde bir gün bolsa, dul zenan Benton Polliannany soramaga geldi. Ikisi öň hiç haçan ýakyn gatnaşykda bolmadygam bolsa, hanym Polli gysgajyk boýly bu zenany oňat tanaýardy. Hemişe gara geýimde gezýän bu zenan Beldiňswilde iň bir sus zenan hökmünde bellidi. Geň görmeli ýeri, bu gün onuň boýnuny mawy ýakabagy bezeýärdi. Gözleriniň owasy dolup duran hanym Benton başda hanym Pollä çuňňur duýgudaşlyk bildirdi, soňra çekinjeňlik bilen Polliannany göresiniň gelýändigini aýtdy.

— Hanym Benton, sizi gynandyrmaly boljak, häzirlikçe ýegençimiň ýanyna hiç kimi salamok — diýip, hanym Polli başyny ýaýkady.

Hanym Benton ötünç sorap, çykalga tarap ýöneliberdi. Gapa ýetip-ýetmänkä-de, howlukmaçlyk bilen yzyna dolandy.

— Hanym Harriňton, sizden bir zat haýyş edesim gelýä — diýip, ol peltekläp gürledi. — Siz oňa meň adymdan birki söz aýdyp bilermisiňiz?!

— Näme aýtman, gatam aýdarys, hanym Benton!

Öý bikesiniň jogaby az-kem ynjalyk berenem bolsa, ol şonda-da ýaýdanyp, esli salym gepläp bilmän durdy.

— Siz oňa aýdyň — diýip, ol ahyrsoňy söze başlady. — Siz oňa indi meň şuny dakynyp başlandygymy aýdyň — diýip, ol elini mawy ýakabagyna ýetirdi. Hanym Polliniň muňa geň galanyny görübem, sözüni dowam etdirdi. — Siziň ýegençiňiz meň nähilidir bir reňkli zat geýmegimi islärdi. Eger-de ol meň reňkli zat geýip başlanymy eşitse, muňa begener diýip pikir etdim. Görgüli gyzjagaz, eger bezemen geýinsem, Freddi ýaman bege-

ner diýerdi. Özüňiz bilýäňiz, Freddi meň ýeke-täk baýlygym...

Hanym Benton başyny ýaýkap, ýene-de gapa tarap ýöneldi.

— Gaýrat edip, oňa hökman şuny ýetireweriň. Ol düşüner.

Şeýle diýdi-de, ol çykyp gitdi.

Şol gün gara geýnen ýene bir dul aýal öýe geldi. Bu aýaly ömründe ilkinji gezek görýän hanym Pollä ýegençisiniň onuň bilen nädip tanşyp ýörenine haýran galmakdan başga alaç galmandy.

Dul hanym:

— Men hanym Tarbel — diýip tanyşlyk açdy.

— Siz meni tanaýan dälsiňiz, ýöne ýegençiňiz Pollianna gowy tanaýa. Geçen tomus men myhmanhanada ýaşapdym. Lukmanlar maňa her gün gezelenç etmegi maslahat beripdi. Siziň ýegençiňiz bilenem şeýle gezelençleriň birinde tanşypdym... Wah, nähili eýjejik gyz! Ýegençiňize ýaman synym oturdy. Bu ýere ilki göçüp gelemde, gaty ýüregim gysypdy. Soň Pollianna duşdum. Onuň şadyýan keşbi, hiç egsilmeýän keýpiçaglygy maňa öz neresse gyzjagazymy ýatlatdy. Onuň bu dünýeden gidenine esli ýyl boldy. Polliannaň heläkçilige uçranyny eşidip, gaty erbet boldum. Soň onuň otura bolup galanyny aýtdylar. Görgüli gyzjagaz! Onuň indi hiç zada begenip bilmeýänini eşidemde bolsa dünýäm garaldy.

Hanym Polli:

— Duýgudaşlyk bildirmäge geleniňiz üçin minnetdar! — diýdi.

— Eger garşy bolmasaňyz, sizden ýene bir zady haýyş etmekçi. Oňa meň adymdan käbir zatlary aýdyp berseňiz, minnetdarlygymyň çägi bolmazdy.

— Elbetde, aýdaryn.

— Onda oňa indi hanym Tarbeliň begenip bilýändigini aýdaweriň. Munuň size geň görünýän bolmagam mümkindir. Ýöne häzir şony düşündiresim gelenok.

Birdenem onuň ýylgyryp duran ýüzi gamaşyp gitdi.

— Ýegençiňiz meň näme diýjek bolanyma düşüner. Men oňa muny hökman aýdaýmalydym. Myhmansöýerligiňiz üçin sag boluň, eger göwnüňize degenem bolsam bagyşlaň! — diýip, hanym Tarbel bu ýerden gitmek bilen boldy.

Halys başy çaşan hanym Polli bu gezek badabat Polliannanyň otagyna bardy.

— Pollianna, sen hanym Tarbeli tanaýaňmy?

— Dagy näme. Men hanym Tarbeli gaty gowy görýän. Ýöne oň saglygynyň ugry ýok, özem hemişe gamgyn gezýä. Ol myhmanhanada ýaşaýa. Köplenjem gezelenje çykýar. Biz bile gezelenç edýädik. Dogrusy, öň bile aýlanýardyk.

Şu ýerde Polliannanyň sesi sandyrady hem ýaňagyndan ýaş damjasy togalanyp gaýtdy.

Hanym Polli bada-bat bogazyny arçady.

— Näme diýsene, mähribanym, edil ýaňyja hanym Tarbel gelip gitdi. Ol saňa bir zat aýtmagymy haýyş etdi... Men muň manysyna-ha düşünmedim welin... olam maňa doly düşündirip durmady... Garaz, ol saňa özüniň indi begenýändigini aýtdy.

Pollianna elini çarpdy.

— Ol, hakykatdanam, şeý diýdimi? Waý, men muňa gaty begendim, Polli daýza!

— Ýöne Pollianna, onuň näme diýjek bolanyna düşünmedim-le?!

— Aý, bu bir oýun-da...

Pollianna elini agzyna ýetirdi-de, dymdy.

— O nähili oýun?

— Üýtgeşik zat däl-le, daýza! Diýjek bolýanym, muny size aýdyp bilemok. Ýogsam size ýaramaýan zatlaram aýtmaly bolaryn.

Hanym Polli syrly gürrüňiň änigine-şänigine ýetesi gelse-de, ýegençisiniň naşyja ýüzündäki ynjyny görüp, muny goýbolsun etdi.

Hanym Tarbeliň yz ýany Harriňtonlaryň mülküne ýene bir zenan geldi. Ýöne ony görüp, hanym Polliniň gany depesine urdy. Aşa gyzardylan ýüzli, sap-sary saçly, ökjesi beýik köwüşli, boýny düzüm-düzüm şaý-sepli bu zenanyň ýaramaz ahlagy hakyndaky myş-myşlar hanym Polliniň gulagyna-da ýetipdi. Şol sebäpli öý bikesi üçin onuň bilen bir ýerde durmagam aýypdy. Oňa elini uzatmakdan geçen, hanym Polli bu üýtgeşik myhmanyň golaýyna-da barasy gelmedi.

Hanym Pollini görüp, zenan bada-bat oturgyçdan turdy. Şu ýerde öý bikesi onuň gözleriniň aglamakdan ýaňa pökgerip gidendigini duýdy. Myhman şeýlebir aljyrady welin, onuň «Sähel salymlygam bolsa hanym Polliannany görüp bolmazmyka?!» diýen haýyşy buýruk bolup eşidildi.

— Ýok — diýip, hanym Polli sowuk-sala jogap berdi. Ýöne nazary myhmanyň ýalbaryjy göreçlerine kaklyşanda, hanym Polli bialaç ýumşady hem sypaýyçylyk bilen häzirlikçe hiç kime gyzjagazyň ýanyna girmäge rugsat berilmeýändigini düşündirdi.

Myhman başda ýaýdanan ýaly etse-de, soňra başyny dik tutup, dogumly gepledi.

— Meň adym hanym Peýson. Hanym Tom Peýson. Siz meni daşymdan tanaýansyňyz. Bu şäheriň

gowy adamlarynyň köpüsi meni bilýändir. Meni ýazgarýanlar köpdür. Ýöne olaryň ýarysam hakykata laýyk gelenok. Ýöne men bu ýere şuny düşündirmäge däl-de, gyzjagazyň halyndan habar almaga geldim. Heläkçilige düşenini eşidip, gaty erbet boldum. Geçen hepde bolsa nýu-ýorkly bir lukmanyň onuň gaýdyp ýöräp bilmejekdigini aýdandygy hakdaky myş-myşlar gulagyma degdi. Nähili aýylgançlyk! Eger erkimde bolsady, men emgenmän oňa öz aýaklarymy bererdim. Olar gyzjagaza has gerekli. Ol bu aýaklar bilen bary-ýogy bir sagadyň içinde meň tutuş ömrümde edip bilmejek ýagşylyklarymy ederdi. Gynansak-da, beýle zat mümkin däl. Görýän welin, sag aýaklaram hemişe mynasyp adamlara nesip etdirip durulmaýa.

Ol sözüne dyngy berip, çyny bilen bogazyny arçady. Ýöne muňam nepi degmedik bolarly, sebäbi gepläp başlanda, sesi öňküsi ýaly ýene gyryljyk çykýardy.

— Belki, siz bilýänem dälsiňiz, ýöne men siziň gyzjagazyňyz bilen mazaly ysnyşypdym. Biz Pendltan Hill Rowdda ýaşaýas. Ol şol köçeden köp geçerdi... Şonda bize sowulman geçmezdi. Bärik tiz-tizden gelip durardy, çagalar bilen oýnardy, meň bilen gümür-ýamyr ederdi... Öýde bolan mahallary ýoldaşym bilenem gürrüňdeş bolardy. Göwnüme bolmasa, ol bizem, biziň öýümizem gowy görýän ýalydy. Ähtimal, ol öz derejesindäki adamlaryň biz ýaly maşgalalar bilen gatnaşyk saklamaýandygyny bilýänem däldir. Dogrusy, hanym Harriňton, siziň derejäňizdäki adamlar biziň ýaly adamlar bilen gatnaşyk saklap duranlygynda, belki, biz ýaly maşgalalar häzirki ýaly köp bolmasada bolmazdy — diýip, ol gyzmalyk bilen sözüniň üstüni ýetirdi. — Aý, bu gürrüňler hiç-le. Hawa, gyzjagazyňyz biziňkä myhmançylyga gelerdi. Görşüňiz ýaly, oňa hiç hili ýamanlyk etmedik. Ýöne onuň özi welin, bize köp ýagşylyk etdi. Muny onuň özem bilýän däldir. Aslynda, bilmäni kemem däl. Sebäbi ol bu zatlara akyl ýetirenliginde, başga zatlara-da düşünmeli bolardy. Şeýle bolaryny welin, düýbünden islämok. Hawa, biziň üçin bu ýyl diýseň agyr geçdi. Hiç zatdan tamamyz çykmady. Şeýlebir çykgynsyz ýagdaýa düşdük, ýoldaşym ikimiz ähli zada kaýyl bolduk. Biz hatda aýrylyşmaga-da taýýardyk. Şol mahallar nikany bozmakçy bolup ýördük. Çagalary nätmeli? Muň pikirinem etmändiris. Edil şo wagtlaram gyzjagazyňyz betbagtçylyga uçrady. Biz görgüli gyzjagazyň işigimizde oturyşyny, çagalarymyz bilen oýnaýşyny ýatladyk. Ol gülerdi, bir zatlar aýdyp bererdi, şatlanardy, özem hemişe begenýändigini aýdardy. Bir gün ol öz begenmek oýny hakda aýdyp berdi, biziňem şony oýnarymyzy isledi. Häzir bolsa biz onuň özüniňem bu oýny oýnap bilmeýänliginden ejir çekýänini eşitdik. Ol indi begenere zat tapyp bilmeýämiş. Men bu ýere şuny aýtmak üçin geldim... Belki, ol bize begener. Sebäbi ýoldaşym ikimiz aýrylyşmak pikirinden el çekdik. Onuň oýnuny bizem oýnap görmekçi bolýas. Ol öýümizde edilýän käbir gürrüňleri halamazdy. Bu oýnuň bize nähili ýardam etjegini bilemok welin, ýöne, iň bolmanda, synanyşyb-a göreris. Sebäbi Pollianna şuny islärdi. Siz oňa muny hökman aýdyň! Haýyş edýän, hanym Harriňton!

Hanym Polli pessaý ses bilen:

— Hökman aýdaryn — diýip söz berdi. Soňra duýdansyz ýerden myhmana ýakynlaşdy-da, oňa tarap elini uzadyp:

— Sylap geleniňiz üçin sag boluň, hanym Peýson! — diýdi.

Hanym Peýsonyň gaýşaryp duran başy bada-bat aşak egildi, dodaklary müňküldedi. Ol düşnüksiz bir zatlar samrady-da, öý bikesiniň ýüzüne göni seredip bilmän, onuň özüne tarap uzan elini berk gysdy-da, aldyrany bar ýaly bolup, öýden çykyp gitdi.

Onuň ýeňsesinde gapy ýapylyp ýetişmänkä, hanym Polli aşhana baryp, Nensiniň üstüne sowal ýagdyrdy.

— Nensi! — diýip gygyran hanym Polliniň sesi yzgytsyz çykdy. Soňky günleriň üznüksiz gelim-gidimleri, geň-taň gürrüňler onuň sabyr käsesini doldurypdy, gaharynyň ýetjek derejesine ýetmegine sebäp bolupdy. Nensi Polliannanyň heläkçilige uçran gününden bäri hanymynyň beýle gödek gepleýşini ilkinji gezek eşidýärdi.

— Nensi, men adamlaň dilinden düşürmeýän bolgusyz oýnunyň nämedigini bilesim gelýä. Onsoňam bu oýnuň meň ýegençim bilen nähili baglanyşygy bar? Näme üçin Milli Snowdan başlap, hanym Tom Peýsona çenli ýegençimiň oýnuny oýnaýandyklaryny hemem şeýdýändiklerini oňa habar bermegimi haýyş edýäler. Çakym çak bolsa, bu şäherde ähli kişi boýnuna mawy ýakabag daňýa, öýündäkileri bilen ýaraşýa ýa-da öň halamadyk zadyny halap başlaýa. Bularyň ählisine-de Polliannanyň olara öwreden oýny sebäp bolýamyş. Muny men ýegençimiň özündenem eşitjek boldum, ýöne, näme üçindir, aýdasy gelmedi. Menem onsoň ynjalygyny gaçyrmaýyn diýip, aýtdyrjak bolubam durmadym. Häzir oňa tolgunmak

bolanok. Nensi, senden haýyş edýän, näme-nämeleriň bolup geçýänini häziriň özünde düşündir!

Nensi jogap bermegiň ýerine birden aglap başlady. Ol möňňürip aglady. Beýle zada garaşmadyk hanym Polli ör-gökden geldi.

— Muň özi görgüli gyzjagazymyzyň geçen iýun aýyndan bäri ähli adamlary begenmäge iterjek bolup elinden gelenini edendigini aňladýa. Ynha, indem, olar ony begendirmäge çalyşýalar.

— Nämä begenmeli?

— Ýöne begenmeli-dä! Bir zada begenmek oýny.

Hanym Polli gahar bilen aýagyny ýere tarpyldatdy.

— Görýän welin, senem beýlekilerden idili däl. Ýene bir gezek soraýan. O nämäň oýny?!

Nensi başyny galdyryp, bikesiniň ýüzüne dikanlap seretdi.

— Bolýa, hanym! Men size ähli zady düşündireýin. Bu oýny oňa hut kakasy öwredipdir. Bir gezek gyzjagazyň gurjak edinesi gelipdir. Ýöne haýyr-yhsançylar gurjagyň deregine bir jübüt pişek ugradypdyrlar. Olam muňa, elbetde, aglapdyr. Onuň ýerine islendik çaga-da şeýderdi. Şonda oňa dözmedik kakasy herki zadyň gowy tarapynyň, ýagny begenip boljak tarapynyň bardygyny aýdypdyr. Ol: «Sen pişekleriň getirilenine begenmeli» diýipdir.

— Pişekleň nämesine begenmeli? — diýen hanym Polliniň bokurdagy doldy. Ýegençisiniň ýorganyň astyndaky mejalsyz aýaklary göz öňüne geldi.

— Hawa, hanym! Menem oňa şeýle sowaly beripdim. Şonda ol maňa şuny aýtdy. Kakasy gyzyna pişekleri ulanmaly bolmajagyna begenmeli diýipdir.

— Wah-eý! — diýip, hanym Polli tüýs ýürekden ah çekdi.

— Hawa, hanym! Şondan soň olar bu oýny ýygy-ýygydan oýnap başlapdyrlar. Ikisi ähli zadyň begenip boljak tarapyny gözläpdir. Pollianna bu oýnuň diýseň täsirlidigini aýdardy. Sebäbi pişekleri ulanmajagyňa şeýlebir begenýärsiň welin, gurjagyň ýokdugyna-da gynanmaýarmyşyň. Kakasy ikisi bu oýny «begenmek oýny» diýip atlandyrypdyr. Gyzjagazymyzam bu oýny şondan bäri oýnap gelýämiş.

— Ýöne nähili?.. Nädip?

Hanym Polli gepläp bilmän dymdy.

— Siz bu oýnuň nähili gowy netijesiniň bardygyny biljek bolýaňyzmy, hanym? — diýip, Nensi onuň sözüni alyp göterdi. Onuň gözleri edil Polliannanyňky ýaly joşgun bilen uçganaklap durdy. — Hakykatdanam, ol gowy netije berýä, hanym! Siz ejemiň, aslynda, tutuş maşgalamyzyň nähili üýtgänini bir bilsediňiz. Siziňem habaryňyz bardyr, ol meň bilen iki gezek dagy biziňkä myhmançylyga gitdi. Ol maňa-da begenmegi öwretdi... Şondan bäri men ownuk zatlara-da, uly zatlara-da begenip başladym. Indi ýaşaýşam, birhili, ýeňilleşen ýaly boldy. Men hatda adymyň Nensidigine-de gynanamok. Sebäbi ol maňa adymyň Hefzibah däldigine begenmelidigini aýtdy. Meselem, öňler men duşenbe geldigi halamazdym. Indi bolsa hanym Polliannanyň tagallasy bilen men hatda duşenbe güni gelse begenýän.

Hanym Polli:

— Duşenbe güni gelse begenýäňmi? — diýip, geň galyp sorady.

— Hawa-hawa, hanym! Size düşünýän! — diýip, Nensi güldi. — Bu size geň görünýändir. Barybir, ony size gürrüň bereýin. Günlerde bir gün gyzjagazymyz meniň duşenbe güni säher bilen düşekden galmagy ýek ýigrenýändigimi bildi. Şonda ol maňa näme diýendir öýdýäňiz?! Ol: «Nensi, sen duşenbäň säherine beýleki günlerden has beter begenmeli. Sebäbi indiki duşenbe säherine çenli bir hepdäň bolýa ahyry» diýdi. Şondan bärem, hanym, her duşenbe güni säher bilen oýanamda, guzujygymyzyň aýdan sözlerini ýatlaýan. Şonda nädip gülenimi duýman galýan. Gülkiňem kömegi kän eken, hanym... Gaty gowy kömek edýän eken.

Hanym Polli:

— Ýöne näme üçin ol bu oýny maňa aýtmandyr?! — diýip sakawlap, zordan gepledi. — Hatda özünden soramda-da, sesini çykarmady ahyry.

Nensi jogap bermäge, birhili, ýaýdanan ýaly etdi, birdenem başyny galdyryp, dogumly gepledi.

— Gönüleýänim üçin bagyşlaň, hanym, ýöne muňa siziň özüňiz günäkär. Siz gyzjagaza kakasy hakda gürlemegi gadagan edipsiňiz. Şonuň üçinem ol size hiç zat aýdyp bilmedi. Bu oýny onuň kakasy oýlap tapypdy...

Hanym Polli dodagyny dişledi.

— Ol başda muny aýtjagam bolupdy — diýip, Nensi sözüni dowam etdirdi. — Ol bu oýny kimem bolsa biri bilen oýnasy gelýädi. Ahyrynda-da ony maňa aýdyp berdi. Onsoň menem oýnap başladym. Sebäbi şol mahal, onuň bilen bu oýny oýnajak başga adam ýokdy.

Hanym Polli sesini sandyradyp:

— Onda beýlekiler... beýlekiler nireden bilýär?

— diýip sorady.

— Indi seredip otyryn welin, «begenmek» oýnuny bilmeýän ýok öýdýän. Sebäbi nirä barsam, adamlardan şoň gürrüňini eşidýän. Käbirlerine hanym Polliannanyň özi aýdandyr, beýlekilerem ondan eşiden adamlardan bilendir. Hemişe bolşy ýaly, şeýdibem tutuş şähere ýaýrandyr. Aslynda, biziň gyzymyzam her kim bilen güler ýüzlüdi hem mylakatlydy, özem mydama begenip gezdi. Şonuň üçinem ony ähli kişiň tanaýanyna geň galybam oturmaly däl. Häzir bolsa her kim gyzjagazyň aladasyny edýä, onuň ýöräp bilmejegine ýüregi gyýylýa. Onuň indi «begenmek» oýnuny oýnap bilmeýänini eşidib-ä, hasam erbet boldular. Şol sebäplem gyzjagazymyzy begendirmek niýeti bilen günde-günaşa bu ýere gelýäler. Olar guzujygymyzyň özlerini nähili umytlandyrandygyny bilmegini isleýäler. Şeýtseler oňa nepi deger diýip pikir edýäler. Çünki ol her kimiň özi bilen «begenmek» oýnuny oýnamagyny islärdi. Olaram indi oň öz isleýşi ýaly edýäler.

Hanym Polli şumjaryp:

— Mundan beýläk oň bilen hemişe şol oýny oýnajak adam tapylar — diýdi-de, aşhanadan atylyp çykdy.

Onuň yzyndan aňkarylyp galan Nensi bolsa öz ýanyndan:

— Indi meni hiç zat geň galdyryp bilmese gerek — diýip pyşyrdady. — Görüp otursak, bu dünýäde bolmajak zat ýok eken... hanym Polli!

Şepagat uýasy Polliannanyň otagyndan çykyp gidensoň, hanym Polli sandyraýan sesine zordan erk edip dillendi:

— Bu gün seni sorap ýene bir myhman geldi, mähribanym! Hanym Peýson ýadyňa düşýärmi?

— Hanym Peýsonmy? Elbetde, ýadyma düşýä. Ol jenap Pendltanlara gidýän ýoluň ugrunda ýaşaýa. Onuň üç ýaşly eýjejik gyzydyr bäş ýaşlaryndaky oguljygy bar. Ol şeýlebir ýakymly zenan. Onuň ýoldaşam gaty gowy adam. Ýöne olar biri-biriniň şeýlediginden habarsyz öýdýän. Kämahal tersleşäýýälerem. Diýjek bolýanym... oňşanoklar. Ikisem belanyň körüginiň goly ýukalykdadygyny aýdýa. Olaryň, gynansagam, meňki ýaly haýyr-sahawat gutusam ýok eken. Sebäbi Tom Peýson haýyr-sahawat edip ýören ruhanam däl. Aslynda, ol ruhanam däl-dä.

Polliannanyň ýüzem-ä gyzarsa gyzardy welin, hanym Polliniň ýüzem ýegençisiniňkiçe bardy.

Pollianna sözüni alňasak dowam etdirdi.

— Gaty pukara bolsalaram, hanym Peýson kämahal diýseň gelşikli geýinýä. Onuň göwher, lagyl, zümerret daşly ajaýyp ýüzükleri bar. Ýöne ol, näme üçindir, bir ýüzügiň barmagyna gaty agram salýandygyny, ony çykaryp, aýrylyşmak isleýändigini aýdýa. Polli daýza «aýrylyşmak» diýmek näme bolýa? Öz-ä gaty ýaramaz zat bolmaly. Sebäbi şoň gürrüňini edende, ol diýseň tukat görünýärdi. Şeýle-de ol eger aýrylyşaýsalar, gaýdyp ol ýerde ýaşamajakdygyny aýtdy. Jenap Tom Peýson alys ýerlere gitjekmiş, mümkin, çagalaram gidýändir. Ýöne hanym Peýson ýüzügini çykaryp zyňmasa, has gowy bolaýjak ýaly. Ýogsa-da Polli daýza «aýrylyşmagyň» nämedigini aýtmadyňyz-a?!

— Näme diýsene, mähribanym, olar hiç ýere-de gidenok — diýip, hanym Polli göni jogapdan gaçyp, gürrüňi başga ýana sowdy. — Olar aýrylyşmak gürrüňini goýupdyrlar.

— Wiý, şeýlemi?! Men muňa gaty begendim. Diýmek, olara baramda, ikisem öýde boljak-da!..

Birdenkä gyzjagaz:

— Eý, Hudaý! Polli daýza, näme üçin men her gezek hiç mahal ýöräp bilmejegimi, hanym Peýsonydyr jenap Pendltany görmäge gidip bilmejegimi unudýan?! — diýip, aglap başlady.

Aňyrdan dyňzap gelen gözýaşlaryna kynlyk bilen erk eden daýzasy:

— Beý diýme, mähribanym! — diýip, ony köşeşdirmäge durdy. — Birinjiden-ä, sen dostlaryňka paýtunda-da gidip bilersiň. Ikinjidenem, men saňa hanym Peýsonyň gürrüňini doly aýdyp gutarmadym ahyry. Ol menden saňa ýoldaşy bilen aýrylyşmajagyny hem seň isleýşiň ýaly, ikisi «begenmek» oýnuny oýnajakdyklaryny aýtmagymy haýyş etdi.

Pollianna agysynyň arasynda birden ýylgyrdy.

— Hakykatdanam, şeýlemi? Olar, hakykatdanam, meň oýnumy oýnamakçymy?

— Hawa, mähribanym! Hanym Peýson şuny aýtmak üçin ýörite gelipdir. Ol sen begenersiň diýip umyt edýä.

Pollianna bada-bat başyny galdyrdy-da, daýzasynyň ýüzüne dikanlap seretdi.

— Ýöne Polli daýza... siziň gep urşuňyzdan çen tutsaň... siz bar zatdan habarly ýaly-la... Siz bu oýny bilýäňizmi, Polli daýza?

— Hawa bilýän, mähribanym — diýip, Polli daýza sandyraýan sesine begenç alamatyny çaýmaga çalyşdy. — Nensi aýdyp berdi. Özem, meň pikirimçe, bu diýseň ajaýyp oýun bolmaly. Mundan beýläk bu oýny menem oýnamakçy... seň bilen.

— Polli daýza... sizemmi?

Beýle oslanmadyk habara Polliannanyň demi tutulan ýaly boldy.

— Wah, Polli daýza! Şu mahal nähili begendireniňizi bir bilsediňiz. Häzire çenli bu oýny ähli kişiden beter siziň bilen oýnamak isläpdim.

Bu gezek hanym Polliniň demi tutuldy. Şondada özüne zor salyp gürledi.

— Bu oýny ähli kişi oýnaýaka, eýsem, men näme üçin oýnamaly dälmişim?! Olardan kem ýerim barmy näme? Häzir seň oýnuňy tutuş şäher oýnaýa, mähribanym! Hatda ruhanam oýnaýa. Ýogsada şu gün irden oba barýakam, jenap Ford bilen gabatlaşdym. Ol maňa eli sypyndygy seni görmäge geljekdigini aýtdy. Şeýle-de Injildäki sekiz ýüz sany bagtly setiriň onuň häzirem göwnüni galkyndyrýandygyny saňa aýtmagymy haýyş etdi. Görýäňmi, sen hatda jenap Forda-da ýardam edipsiň. Şondan ötri, sen begenip bilersiň. Sebäbi häzir seň oýnuňy tutuş şäher oýnaýa. Sen olara begenmegi, şatlanmagy öwretdiň.

Pollianna elini çarpdy-da:

— Bilseňiz, şu mahal şeýlebir begenýän, Polli daýza! — diýip gygyrdy. Onuň gamaşyp duran ýüzi ýagtylypdy. — Görýän welin, men bir zada magat begenip biljek. Häzir ýöräp bilmesemem, öň ýöräp bilenime begenýän. Eger öňem ýöräp bilmedik bolsadym, onda bu zatlary başarmazdym!

## XXIX bölüm

## Açyk penjire

Gysga gyş günleri kerwen gurap geçip durdy. Pollianna üçin welin, olar beýle uzak hem agyr görünmedi. Barybir, ol ruhdan düşmejek bolup jan edýärdi. Sebäbi indi onuň oýnuny Polli daýzasy-da oýnaýardy. Ol bolsa öz gezeginde begenip boljak gaty köp zatlary oýlap tapýardy welin, Polliannanyň lapykeçligi el bilen aýrylan ýaly bolaýýardy. Günlerde bir gün Polli daýzasy oňa syrgynda galan iki sany gedaý oglanjyk hakdaky hekaýaty gürrüň berdi. Olar tupanyň goparyp taşlan gapysynyň üstünden barypdyrlar. Biçäre oglanjyklara şol gapynyň aşagyna girip, syrgyndan goranmak başardypdyr. Şonda olaryň özleriniňki ýaly gapysy bolmadyk beýleki gedaýlara haýpy gelipdir. Soňra Polli daýzasy oňa agzynda bary-ýogy iki dişi galan, biri beýlekisiniň aşagynda ýerleşensoň, iýýän zatlaryny çeýnemäge ýarany üçin şolara tüýs ýürekden begenen bir kempir hakynda aýdyp berdi.

Pollianna wagtyny bihuda geçirmek islemeýärdi. Şonuň üçinem ol hanym Snow ýaly dürli zatlary örüp, güýmenmäge başlady. Onuň elinden dür dökülýärdi. Al-elwan ýüpler onuň ap-ak düşekçesine bezeg berýärdi. Pollianna indi heläkçilige uçranda, elinedir barmaklaryna şikes ýetmändigine begenýärdi.

Gyzjagaz görşüp bilmeýän dostlaryndan öňküsi ýaly, gowy arzuwlarydyr salamlary alyp durdy. Polli daýzasynyň getirýän habarlary hemişe üýtgäp durýardy hem-de ony pikirlenmäge mejbur edýärdi. Pollianna bolsa geregem şoldy. Ol täze zatlar hakda oýlanmakdan çäksiz lezzet alýardy.

Hanym Polli soňky wagtlar ýek-tük kişä ýegençisini görmäge rugsat berýärdi. Polliannanyň ýanyna bir gezeg-ä Jon Pendltan, iki gezegem Jimmi Bin geldi. Şonda Jon Pendltan Jimminiň nähili edenli oglanjykdygyny hem oňa guwanýandygyny aýtsa, Jimmi ahyry ýyly ojaga ýetenini, Jon Pendltanyň özüne hakyky hossar çykanyny gürrüň beripdi. Jon Pendltanam, Jimmi Binem bu gowulyklaryň diňe Polliannanyň yhlasy sebäpli hakykata öwrülendigini aýtdylar.

Pollianna:

— Şundan soň bulara nädip begenmejek?! Häzir aýaklam ysgynsyz bolsa-da, bir mahallar ýöräp bilenime şükür edýän! — diýip, Polli daýzasyna ýüregini açdy.

Gyş geçip, ýaz geldi. Ýöne Polliannanyň saglyk ýagdaýynda hiç hili üýtgeşiklik bolmady. Lukmanyň maslahat beren däri-dermanlarydyr bejergileri islenilýän netijäni bermeýärdi. Hatda lukman Midiň Polliannanyň gaýdyp aýak üstüne galyp bilmejegi hakda gelen netijesini hakykat hökmünde kabul edip başlanlar-da bardy.

Beldiňswiliň ilaty Polliannanyň ýagdaýyny häli-şindi eşidip durýardylar. Ýöne olaryň içinden bir adam gyzjagazdaky üýtgeşmeler bilen has-da içgin gyzyklanýardy. Ol adam, göýä, hassa hut özi gözegçilik edýän ýaly, onuň keseliniň taryhyna jikme-jik üns berýärdi. Emma her gezekki täze maglumatdan soň, onuň ynjalyksyzlygy artmasa kemelenokdy. Ýazda gyzjagazyň ýagdaýynda göze görnüp duran üýtgeşikligiň ýokdugyna düşünende bolsa, ol mundan artyk bir pursadam gijä galmaly däl diýen netijä geldi. Şol sebäplem, sähelçe-de ýaýdanman, lukman Çilton şenbe güni säher bilen Jon Pendltanyňka myhmançylyga bardy.

Hojaýyn ony iş otagyna alyp gelensoň, lukman Çilton:

— Pendltan! — diýip, bada-bat söze başlady. — Arzymy sizden başga aýdara adam galmady.

Sebäbi bu şäherde hanym Polli Harriňton ikimiziň aramyzdaky gatnaşygy sizden gowy bilýän ýok.

Jon Pendltan oňa aňk-taňk bolup bakdy. Ol Polli Harriňton bilen Tomas Çiltonyň arasyndaky gatnaşyk hakynda, hakykatdanam, käbir zatlary bilýärdi, ýöne ondan bäri on bäş ýyl geçipdi. Häzir ol lukmanyň näme sebäpden köne saman sowurýanyna düşünip bilenokdy.

— Hawa, Çilton! Ýadyma düşýä — diýip, ol duýgudaşlyk bildirmäge çalyşdy, ýöne sypaýyçylyk edip oturmagyň hökman däldigine, lukmanyň belli bir maksat bilen gelendigine, pikiriniňem düýbünden başga zatdadygyna düşündi. Jenap Pendltanyň janykmasy ony asla gyzyklandyrmaýana çalym edýärdi.

— Pendltan, gyzjagazy hut özüm barlasym gelýä. Men muny hökman şeýdäýmeli!

— Wiý, barlaberiň. Size näme päsgel berýä?!

— «Näme päsgel berýär?!» diýýäňizmi?! — diýip, lukman lapykeç gürledi. — On bäş ýyl bäri ol öýüň işiginden ätlemeýänimi kim bilmese-de, siz gowy bilýänsiňiz ahyry. Ikimiziň hoşlaşmazymyzyň öň ýany hanym Harriňtonyň maňa näme diýeninden habaryňyz ýokdur. Ol maňa iň bolmanda özünden ýeke gezek Harriňton mülküne çakylyk alsam, onda munuň öz günäsini boýun alýandygyny hem maňa durmuşa çykmaga razylyk berýändigini aňlatjakdygyny aýdypdy. Sizi-hä bilemok welin, men-ä oň hiç bir ýagdaýda-da özümi öýüne çagyrmajagyna gözüm ýetip dur.

— Çakylyksyz barsaňyz bolmaýamy, näme?

Lukman gaşyny çytdy.

— Men heniz mertebämi ýitiremok.

— Siz gyzjagazyň hatyrasyna mertebäňizi peseldip, könäni unudyp bileňzokmy?!

Lukman:

— Könäni unutmaň gürrüňi ýok! — diýip, gahar bilen onuň sözüni böldi. — Men düýbünden başga zadyň gürrüňini edip otyryn. — Gep diňe köne öýke-kinede bolsa, gyzjagaza ýardam etmek üçin onuň öýüne çenli emedekläbem giderdim! Men kär mertebesi hakda aýdyp otyryn. Men lukman, ol bolsa hassa. Diýeli, ol ýere barypmyşymam-da, men olara: «Hyzmatymdan peýdalanaýyň-da!» diýip özelenip bilmen-ä. Şeýle dälmi näme, Pendltan?!

— Ýogsa-da, Çilton! Ikiňiz näme sebäpden tersleşdiňiz? — diýip, Jon Pendltan lukmandan soramaga milt etdi.

Lukman elini salgap goýberdi, soňra ýerinden turup, otagyň içinde iki ýana gezmelemäge durdy.

— Näme sebäpden tersleşenimizi bilesiň gelýämi? Siziň pikiriňizçe, aşyk-magşuklar näme sebäpden öýkeleşip biler?! Kämahallar Aýyň ululygy, deňziň çuňlugy sebäpli döràn jedel ömürlik kinä ýazyp bilýä. Gürrüňsiz, ähli bela-beter ujypsyzja zatdan başlap, soňy ahmyrdan doly ýyllar bilen tamamlanýar. Şonuň üçinem bu dawanyň gürrüňini goýalyň. Herhal özüm-ä bu tersleşigi unutmaga taýýar. Men hökman gyzjagazy göräýmeli! Onuň aýak üstüne galmagy üçin on mümkinçilikden dokuzysynyň bardygyna ynanýan. Men Pollianna Witýeriň öňki kaddyna gelerini isleýän.

Ol eýläk-beýläk gezmeläp ýörşüne, soňky sözlerini penjiräniň öňünde oturan Jon Pendltana ýakynlaşyp, gaty ses bilen aýtdy welin, onuň sesi şol mahal bagda, edil penjiräniň aşagynda güllere serenjam berip ýören oglanjygyň gulagyna-da ýetdi. Her şenbe säheri baga göz-gulak bolmak tabşyrylan Jimmi Bin gülçanaklaryň göze ilip başlan haşal otlaryny otamak bilen başagaý bolup ýördi. Lukman Çiltonyň sesini eşiden Jimmi durşy bilen gulaga öwrülip, olaryň gürrüňine diň salyp başlady.

— Pollianna ýöräp bilermi? Siz nämäni göz öňünde tutýaňyz?

— Men gulagyma degýän myş-myşlardan netije çykaryp, onuň keseliniň bile okan bir ýoldaşymyň aýaga galmaga ýardam eden bir hassasynyňky bilen kybapdaşdygyny aýtjak bolýan. Ol indi birnäçe ýyl bäri şeýle keselleri öwrenip gelýär. Menem şolary öwrenýän, biz oň bilen hatam alşyp durus. Çakym çak bolsa... Ýöne gyzjagazy öz gözüm bilen görmeli.

Jon Pendltan kürsüden zöwwe dikeldi.

— Beýle bolsa, siz ony hökman göräýmeli. Ýöne bu meseläni lukman Worreniň üsti bilen çözäýseňiz bolmaýamy?

— Gynansagam, mundan netije çykmaz — diýip, lukman Çilton başyny ýaýkady. — Dogrusy, ol özüni diýseň adamkärçilikli alyp bardy. Oň aýdyşyna görä, hanym Pollä gyzjagazy, ilki bilen, maňa görkezmegi maslahat beripdir, ýöne... hanym Harriňton çürt-kesik garşy çykansoň, bu hakda gaýtadan dil ýarmakdan çekinipdir. Men oňa käbir delillerem getiripdim... Aslynda, iki aýagymy bir gonja sokýan ýene bir ýagdaý bar. Ýaňyýakynda jenap Worreniň mertebeli hassalarynyň birnäçesi ondan ýüz öwrüp maňa geçdi. Pendltan, dagy zadyňy bilemok, ýöne men gyzjagazy hökman göräýmeli. Oň üçin munuň nähili ähmiýetiniň bolup biljegine özüňizem akyl ýetirýänsiňiz.

— Hawa, ony görüp bilmedik ýagdaýyňyzda-da oň üçin nähili ähmiýetiniň bolup biljegine düşünýän.

— Emma daýzasyndan çakylyk bolmasa, elimden gelýän zat ýok. Oň welin, çagyrmag-a beýlede dursun, meň garamy-da göresi gelenok.

Diýmek, ony mejbur etmeli.

— Nädip?

— Onçasyny bilmedim.

— Sizem bileňzok, menem. Hanym Polli diýseň tekepbir zenan. Häzire çenli menden kine saklaýa. Üstesine, birmahalky ähtem keserip dur. Şoň üçinem ol muňa hiç mahal ýol bermez. Ýöne görgüli gyzjagazyň ömürboýy çekjek jebir-jepasy hakda oýlanamda... Belki, ony agyr takdyryndan dyndararyn... Arada welin, dikdüşdülik hem «lukmanyň ahlak kadalary» ýaly birtopar bolgusyz päsgelçilikler ýatyr. Men... men...

Lukman Çilton sözüni tamamlap bilmän, iki elinem kisesine sokdy-da, otagyň içinde ýene-de eýläk-beýläk gezmeläp başlady.

Jon Pendltan:

— Wah, käşgä, oňa düşündirip bolsady! — diýip janykdy.

— Hawa, ýöne beýle jogapkärçiligi üstüne aljak tapylarmyka? — diýip, lukman ýüzüni birden öý eýesine tarap öwürdi.

— Wah, bilemok-bilemok — diýip, ol hem naýynjar dillendi.

Häzire çenli demini alman, olaryň gürrüňini üns bilen diňläp oturan Jimmi Bin Jon Pendltanyň soňky sözlerini eşidip, birden gobsundy-da:

— Muň hötdesinden geljegi gaty gowy tanaýan. Özüm eminden gelerin — diýip pyşyrdady. Şeýle diýdi-de, ol sähelçe salymam eglenmän, assyrynlyk bilen emedekläp, bagdan çykdy, soňam ýerinden turup, Pendltan baýryndan aşaklygyna ylgady.

## XXX bölüm

## Jimmi Bin jogapkärçiligi öz üstüne alýar

Myhman jaýynyň işiginde aýak çeken Nensi:

— Hanym, Jimmi Bin geldi. Ol sizi soraýa — diýip habar berdi.

— Meni soraýamy? — diýip, hanym Polli geň galyp sorady. — Öte eşiden bolaýma! Hanym Polliannanyň ýanyna gelen bolaýmasyn?! Goý, ýegençimiň ýanyna baraýsyn. Ýöne uzak eglenmesin.

— Ýok, hanym! Başda menem şeýle pikir etdim. Ýöne ol sizi soraýa.

— Beýle bolsa, häzir aşak düşerin — diýip, hanym Polli argynlyk bilen ýerinden galdy.

Öý bikesini gören dessine Jimmi Biniň gözleri tegelendi, çekinjeňlikden ýaňa ýüzi gyzardy.

Şonda-da ol:

— Hanym! — diýip, özüni dürsäp gürrüňe başlady. — Belki, bolup ýörşüm gelşiksizdir... Ýöne aýtman durup bilmedim... Polliannaň hatyrasyna aýtman durup bilmedim. Onuň üçin men köräp duran közüň üstünden geçmäge-de, siziň bilen ýüzbe-ýüz bolmaga-da taýýar... Onuň bähbidi üçin elimden gelenini ederin. Eger-de onuň ýene-de ýöräp başlajagyny eşitseňiz, sizem şeýderdiňiz. Şoň üçinem ýörite ýanyňyza geldim. Men bolgusyz buýsanjyň ýa-da şoňa meňzeş başga bir zadyň Polliannanyň aýaga galmagyna päsgel bermegine göz ýumup bilmen. Onsoň size ýagdaýy elin düşündirsem, siz jenap Çiltony hökman çagyrarsyňyz diýip pikir etdim.

— Näme-näme? — diýip, hanym Polli onuň sözüni böldi. Ol häzire çenli oglanjygy doňan ýaly bolup diňlän bolsa-da, onuň soňky sözlerinden soň, durky bilen gahar-gazaba öwrüldi.

— Men siziň gaharyňyzy getiresim gelenok. Şol sebäplem gürrüňi Polliannanyň, hakykatdanam, aýak üstüne galyp bilmäge mümkinçiliginiň bardygyndan başladym. Iň bolmanda şoňa doly gulak asarsyňyz öýtdüm.

— Jimmi, sen näme diýjek bolýaň?

Jimmi uludan demini aldy.

— Men size barysyny düşündirjek bolýan-da.

— Onda iki gulagymam sende. Ýöne haýyş edýän, gürrüňi başyndan başla, özem her bir sözüňi maňa düşnükli bolar ýaly aýt.

Jimmi kepäp duran dodagyny ýalady-da:

— Onda diňläň! — diýip, dogumly gepledi. — Şu gün lukman Çilton jenap Pendltanyň ýanyna geldi. Olar kitaphanada özara gepleşip oturdylar. Siz maňa düşünýäňizmi, hanym?!

— Hawa, Jimmi, düşünýän — diýip jogap beren hanym Polliniň sesi diýseň pessaý çykdy.

— Penjire açykdy, menem şo mahal ekinde haşal otlary otap ýördüm. Olaň gürrüňi maňa-da ýetdi.

— Wiý, Jimmi?! Sen olary diňläýdiňmi?

— Olar meň gürrüňimi edenokdylar. Onsoňam men ýöriteläp diňlemedim, gürrüňleri eşidilip durdy — diýip, oglanjyk öýkelejek ýaly etdi. — Ýöne şo gürrüňi eşidenim gowy bolupdyr. Häzir aýdyp bersem, oňa sizem hä diýersiňiz. Sebäbi Polliannanyň aýak üstüne galaýmagy mümkin.

Hanym Polli öňe-öňe omzady.

— Jimmi, sen näme diýjek bolýaň?

— Menem size şony düşündirjek bolýan-da. Gulak asyň onda, lukman Çilton jenap Pendltana bir lukmany tanaýandygyny, onuň Polliannany bejerip biläýmeginiň mümkindigini aýtdy. Aslynda, lukman Çilton Polliannany öz gözi bilen görýänçä, anyk bir zat aýdyp biljek dälmiş. Ýöne ol jenap Pendltana siziň oňa Polliannany görmäge rugsat bermeýändigiňizi aýtdy.

Hanym Polliniň ýüzi mazaly gyzardy.

— Ýöne Jimmi, men ony çagyryp bilmen... Diýjek bolýanym, çagyryp bilemokdym... Men muň ýaly zady eşitmändim — diýip, hanym Polli aljyraňňy halda elini owkalady.

— Menem siz biliň diýip geldim-dä — diýip, oglanjyk tolgunma bilen sözüni dowam etdi. — Näbelli bir sebäbe görä... Nähili sebäpdigine düşünip bilmedim... Siz lukman Çiltona bu ýere gelmäge rugsat bermeýämişiňiz... Lukman Worrene-de şeý diýip aýdypsyňyz. Şoň üçinem lukman Çilton özüňiz çagyrmasaňyz gelip bilmeýämiş. Arada buýsanç duýgusy, onsoňam kär na...namysymy, aý, garaz, şoňa meňzeş bir zad-a barmyş. Olar size muny düşündirmeli diýen netijä geldiler, ýöne kimiň düşündirjegini welin, pikirlene-pikirlene tapyp bilmediler. Men bolsam şol mahal penjiräň aşagynda otyrdym. Şonda özüme: «Men onuň kimdigini gaty gowy bilýän. Muny özüm ederin» diýip söz berdim. Ynha, indi düşünen bolsaňyz gerek, hanym?

— Hawa, Jimmi! Düşünme kemim galmady! Ýöne kimkä ol lukman? Ol Polliannany, hakykatdanam, aýaga galdyryp bilermi?

— Men onuň näjüre lukmandygyny bilemok. Olar muň gürrüňini etmediler. Ony lukman Çilton tanaýamyş. Özem täzelikde Pollianna ýaly düşekde ýatan birini aýaga galdyranmyş. Näme diýseňizläň, lukman Çilton bilen jenap Pendltany alada goýýan zat lukman däl-de, siz. Sebäbi hut siz lukman Çiltona Polliannany görmäge rugsat bereňzokmyşyňyz. Men aýdaýmaly zady aýtdym... Indi siz oňa bu ýere gelmäge rugsat berersiňizmi?

Hanym Polli ýuwaşlyk bilen başyny ýaýkady. Ondan esli salym ses çykmady. Ol «haş-haş» edip, demini kynlyk bilen alýardy, gözleri çygjarypdy. Öý bikesine siňe seredip duran Jimmi Biniň göwnüne, ol häzir möňňürip aglaberjek ýaly göründi. Her niçik-de bolsa, ol özüne erk etmegi başardy. Özüni dürsänsoň, hanym Polli pessaý ses bilen dillendi.

— Bolýa... men oňa... rugsat bererin. Jimmi, sen indi gaýdyber. Men lukman Worren bilen gepleşmeli... Ol ýap-ýaňy içerik girdi.

Sähel salymdanam lukman Worren geçelgede ýüzi gyzaryp hem aljyraňňylygy daş keşbinden mese-mälim görnüp duran hanym Pollini geň galmak bilen diňleýärdi.

— Lukman Worren! — diýip, ol tiz-tizden demini dürsäp gepledi. — Ýadyňyzda bolsa gerek. Bir gezek siz maslahat üçin lukman Çiltony çagyraýsak diýipdiňiz, menem şonda garşy çykypdym. Şondan bäri köp pikirlenip gezdim... Indem pikirimden dändim. Häzir lukman Çiltony çagyrsaňyz, sizden köp minnetdar bordum. Ony näçe çalt çagyrsaňyz, şonça-da gowy bolardy. Gaýrat ediň! Sag boluň!

Hanym Polli şeýle diýdi-de, lukman Worreniň ýanyndan daşlaşmak bilen boldy.

## XXXI bölüm

## Täze daýy

Lukman Worren Polliannanyň otagynyň işiginden ikilenç ätläninde, onuň yz ýany bilen içerik uzyn boýly, gerdenlek adam girdi. Şol mahal Pollianna billur şelpejikleriň petigiň ýüzünde bökjekleşýän şöhlejiklerini synlap ýatyrdy.

— Lukman Çilton! Wiý, lukman Çilton! Nädip gelip biläýdiňiz? Sizi görenime şeýlebir-şeýlebir begenýän! — diýip, gyzjagaz tolguna-tolguna gygyrdy. Onuň sesinde çäksiz şatlyk alamaty duýulýardy. Muňa duranlaryň ählisiniň gözleri çygjardy. — Ýöne... daýzam geleniňizi islemeýän bolsa...

Hanym Polli:

— Mähribanym, ähli zat ýerbe-ýer — diýip, ýegençisini köşeşdirdi. — Özüm lukman Çiltondan lukman Worren bilen bilelikde saňa seretmegi haýyş etdim.

— Özüňiz çagyran bolsaňyz, bolýa-la — diýip, gyzjagaz ýeňillik bilen dem aldy.

— Hawa, mähribanym! Özüm çagyrdym, diýjek bolýanym...

Hanym Polli sakyndy, ýöne giç boldy. Lukman Çiltonyň ýüzi ýagtylyp gidipdi, onuň uçganaklap duran gözleri öý bikesine çäksiz mähir bilen garaýardy. Birdenem olaryň nazary kaklyşdy. Hanym Polli çym-gyzyl boldy, ol yzyna öwrülip, otagy terk etdi.

Lukman Worrendir şepagat uýasy penjiräniň öňünde duruşlaryna, özara gürrüňe gyzyşdylar. Jenap Çilton gyzjagaza elini uzatdy-da:

— Pollianna! — diýip, sesini endiredip gepledi. — Görýän welin, bu gün saňa dünýädäki iň begençli zady etmek başartdy.

Ýuwaş-ýuwaşdan iňrik garalyp, Polliannanyň otagyna-da garaňkylyk aralaşyberende ökjesi ýeňläp, düýpgöter özgeren Polli daýza ýene içerik girdi. Ol Polliannanyň ýakynjagynda oturdy, agşamlyk naharyny edinmäge giden şepagat uýasynyň ýoklugyndan peýdalanybam, aç-açan gepledi.

— Pollianna, ýanyňa bir hoş habary buşlamaga geldim. Ilki bolup saňa aýdýan. Bahym lukman Çilton... seň daýyň bolar. Muňa sen sebäp bolduň. Wah, Pollianna, bilseň, men şeýlebir bagtly! Men şeýlebir begenýän!

Endigine görä çapak çalmak islän Pollianna ellerini iki tarapa uzatdy-da, bir zat ýadyna düşen ýaly, birden sakga durdy.

— Polli daýza! Polli daýza! Diýmek, siz onuň birmahallar arzuw edip ýetip bilmedik zenanyda?! Hut şeýle bolaýmaly! Hawa, şol siz bolmaly! Oň häli maňa näme sebäpden: «Görýän welin, bu gün saňa dünýädäki iň begençli zady etmek başartdy» diýenine indi düşünýän. Men şeýlebir begenýän. Häzir men hatda... hatda aýaklarymyň ysmaýanlygyna-da gynanamok.

Polli daýza hamsykdy.

— Mähribanym, belki, bir gün...

Ol sözüni soňlap bilmedi. Sebäbi ol lukman Çiltonyň kalbynda döreden umydy barada dil ýarmaga milt edip bilmedi. Emma Polli daýza oňa başga bir zady welin aýdyp berdi. Şolam Polliannany bütin durky bilen begendirmäge ýeterlik boldy.

— Pollianna, nesip bolsa, indiki hepde syýahata çykarsyň. Seni çaklaňja düşekde ýatyryp, başda ulagda, soňra bolsa otluda ençeme mil uzaklykda äpet öýi bolan ajaýyp bir lukmanyň ýanyna äkiderler. Ol seň ýaly hassalara seredýämiş. Özem jenap Çiltonyň ýakyn dostumyş. Göreli, belki, oň saňa kömegi deger...

## XXXII bölüm

## Polliannanyň haty

*«Gadyrly Polli daýza hem Tom daýy!*

*Buşluk, men ýöräp bilýän... Hawa, ýöreýän!*

*Bu gün men düşekçeden penjirä çenli ýöredim. Doly alty ädim ätdim. Gaýtadan aýak üstüne galmak nähili ajaýyp?!*

*Ädim äden mahalym lukmanlaryň ählisi daşymda halka gurap ýylgyryşýardy. Olaryň töweregine duran şepagat uýalary-ha gözlerinden boýur-boýur ýaşam dökdüler. Geçen hepde meň ýaly ýöräp başlan goňşy otagdaky hanymam bize işikden äňedýärdi. Bu tomaşa indiki hepde aýak üstüne galmagy umyt edýän başga bir hanymam goşuldy. Ol maňa göz-gulak bolýan şepagat uýasynyň düşeginde gyşaryp ýatan ýerinden ýöreýşime syn edip, çapak çalýardy. Hatda arassaçylyga jogap berýän hanym Gara Tillem penjireden boýnuny uzadyp, kä aglaýardy, käte-de agysynyň arasynda maňa «keýijegim» diýýärdi.*

*Ýöne olaryň näme sebäpden aglaýandyklaryna hiç düşünip bilmedim. Özümiň-ä aglamag-a beýlede dursun, gaýtam begenjime aýdym aýdasym, bogazyma sygdygyndan gygyrasym gelýärdi. Eý, Hudaý, men indi ýöreýän, ýöreýän ahyry! Bu ýerde on aýdan köp wagt bäri ýatanyma-a birjigem gynanamok. Esasy zat, siziň toýuňyzy görüp bildim. Wah, Polli daýza, beýle pikir diňe siziň kelläňize gelip bilerdi. Meň üçin Tom daýy bilen bu ýere ýörite gelip, gözümiň öňünde nikalaşmagyňyz ömrümdäki iň şatlykly pursat boldy. Siz dünýädäki iň gowy daýza. Siz meň üçin hemişe iň begençli zatlary oýlap tapýaňyz.*

*Bärde bahym öýe dolanyp biljekdigimi aýdýarlar. Elimden gelse, öýe çenli emgenmän pyýada ýörejek. Hakykatdanam, şeýdesim gelýär. Men indi hiç mahal ulaga münmän, diňe ýörärmikäm diýýän. Sebäbi dünýäde ýöremekden gowy zadyň ýokdugyna düşündim. Men şeýlebir begenýän! Hawa, ähli zada begenýän! Dogrusy, indi häzire çenli ýöräp bilmänime-de begenýän, sebäbi aýagym sagat bolanlygynda, hiç mahal ýöremegiň gadyryny bilmezdim. Nesip bolsa, ertir sekiz ädim ätmekçi.*

*Siziň hemmäňize menden köp dogaýy salam bolsun! Çäksiz söýgi bilen, Pollianna!».*

(Soňy).

Iňlis dilinden terjime eden
**Timar MÄMMETGURBANOWA**

